# YBADATLAR

## Dini ybadatlary berjaý etmeklige borçlanýan musulmanlaryň amallary bilen bagly hökümler

Yslam dininde kämillik ýaşyna[1] ýeten we akyly ýerinde bolan her bir musulman kişiniň amallarydyr hereketleri belli bir fykhy hökümlere esaslanýar. Fykyh ylmynyň terminolgiýasynda muňa **«Ef’al-i-mükellefin»** diýilýär. Olaram öz gezeginde ýedi topar bölünýär:

1. *Parz*
2. *Wajyp*
3. *Sünnet*
4. *Mustahap*
5. *Mubah*
6. *Haram*
7. *Mekruh*

Ýokarda sanalan amallaryň başky *dördüsi* hökmany suratda berjaý edilmeli diýlip hasaplanýar. «*Mubah*» bolan işleriň amal edilmegi ýa-da terk edilmegi her kişiniň öz erkindedir. *Soňky iki* amal bolsa, *bütinleý gadagan edilipdir*. Şerigat taýdan islendik bir amalyň buýrulmagyna «buýruk», gadagan edilmegine bolsa «nehiý» diýlip atlandyrylýar. Ilkinji nobatda, fykyh kitaplarynda köp duş gelýän adalgalara düşündiriş bermek has ýerlikli bolar diýip hasap edýäris.

**Parz**

«Parz» Arap sözi bolup, «Bir zady kesgitlemek, takyklamak, böleklere bölmek, ülüş» diýen manylary aňladýar. Fykyh ylmynda bolsa, hökman berjaý edilmeli we anyk delillere esaslanýan dini buýruklardyr borçlary aňladýar. Mysal üçin, namaz okamak, remezan aýynda oraza tutmak we zekat bermek parzdyr. Parzlar iki topara bölünýär: **Parz-y-aýn** we **parz-y-kifaýe**

**Parz-y-aýn**: Her bir musulmanyň hut özüniň ýerine ýetirmeli borçlarydyr. Bu borçlar musulmanlaryň arasyndan biriniň berjaý etmegi bilen beýlekileriň jogapkärçiliginden aýrylmaýar. Mysal üçin, namaz we oraza her bir musulman bendesiniň hökmany berjaý etmeli dini borjudyr.

**Parz-y-kifaýe:** Her bir musulmanyň hut özüniň ýerine ýetirmegi hökmany bolmadyk, käbir musulmanlaryň berjaý etmegi bilen beýleki musulmanlaryň jogapkärçiliginden aýrylýan amallarydyr. Şu topary girýän parzlary eger hiç kim berjaý etmese, her kim deň derejede günäkär we jogapkär bolar. Meselem: musulman kişiniň jynaza namazynyň käbir musulmanlar tarapyndan okalmagy bilen parz amala aşýar. Ýagny jogapkärçilik beýleki musulmanlaryň boýnundan aýrylýar. Emma bir bendäniň jynaza namazyny hiç kim okamasa welin, onda musulmanlaryň bary günäkär bolýar. Parz-y-kifaýäniň sogaby diňe ony berjaý edene degişlidir.

**Parzyň hökümi**

[1] Yslam alymlarynyň aýtmagyna görä, gyzlarda 9-15, oglanlarda 12-15 ýaş aralygy kämillik ýaşy hasap edilýär.

Parz berjaý edilse, sogaby uludyr. Ony esasly sebäpsiz terk edýän dünýäde hoşbagt bolmaz, ruhy jebirden gutulmaz. Ahyretde-de agyr azaba duçar ediler. Parzy inkär etmek musulmany dinden çykarýar.

**Wajyp**

Arap dilinde: «Pugta, zerur, möhüm gerek bolan närse» diýen manylary berýär. Fykyh ylymynda bolsa, fykyhçy ulamalaryň esasy köplüginiň pikirine görä, parz bilen manydaşdyr. Hanefi alymlary diniň buýruklaryny «parz» we «wajyp» diýen iki topara bölýär. Hanefileriň garaýşyna görä, ýerine ýetirilmeginiň hökmanydygyny subud edýän delilleri edil parzyňky ýaly açyk we güýçli bolmadyk borçlara «wajyp» diýilýär. Şeýle-de bolsa, wajyplaram edil parzlar ýaly, hökman ýerine ýetirilmeli borçlardyr. Hut şonuň üçinem wajyba «amaly parz» hem diýilýär. Mysal üçin, gurbanlyk çalmak, witr we baýram namazlaryny okamak wajypdyr.

**Wajybyň hökümi**

Wajybyň hökümi-de parzyň hökümine barabardyr. Başgaça aýtsak, amal edilse, sogap gazanylar, edilmese ahyretde azaba duçar ediler. Emma ygtykat taýdan wajyp bilen parzyň arasynda şeýle tapawut bar: Wajyby inkär eden kişi dinden çykmaýar, ýöne diniň buýrugyny inkär etmek bilen bidgata baş goşandygy üçin uly günä gazanýar. Wajyby ýatdan çykaran ýa-da bilkastlaýyn terk eden kişi onuň kazasyny almaga borçludyr. Mysal üçin, wagtynda okalmadyk witr namazynyň kazasy alynýar.

**Sünnet**

Arap dilinde: «Ýol» diýen manyny aňladýar. Fykyh ylmynda bolsa, Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) parz we wajyp amallardan başga hut özüniň berjaý eden we berjaý edilmegini maslahat beren edim-gylymlaryna aýdylýar. Öýle namazynyň sünnetini okamak, azan aýtmak ýaly ybadat görnüşindäki sünnetlere «*Sünneti-huda*», pygamberimiz Muhammet aleýhissalamyň nahary sag eli bilen iýmegi ýaly, mübärek edim-gylymlaryna degişli bolan amallara-da «*Sünneti-zewaid*» diýilýär.

Sünnet ikä bölünýär: **müekket sünnet, gaýry-müekket sünnet.**

**Müekket sünnet:** Pygamberimiz Muhammet aleýhissalamyň hemişe diýen ýaly sypdyrman berjaý eden, juda seýrek ýagdaýlarda terk eden sünnetlerine aýdylýar. Gönümel manysynda alanyňda «kuwwatly sünnet» diýmegi aňladýar. Mysal üçin, ertir, öýle we agşam namazlarynyň sünnetleri müekket sünnetdir. Azan aýtmak, kamat aýtmak we jemagat bilen namaz okamak ýaly Yslam dininiň «şiary» hasaplanýan sünnetlerem müekket sünnetdir. Bulara «Sünneti-huda» hem diýilýär.

**Gaýry-müekket sünnet:** Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) ybadat etmek maksady bilen käte amal edip, käte terk eden sünnetidir. Muňa mysal hökmünde ikindi we ýassy namazlarynyň parzlaryndan öň okalýan sünnet namazlaryny belläp geçmek bolar. Pygamberimiz Muhammet aleýhissalamyň iýip-içişi, geýnişi, köpçülikde özüni alyp barşy ýaly gündelik edim-gylymlary we «adaby-muaşeret» bilen bagly hereketleri hem gaýry-müekket sünnetdir. Bulara «Sünneti-zewaid» hem diýilýär.

Sünnetiň hem edil parzda bolşy ýaly «aýn» we «kifaye» derejeleri bolýar. Mysal üçin, oraza aýynyň soňky on güni itikaf ybadatyny berjaý etmek, jemagat bilen tarawa namazyny okamak, tarawa namazynda Kurany hatym çykmak «sünneti-kifaýedir». Jemagat bilen parz namazlaryny okamak bolsa, «Sünneti-aýndyr».

**Sünnetiň hökümi**

Müekket sünneti berjaý eden kişi uly sogap gazanar. Bilkastlaýyn ýa-da ýaltanyp terk eden kişä azap ýogam bolsa, Muhammet aleýhissalamyň şepagatyndan mahrum edilmek howpy abanýar. Beýle hereketi üçin onuň Pygamber Serwerimiz (s.a.w) tarapyndan ýazgarylyp, länetlenilmegi adalatly jezadyr. Bu sünneti üýtgetmek ýa-da inkär etmek – bidgatdyr, zalalatdyr.
Gaýry-müekket sünnet berjaý edilse, örän ýagşy bolar, sogap gazanylar. Sünnete uýulmagyň netijesinde iýip-içmek, ýatmak, turmak, geýinmek ýaly gündelik berjaý edilýän adaty işler we amallar ybadat hökmünde kabul ediler. Şeýlelikde gündelik endige öwrülen işler hasam bereketlenip, Muhammet aleýhissalamyň şepagatyny gazandyrýan serişdä öwrüler, bu bolsa adama ruhy taýdan güýç-kuwwat berer. Çünki sünnetiň iň bir ýönekeýjesi bolanynda-da, oňa ähmiýet berilen mahaly Pygamber Serwerimizi (s.a.w) hakydaňa getirer, ruhuňy galkyndyrar. Sünnetiň bu ikinji görnüşi terk edilen ýagdaýynda kişi günäkär bolmaz, aýyplanmazam, ýöne ýokarda agzalyp geçilen uly sogaby elden gidermek we sünnetiň bereketinden binesip galmak ýagdaýynyň bardygyny hem ýatladyp geçmelidiris.

**Mubah**

Berjaý edip etmezlikde dini taýdan hiç hili gadagançylygy bolmadyk, ýagny mükellef kişä islänini berjaý edip etmezlige ygtyýar berilýän amallar. Mysal üçin, iýmek, içmek, ýatmak, oturmak we ş.m işler mubah hasaplanýar, bu işleri etseň sogabam bolmaýar, günäsem. Şeýle-de bolsa, musulman kişi Muhammet aleýhissalama bolan hormatyny saklamak üçin, gündelik adaty işlerini-de onuň sünnetine laýyk şekilde berjaý etmäge çalyşsa, onda ol ýene sünnetiň sogabyny gazanar.
**«Halal»** diýlip, dini taýdan doly rugsat berilen, hiç hili gadagan edilmedik amallara ýa-da zatlara aýdylýar. Halalyňam kir-kimir ýokmadyk, tämiz we arassa görnüşine «*Taýýib*» diýilýär. Haýsydyr bir zat «taýýib» bolanynda halal bolýar, emma bir zat halal bolany bilen «taýýib» bolman bilýär.

**Mustahap**

Arap dilinde «eý görülýän zat» diýen manyny berýär. Fykyh ylmynda bolsa, Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) kämahal berjaý edip, kämahal terk eden amallaryna aýdylýar. Mysal üçin, Guşluk (Duha) namazyny okamak mustahapdyr. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) mustahap amallary gowy görüpdir, olary köp berjaý edipdir. Selefi-salihin[2] hem Pygamberimiziň (s.a.w) göreldesine eýerip, mustahap amallara köp ýykgyn edipdir, beýleki musulmanlary-da bu amaly berjaý etmäge höweslendiripdir. Mustahabyň hökümini gaýry-müekket sünnet bilen deň görýänlerem ýok däl. Şeýle-de ony «nepil», «mendub», «edep» diýip atlandyrýanlaram bar.
Galyberse, «oňat görülen ýagşy gylyk» bolandygy üçin, mustahabyň ýerine «edep» sözi köp ulanylypdyr. «Edep» köplük sanda «A:da:b» diýlip ulanylýar.

**Mustahabyň hökümi**

Mustahap amal berjaý edilende sogaby bar. Berjaý edilmese, günä ýok, diňe şeýle sogaby elden gidermek ýagdaýy bar.

**Haram**

[2] Yslamyň ýoluna eýeriji başky üç nesil: sahabiler, tabygynlar (sahabileri görenler) we tebe-i-tabygynlar (tabygynlary görenler)

Yslam dininde amal edilmegi anyk görnüşde gadagan edilen zatlara «haram» diýilýär. Mysal üçin, serhoş ediji spirtli içgileri içmek, humar oýunlaryny oýnamak, zyna etmek, adam öldürmek, gybat etmek, töhmet ýöňkemek ýaly zatlar haramdyr.

Haýsy hem bolsa bir zat ýa-da amal eger onuň özünde bar bolan bir zyýany, erbetligi zerarly haram edilen bolsa, onda muňa «**haram-li aýnihi**» («Gönüden-göni haram») diýilýär. Mysal üçin, doňuz eti we serhoş ediji spirtli içgiler ýaly zatlar.

Asyl özünde bar bolan erbetlik zerarly däl-de, eýe bolnanynda ýa-da gazanylanda bikanun ýola baş goşulandygy üçin, ýagny daşky täsirleriň netijesinde haram edilen zada «**haram-li gaýrihi**» («Bir zadyň üsti bilen haram bolmak») diýilýär. Mysal üçin, ogurlanyp alnan çöregi iýmek ýa-da ogurlap pul gazanmak haramdyr.

**Haramyň hökümi**

Haramy terk eden kişi uly sogap gazanar. Takwalyk mertebesine çykar. Haramy terk etmek parzdyr. Ýekeje parzyň berjaý edilmegi juda köp sünnetiň berjaý edilmeginden has sogaplydyr. Günäleriň her hili emel ulanyp bize aralaşmaga çalyşýan zamanasynda haramdan ýüz öwren kişi parzy berjaý eden ýaly uly sogap gazanar. Şeýlelik bilen, haramçylykdan, günä işlerden ýüz öwren kişi näçe haram işi terk eden bolsa, şonça-da wajyp amaly berjaý etdigi bolar, şonça-da sogap gazanar. Has dogrusy, ýagşy niýet etmek, takwalygy ileri tutmak we günälärden gaça durmak ýaly işler kişä uly sogap gazandyrar.

Haram işe ulaşan ýagdaýynda ynsanyň kalby bozulýar, wyždany göýdügýär, imany kemelýär, ruhy yza çekýär we ybadata bolan höwesi gaçýar. Munuň üstesine ahyret azaby-da urna bolýar. Haramdygy şeksiz bolan bir zady halal hasaplan kişi, Alla gorasyn, imandan daş düşer.

**Mekruh:**

«Mekruh» arapçada «halanmaýan, ýakymsyz we hapa görülýän zat» diýen manyny berýär. Fykyhda bolsa, amal edilmezligi ýagşy görlen amallara aýdylýar. Mysal üçin, täret ýa-da gusul alanyňda suwy isrip etmek, erkek kişiniň baş açyk namaz okamagy we ş.m zatlar mekruhdyr.

Mekruh iki topara bölünýär: «**Tahrimen mekruh**» we «**Tenzihen mekruh**»

**Tahrimen-mekruh:** Harama ýakyn mekruha aýdylýar. Mysal üçin, täret alanyň mahalyň suwy gereginden aşa ulanyp, isrip etmek.

**Tenzihen-mekruh:** Halala ýakyn mekruhdyr. Mysal üçin, sag eliň bilen sümgürinmek.

**Mekruhyň hökümi:**

Tahrimen-mekruhy terk eden kişi sogap gazanar. Onuň bilen amal etse, ahyret azabyna duçar bolmagy ahmal. Ýagny harama has ýakyn bolan mekruh bilen amal eden kişi ahyretde soraga çekiler we azaba duçar ediler diýlip hasaplanýar. Tenzihen-mekruh bilen amal edene ahyretde azap ýok, ýöne ony terk edene sogap bar. Mekruhlary halal bilen deň derejede görmek dogry dälem bolsa, bu ynsany dinden çykarmaz. «Mekruh» sözi fykyh kitaplarynda «tenzihan» ýa-da «tahrimen» diýen toparlara bölünmän agzalýan bolsa, bu ýerde «tahrimen-mekruh» göz öňünde tutulýar.

**Fasid**

Berjaý edilip başlanan haýsydyr bir ybadatyň bozulmagyna sebäp bolýan zada aýdylýar. Sebäpsiz ýagdaýda bilgeşleýin fasid amala baş goşýan kişi günä gazanar. Fasid amaly bilgeşleýin berjaý eden kişä ahyretde sorag boljak, emma bilmän edilen ýagdaýynda sorag ýokdur. Muňa mysal edip namaz okap duran adamyň gülmegini aýdyp bolar. Ybadat meselesi babatynda fasid bilen batylyň hökümi birdir.

**Sahih**

Ähli rükünlerine[3] we şertlerine[4] laýyklykda birkemsiz berjaý edilen ybadata ýa-da amala aýdylýar. Mysal üçin, parz we wajyplaryna doly uýlup okalan namaz sahihdir. Ýagny dürsdür.

**Jaýyz**

Ýerine ýetirilmegi gadagan edilmedik zatlara aýdylýar. Ol käte «sahih», kate bolsa «mubah» sözüniň ýerine ulanylýar. Käbir işler bolýar, olar dünýewi hökümi taýdan sahih bolsa-da, ahyret hökümi taýdan jaýyz bolmaýar. Mysal üçin, juma namazy erkek kişä parz bolany üçin, juma namazynyň azany okalanda söwda-satyk işi bilen meşgullanmak jaýyz däldir. Söwda-satyk sahihdir, dürs işdir, emma juma namazy okalanda söwda-satyk bilen meşgullanmagyň ahyretde jogapkärçiligi bardygy sebäpli ol jaýyz däldir.

**Batyl**

Rükünleriniň ýa-da şertleriniň ählisi ýa käbiri kem bolan ybadatdyr amala aýdylýar. Mysal üçin, täret alman namaz okamak batyldyr. Batyl sahihiň antonimidir.

## TÄRET

### Tämizligiň görnüşleri

Dinimizde tämizlik iki görnüşde bolýar. Birinjisine, maddy taýdan arassaçylygy aňlatmak üçin «Nejasatdan[5] arassalanmak», ikinjisine bolsa, ruhy päkligi aňlatmak üçin «Hadesden [6] arassalanmak» diýilýär. Fykyh kitaplarynda gönüden-göni «Tämizlik» sözi ulanylman, onuň ýerine ýokarda agzalan tämizligiň iki görnüşini-de özünje jemleýän «Täret» sözi ulanylypdyr. Fykyh kitaplarynda göz öňünde tutulýan tämizlik ybadat bilen bagly tämizlikdir. Bu manydaky tämizlik käbir ybadatlaryň berjaý edilmeginiň hökmany şerti hasaplanypdyr.

### Dinimizde tämizlige ähmiýet berlişi

Ýeri geleninde şuny hem belläp geçmek gerek, Yslam dininde tämizlik meselesi diňe ybadatlar bilen çäklendirilmeýär. Wagtly-wagtyna suwa düşmek, dişiňi arassalamak, üsti-başyňa timar bermek we hatda hoşboý ysly atyr sepinmek ýaly amallar Yslam dininde gowy görülýär. Kurany Kerimde tämizlige ähmiýet berýän Kuba şäheriniň ýaşaýjylaryna taryplaýjy sözler aýdylýar. Toba süresiniň 108-nji aýatynda şeýle diýilýär: «*Ol ýerde (maddy we ruhy) hapaçylyklardan päklenmegi söýýän kişiler bar*». Hz. Enes (r.a) Allahyň Resulynyň (s.a.w) Kubanyň ýaşaýjylaryna: «*Allah siziň arassaçylygyňyz hakda öwgüli sözler aýdýar. Munuň sebäbi näme?*» diýip soranynda

---

[3] Ybadatyň içindäki parzlara «rükün» diýilýär. Mysal üçin, ruku we sejde namazyň içindäki parzlardyr.

[4] Ybadatyň daşyndaky parzlara «şert» diýilýär. Mysal üçin, täret almak namazyň şertidir.

[5] Adamlaryň we käbir jandarlaryň bedeninden bölünip çykýan hapalara we serhoş ediji içgiler ýaly hapa hasaplanýan käbir beýleki zatlara «nejasat» diýilýär.

[6] Täretsizlik ýa-da jünüplik zerarly kişiniň ruhy taýdan hapa hasap edilmegine aýdylýar.

olaryň: *«Biz synja alanymyzda kesek bilen suwy birikdirýäris (Başda kesek bilen arassalap, soňundan suw bilen ýuwýarys)»* diýip jogap berendigini rowaýat edýär. Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) «*Tämizlik imanyň ýarysydyr*» diýen hadysy hem bize Yslam dininde tämizlige nähili ähmiýet berilýändigini görkezýär. Musulman kişi nejasat hem hades taýdan arassalanman Allaha ybadat etmäge dursa, ybadaty kabul bolmaýar. Elbetde, Allatagala tämiz bendelerini söýýär we Oňa diňe tämiz beden hem kalp bilen el açmak bolýar.

**Täretiň parzlary**

Täret almak Allaha ybadat etmegiň ilkinji şertleriniň biri bolany üçin, olam ybadat hasaplanýar.

Hanefi mezhebine görä, täretiň parzlary dörtdür. Bu parzlar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda täret bolmaýar:

1. *Ýüzüňi ýuwmak.*
2. *Elleriňi tirsekleriň bilen ýuwmak.*
3. *Kelläniň dörtden bir bölegine öl eliň bilen mesh etmek* (sypamak).
4. *Aýaklaryňy topuklaryň bilen ýuwmak*

Täretiň bu dört parzy Kurany Kerimde şeýle beýan edilýär: *«Eý, iman getirenler! Namaz (okamak) üçin turanyňyzda, ýüzüňizi we tirsegiňize çenli elleriňizi ýuwuň, kelläňize mesh ediň we topugyňyza çenli aýaklaryňyzy ýuwuň!»* (Mäide süresi, 5/6)

Şapygy mezhebine görä, niýet etmek we täret almaga degişli agzalary tertibine laýyklykda ýuwmak hem parzdyr.

**Täret bilen baglanyşykly käbir meseleler**

Hanefi mezhebine görä, täretsiz kişiniň (parz ýa nepil namazy bolsun, tapawudy ýok) namaz okamak, tiläwet[7] sejdesini etmek ýa-da Kurany Kerimi ýüzünden okamak üçin täret almagy parzdyr. Käbäni togap etmek üçin täret almak bolsa wajypdyr. Her parz namazy üçin aýratyn täret almak[8]; tewsir, hadys ýaly ylymlary öwredýän dini kitaplary okamak üçin täret almak; ýatmakaň ýa-da ukudan oýanynyňdan soň täret almak; gusuldan öň täret almak; jünüplik[9] ýagdaýynda iýip-içjek, ýatjak ýa-da ýene jynsy gatnaşyk etjek bolsaň täret almak – mendubdyr. Şeýle-de gaharyňy ýatyrmak üçin täret almak; azan, kamat aýtmak üçin, hutbe okamak üçin täret almak; Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) guburyna zyýarat edilende täretli bolmak; haj parzy berjaý edilende Arafatda wakfa (durmak) etmek üçin, Sapa bilen Merwe aralygynda saý etmek (ylgamak) üçin täret almak we ýalan sözlemek ýaly günä iş edeniňde täret almak – mendubdyr. Sebäbi ýagşy amallar erbet işleri öçürýär.

Şapygy mezhebi täretiň mendub hasaplanýan ýagdaýlary babatda hanefi mezhebi bilen birmeňzeş pikirde hem bolsa, hajamat (gan aldyrmak) etdireniňde, burnuň gananda, otda bişen nahary ýa-da düýe etini iýeniňde, täretiň bozalmagy bilen bagly şübhe döräninde, gonamçylyga zyýarat edeniňde, merhumy götereniňde täret almagy mustahap hasaplaýar.

**Zenanlar öýünden başga ýerde täret alsa bolýarmy?**

---

[7] Tiläwet sejdesi – Kurany Kerimiň 14 ýerindäki sejde aýatynyň haýsy hem bolsa birini okan adamyň ýerine ýetirmeli sejdesi

[8] Hezreti Enes şeýle rowaýat edýär: «Pygamberimiz (s.a.w) her namaz üçin aýratyn täret alýardy» (Buhary, wudu 54)

[9] Jynsy gatnaşykda bolmak, oýadagyna ýa-da ukudadygyna garamazdan iniň hapalanmagy.

Zenanlar öýünden başga ýerde-de täret alyp bilýär. Bu ýerde esasy bir zada, ýagny täret alnan mahaly awrat ýerleriniň erkek kişi tarapyndan görülmezligine üns bermeli. Diýmek, zenan maşgala uýat agzalaryny örtmek şerti bilen ýörite täret almak üçin niýetlen ýerlerde täret alyp bilýär.

**Zenanlar başaçyk ýagdaýda täret alsa bolýarmy?**

Aýal-gyzlaryň täret alýan mahaly başyny örtüp örtmezligi şol ýerde nätanyş erkek kişiniň (nämähremiň) bolup bolmazlygyna baglydyr. Ýagny zenan maşgala keseki erkek adamyň (nämähremiň) ýok ýerinde başaçyk ýagdaýda täret alyp bilýär. Emma täret alýan ýerinde keseki erkek adam bar bolsa we täret alara-da başga ýer tapylmasa, onda beýle ýagdaýda uýat ýerlerini nämährem adama görkezmän täret almalydyr. Sebäbi aýal maşgala täret alýan mahaly uýat ýerini nämähreme görkezmek jaýyz däldir.

**Zenan maşgala başyny açsa täreti bozulýarmy?**

Täreti bozýan zatlar belli. Şolaryň arasynda zenan maşgalanyň başy açylanda täreti bozulýandygy barada hiç zat aýdylmaýar. Diýmek zenan maşgala öýünde täret alanynda-da, öýünden daşarda bir ýerde täret alanynda-da başyny açany bilen täreti bozulmaýar.

**Hyna täretiň ýa-da gusulyň dürslügine päsgel berýärmi?**

Haýsydyr bir agzaňy hyna boýanyňda şol ýerde diňe onuň reňki galýar. Hyna suwuň derä ýa-da dyrnaga degmegine päsgel bermeýär. Şonuň üçinem hyna täreti bozmaýar.

**Boýalan saç bilen täret ýa-da gusul dürs bolýarmy?**

Saç boýamak üçin ulanylýan boýagyň aýratynlygy doly öwrenilmeli. Mysal üçin, eger boýag saçyň düýbüni kesmekledýän bolsa we saçyň düýbüne suwuň barmagyna päsgel berýän bolsa, onda täretiň we gusulyň dürslügine zyýany ýetýär. Çünki täretde täret almaga degişli agzalaryňy, gusul alanyňda bolsa endamyň ähli ýerini gury ýer galdyrman ýuwmak parzdyr.

**Dyrnaga çalynýan lak ýa-da dodak boýagy täretiň we gusulyň dürslügine päsgel berýärmi?**

Täretde we gusulda iň esasy zat ýuwulmaly agzalara suwuň degmegidir. Suwuň degmegine päsgel berýän islendik zat täretem, gusulam bozýar. Dyrnagyňa lak çalanyňda ýa-da dodagyňy boýanyňda suw dyrnaga hem dodaga degmeýär, şonuň üçin täretem, gusulam bolmaýar. Lak ýa-da dodak boýagy ýaly teniň ýüzünde gatlak emele getirýän serişdeleri ulanýan zenanlar täret we gusul almazdan öňürti şol boýag maddalaryny hökman ýuwup aýyrmaly.

Şuňa meňzeş ýagdaýlarda, umuman, şeýle düzgünden ugur almak bolar: suwuň derä degmägine päsgel berýän maddalaryň ählisi täretiň hem-de gusulyň dürslügine päsgel berýär. Diýmek, kosmetik serişdeleriň ählisine bu nukdaýnazardan çemeleşilmelidir.

**Aýal maşgalanyň teniniň bir ýeri erkek adamyň tenine degen mahaly täreti bozulýarmy?**

Şapygy mezhebine görä, biri-birine nikasy düşýän aýala maşgala bilen erkek adamyň tenleriniň örtgüsiz ýerleri bilmän ýa-da bilip degen ýagdaýynda ikisiniňem täreti bozulýar. Eger-de aýal maşgalanyň teniniň bir ýerine onuň mähremleri, ýagny maşgala agzalanaryň biri – atasy, süýtdeş dogany ýa jigisi – degen ýagdaýynda ikisiniňem täreti bozulmaýar. Bu ýerde degilen ýeriň örtgüsiz bolmak şertiniň

bardygyny ýatdan çykarmaly däldir. Dyrnaga ýa-da saça degilen ýagdaýynda täret bozulmaýar, edil şonuň ýaly-da awtobus ýaly umumy ýerlerde eginbaşly teniň degmegi hem täretiň dürslügine päsgel bermeýär.
Hanefi mezhebine görä bolsa, aýal maşgalanyň teniniň bir ýeri erkek adamyň tenine degse täreti bozulmaýar. Eger-de olaryň bir şapygy, beýlekisi hanefi mezhebine eýerýän bolsa, şapygy mezhebine uýýanyň täreti bozulýar. Hanefi mezhebine görä, diňe ýalaňaç bolup, biri-biriňe öte gysmyljyran ýagdaýyňda täret bozulýar. Hanefi mezhebine uýýan erkek kişi bilen aýal maşgala biri-biriniň tenine her näçe degeni bilen täreti bozulmaýanam bolsa, şapygy mezhebine görä olaryň täreti bozulýandygy üçin ätiýajy elden bermeli däldir we, mümkinçilik bar bolsa, olaryň ikisem täret almaly, beýtmek takwalyga has laýykdyr.

**Zenanlarda duş gelýän ak nemjagaz täreti bozýarmy?**

Fykhy çeşmelerden mälim bolşy ýaly, öňden ýa-da arkadan çykan islendik zat täreti bozýar. Ýöne bu ýerde-de kadadan çykma ýagdaýlaryň bolup bilýändigini ýatdan çykarmaly däl. Muňa mysal hökmünde aýal maşgalanyň jyns agzasyndan bölünip çykýan ak nemjagazy agzap bolar. Fykhy çeşmelerde oňa «*rutubetül-ferj*» diýip at berilýär we ol adamyň endamyndan çykýan der bilen meziýiniň[10] arasyndaky bir zada çalym edýän «ak suwuklyk» diýip düşündirilýär.
Aýal maşgalanyň jyns synasynyň içki böleginden (ýatgydan) gelýän suwuklygyň nejis (hapa) bolýandygy hakda hemme fykyhçy alymlaryň pikiri birmeňzeş. Zenanyň jyns synasynyň daşky böleginden syzýan nemjagaz bolsa, alymlaryň esasy köplüginiň pikirine görä arassadyr. Ýanjap diýen ýaly berilýän sowallaryň biri hem ine şu suwuklyk hakdadyr. «Jyns synasynyň daşky bölegi» diýmek bilen gusul we synja alnanynda (hajathanada) ýuwulýan ýerler göz öňünde tutulýar. Ymam Ebu Ýusup bilen Muhammede görä bolsa, ak nemjagaz nejasat ýerden (jyns synadan) çykýandygy üçin bütinleý nejisdir (hapadyr). Emma bu mesele hakdaky umumy garaýşa görä, ol tämizdir.
Fykyhçy alymlaryň esasy köplüginiň pikirine görä, zenanlaryň jyns agzasyndan çykýan (ýatgydan çykmazlyk şerti bilen) ak nemjagaz tämizdir. Bedenden syzyp çykýan tämiz maddalar täreti bozmaýandygy üçin, bu suwuklygam täreti bozmaýar. Ol özüniň hökümi boýunça adamyň bedeninden çykýan der, sümük, gözýaş, tüýkülik ýaly tämiz suwuklyklar bilen deň hasap edilýär. Muňa garamazdan, ak nemjagazyň ýatgydan (jynsy hyjuwyň oýanmagy netijesinde) gelip gelmeýändigini, şeýle-de iriň barlygyny ýa ýoklugyny anyk bilmeli. Eger jynsy hyjuwyň oýanmagy netijesinde çygjarma dörän bolsa ýa-da iriň pisint suwuklyk gelýän bolsa, onda ol hapadyr we täret bozulýar. Muny käbir ýagdaýlarda ysyndan ýa-da reňkinden kesgitlemek bolar. Eger nähili suwuklykdygy barada şübhe edilýän bolsa, zerurlyk ýüze çykany üçin, lukmana ýüz tutmak maslahat berilýär. Çygjarmanyň sebäbini doly anyklap bilmedik zenanlar uly alada galyp was-was boljak bolsalar, onda olar was-waslyga erkini aldyrman hem-de meseläni çylşyrymlaşdyrman ak nemjagazy tämiz hasaplap bilerler we özlerini täretli ýaly alyp bararlar. Çünki Yslam ýeňillikler dinidir. Was-waslyk bolsa ynsanyň ganym duşmany bolan şeýtanyň iň uly ýaraglarynyň biridir. Gelýän

[10] Erkek kişiniň jyns agzasyndan peşewden öň gelýän döle meňzeş suwuklyk.

suwuklygy hapa (nejis) hasap edýän zenanlar her namazda täret almaga mümkinçilikleri bar bolsa, was-was bolmazlyk şerti bilen, Ymam Ebu Ýusup bilen Muhammediň garaýşyna gol berip täret alsalar ýagşy bolar. Sebäbi, herhal, ätiýajy elden bermezlik has dogrudyr.

**Zenanlaryň pamyk ulanmagynyň hökümi näme?**

Durmuşa çykmadyk gyz maşgalanyň aýbaşy (haýyz) döwründe, durmuşa çykan zenanlaryň bolsa hemme wagt pamyk ulanmagy mustahapdyr. Durmuşa çykan zenanlaryň aýbaşy döwründe pamyk ulanmagyny «sünnet» hasaplaýanlaram bar. Galyberse, pamygy enelik synasynyň içine doly dykmak bolmaýar. Sebäbi beýtmek saglyga zyýanlydyr, saglyga zyýanly bolan islen zat hem mekruh hasaplanýar. Pamugy daşyndan sähelçe içerik dykyp goýulýar. Durmuşa çykan bolsun çykmadyk bolsun – zenanlara pamyk ulanmazdan namaz okamak jaýyzdyr.

Uzurlylyk (istihaza)[11] gany gelýän zenanlaryň pamyk ulanýan mahaly gan pamygyň daşyna ýaýrasa-da hiç hili alada galar ýaly ýagdaý ýokdur. Täret bozulmaýar. Sebäbi ol uzurly ýagdaýdaky adama degişli hökümler bilen amal edýär. Uzurly bolmadyk ýagdaýynda käýarym hapa suwuklyk görýän zenanlar pamyk ulanýan bolsalar, şol hapa suwuklyk (nejasat) pamygyň daşyna ýaýramasa, onda olaryň täreti bozulmaýar. Pamygyň daşyna ýaýrasa, täreti bozulýar. Şeýle-de pamyk ulanylda arassa pagta pamygynyň özüni däl-de, lukmançylyk pamygydyr hasasyny ulanmak maslahat berilýär. Sebäbi arassa pagta pamygy içerde galsa, çiş döräp bilýär. Saglyga zyýanly bolan islendik zat din tarapyndanam zyýanly hasaplanýar.

**Täret alanyňda dyrnagyň arasyna hökman suw barmalymy?**

Dyrnak adamyň hamy ýaly hasaplanýar. Şonuň  üçinem täret alanyňda dyrnagyň arasyna suw barmagy hökman däldir.

**Endamyňda tatuirowka bar bolsa täretiň dürslügine päsgel berýärmi?**

Endamyňa tatuirowka suratyny çekdirmek Yslam dininde jaýyz däldir. Ýöne başda bilmän çekdirip, soň ýalňyşyna düşünen kişi her edip hesip edip ony aýyrtmaga çalyşmaly. Ylaýta-da, haç ýaly dine ters gelýän batyl simwollar ýa-da ahlak taýdan bozuklygy ündeýän ýalaňaç zenan suratlar çekilen bolsa, ony hökman aýyrtmaly. Her näçe jan etse-de, aýryp bilmeýän bolsa, onda o bendäniň çyn ýürekden toba-istigfar etmekden başga alajy ýokdur, ýagny amanat hökmünde berlen bedeni ters ýolda ulanandygy üçin Alladan günäsiniň geçilmegini dilemelidir.

Tatuirowkanyň täretiň dürslügine zelel bermegi barada aýdanymyzda bolsa, tatuirowka hamyň aşagyna reňk beriji maddanyň sanjym arkaly ýerleşdirilmegi bilen çekilýär, şonuň üçinem hamyň ýüzüne suw barýar. Diýmek, täretiň we gusulyň dürslügine päsgel bermeýär.

**Bäbegiň arlygyny çalyşýan zenanyň täreti bozulýarmy?**

Täreti bozýan ýagdaýlar, adatça, kişiniň hut özi bilen bagly bolýar. Daşky täsirleriň netijesinde eşiginiň ýa-da beden agzasynyň bir ýerine nejasat degen kişiniň täreti bozulmaýar. Emma o kişi namaz okamakçy bolsa, onda namazyň dürslügine päsgel berýän mukdardaky nejasaty arassalaman namaz okap bilmeýär, okasa-da namazy batyl bolýar.

---

[11] Aýbaşy we çile döwründen başga günlerde gelýän gana aýdylýar.

Bäbegiň arlygyny ýa-da hapa balagyny çalyşýan kişiniň bir ýerine nejasat degen ýagdaýynda, şol nejasaty arassalamak onuň üçin wajyp bolýar. Ýöne täreti bozulmaýar.

**Bäbegiň peşewi ýa-da gaýtarýan gusugy nejis hasaplanýarmy?**

Hanefilere görä, bäbegiň agyz dolusy gusugy we peşewi nejis hasaplanýar. Kişiniň eşigine ýa-da beden agzasynyň bir ýerine peşew degen bolsa, bu nejasat suwuklyk görnüşinde bolany üçin eliň aýasynyň içinden köp ýere ýaýran mukdaryny arassalanmaly. Suwuklyk görnüşdäki nejasat eliň aýasynyň içinden az ýere ýaýran bolsa, onda ol nejasat namazyň dürslügine päsgel bermeýär.

Eger-de gusuk suwuklyk görnüşinde bolsa, onda onuňam hökümi peşewiňki bilen deňdir. Eger nejasat gaty görnüşde bolup, 3 gramdan az bolsa, namazyň dürslügine päsgel bermeýär. Gaty nejasatyň 3 gramdan artygy hökman arassalanmaly. Arassalanmasa, namaz dürs bolmaýar.

Hanefi mezhebiniň alymlarynyň bu mesele babatda getirýän delili peşew we gusuk hakda gelip ýeten hadyslaryň umumylyk häsiýetde bolmagydyr. Mysal üçin, peşew barada Pygamber Serwerimiz (s.a.w): «*Peşewden ägä boluň, çünki gabyr azabynyň köpüsi şol sebäplidir»* diýipdir. Bu hadysda çaganyň peşewi barada aýratyn hiç zat aýdylmandyr. Agyz doldurylyp gaýtarylmadyk gusuk bolsa, ýeňil nejasat [12] hasaplanypdyr. Sebäbi gusugyň az mukdarda bolmagy onuň aşgazandan gaýtmandygyny görkezýär.

**Çagasyny emdirýän enäniň täreti bozulýarmy?**

Kişiniň täretiniň bozulmagy üçin onuň öňki ýa-da yzky täret ýerlerinden peşew, tezek, gan, mezi ýa-da nähilidir bir suwuklyk çykmaly, ýa bolmasa-da, bedeniň haýsydyr bir ýerinden gan, iriň ýaly suwuklyklar çykmaly. Aýalyň göwsünden akýan süýt bolsa, tüýkülik ýaly tämiz hasaplanýar we täreti bozmaýar.

**Perugyň üstünden mesh etmek bolýarmy?**

Peruk hakyky saçyň ornuny tutmaýar. Peruk ýara ýapylan melhem ýa-da ýaraly agzanyň üstündäki sargy ýaly däl. Şonuň üçinem perugyň üstünden mesh etmek täretiň parzlaryndan biri bolan kelläniň dörtden bir bölegini mesh etmegiň ornuny tutmaýar. Täret alanyňda perugy çykaryp, kelläňi mesh etmeli.

**Zenanlara joraplaryny çykarmak kynçylyk döredýän bolsa, jorabyň üstünden mesh etse bolýarmy?**

Aýaga geýlen jorabyň mesi hasap edilmeginiň şertleri bar:

1. *Aýaga geýlen mesi azyndan 3 mil (5 km töweregi) ýol ýörelende ýyrtylmajak derejede berk bolmaly.*
2. *Mesi bagjyksyz ýagdaýda dik durup biljek derejede galyň bolmaly.*
3. *Mesi üstüne degen suwy bada-bat sorup, aýagy ölläp biljek derejede ýuka bolmaly däl.*
4. *Mesi aýagyňy topuklaryň bilen bile tutuş örtmeli. Topukdan gysga mesileriň, mysal üçin botinka, şypbyk ýaly köwüşleriň üstünden mesh etmek bolmaýar.*

Zenanlaryň geýýän joraplary mesiniň üstünden mesh etmegiň düzgünlerine laýyk gelmeýär. Şonuň üçinem jorabyň üstünden mesh etmegi jaýyz däldir.

[12] Namazyň dürslügine päsgel berýän nejasatlaryň agyr nejasat we ýeňil nejasat diýilýän görnüşleri bolýar.

## GUSUL

### Gusulyň parzlary

Gusul: «Bedeniň ähli ýerini tämiz suw bilen ýöriteläp ýuwmak» diýlip düşündirilipdir[13]. Mäide süresiniň 6-nji aýatynda: «Eger jünüp (ini hapa) bolsaňyz gowy edip ýuwunyň (gusul alyň)» (Mäide 5/6) diýen mukaddes sözler bilen gusul täretini almak parz kylynypdyr.

Hadesden arassalanmak hasap edilen gusul täretiniň hanefi mezhebine görä parzy üçdür:

1. *Mazmaza (Agzyňy üç gezek çaýkamak)*
2. *Istinşak (Burnuňy üç gezek suw çekip arassalamak)*
3. *Bedeniň ähli ýerini barmak basar ýaly gury ýer galdyrman ýuwmak.*

Şapygy mezhebine görä hem gusulyň parzy üçdür:

1. Niýet etmek.
2. Bedendäki nejasaty ýuwup aýyrmak.
3. Bedeniň ähli ýerini suw bilen ýuwmak.

Hanefi mezhebine görä, gusulyň parzy hasaplanýan «mazmaza» bilen «istinşak» şapygy mezhebinde sünnet hasaplanýar. Şapygy mezhebinde gusulyň parzy hasaplanýan «niýet» bolsa, hanefi mezhebinde sünnetdir.

Gusul täretiniň jünüplikden soň adamyň bedeninde döreýän ýadawlygydyr gowuşgynsyzlygy aradan aýyrmak, bedeniň kuwwatlanmagyny gazanmak, gan aýlanyşyny sazlamak we kişini ybadata taýynlyk görmäge itermek ýaly beden hem ruh saglygy taýdan köp peýdasy bar. Munuň bilen bir hatarda heniz üsti açylmadyk köp peýdaly taraplarynyň bolup biljekdigini hem ýatdan çykarmaly däldir.

### Nädip gusul almaly?

Gusul alanyňda, ilkibaşda, üstüňden suw akydynmaly. Göbegiň içini, awrat ýerleriňi ýuwmaly, soňra namazyň täreti ýaly täret almaly. Onsaň bedeniň her agzasyny owkalap ýuwmaly. Gusul alnanda endamyňa öl degmegi ýeterligem bolsa, suwy gereginden artyk ulanmak jaýyz däldir. Şonuň üçinem hammamda üstüňden suw pürkdürip däl-de, aýratyn bir çelege suw alyp gusul täretini almak maslahat berilýär. Pürkgüçli desgada ýuwunmak isleýänler suwy haýalrak akytmaly. Galyberse, gusul alnanda endamyňy owkalap ýuwmagyň möhümdigini hem aýratyn nygtamak gerek. Sebäbi *mäliki mezhebinde* gusul täretinde endamyňy owkalap ýuwmak parzdyr. Hanefi mezhebinde parz dälem bolsa, mälikilerde şeýle garaýşyň barlygy üçin bizem bu meselä ähmiýet bermän bilmeris.

### Gusul alnanda saçy çözmelimi?

Zenanyň saçy örülgi bolup, çözmegem kyn düşýän bolsa, onda saçyň düýbüne suwuň barmagy ýeterlik hasaplanypdyr. Zenana kynçylyk döretmez ýaly, oňa saçyny çözmezlige rugsat berilýär. Ýöne saçy örülgi bolany üçin, saçynyň düýbüne suw barmaýan bolsa, onda saçyny hökman çözmeli. Eger aýal maşgalanyň saçy örülmedik bolsa, onda saçynyň hemme ýerini ýuwmak parzdyr. Erkek adamyň saçy örülgem bolsa, gusul alanda hökman çözmeli. Sebäbi uzyn saç aýal adamyň görküdir, onuň tebigatyna mahsus aýratynlykdyr. Erkek adam üçin bolsa saç görkem däl, onuň

---

[13] Ymam Buhuti «Keşşafu-l k’ina’ani-l ik’na»

tebigatyna mahsus aýratynlygam däl. Şapygy mezhebiniň alymlarynyňam bu mesele babatyndaky pikiri birmeňzeşdir.
Zenanyň kellesinde ýara ýa-da şuňa meňzeş hassalyk ýagdaýy bar bolsa we kellesini ýuwanynda saglygyna zyýan ýetjek bolsa, onda kellesini diňe mesh etse bolýar.

**Gusul alanyňda gulakhalka deşigini ýuwmalymy?**

Gulakhalkany gulagyňdan aýran bolsaň, onda gulakhalka deşigine suw barmaly. Ýagny gulakhalka deşiginiň üstünden suw akyp geçse we eliň bilen sähelçe oýkalasaň ýeterlik. Çöp ýa-da iňňe sokmak gerek däl. Sebäbi beýtmek ýagdaýyň kynlaşdyrmagyna getirýär. Gulakhalka deşigine suwuň doly baryp barmazlygy meselesinde bolsa, esasanam, göwne jaýlap ýuwlan bolsa, ýeterlik hasap edilýär. Gulakhalka deşigi ýapylyp bitişen bolsa, ýuwmagyň hajaty ýokdur.

**Jünüplik ýagdaýynda dyrnak alsa bolýarmy?**

Jünüplik ýagdaýynda dyrnagyňy almak haram däldir, şerigat boýunça-da beýle gadagançylyk ýokdur. Emma Ymam Gazaly hezretleri adamyň o dünýädäki täzeden direlişi beden taýdan (haşry-jismany) bolup geçjekdigi hem-de bu dünýäde onuň bedeninden gopan her bir bölejigiň o dünýäde gaýtadan ýerine dakyljakdygy sebäpli jünüplikde gylyňy ýolmagyň mekruhdygyny aýdýar. Megerem şeýle ýagdaýlar göz öňünde tutulandygy üçin käbir fykyh kitaplarynda jünüp kişiniň gyllaryny syrmagy mekruh hasaplanan bolsa gerek.
Galyberse, goltuk we çatalba çöpürini syrmak, dyrnagyňy kesmek ýaly arassaçylyk çärelerini 40 günden gijikdirmek *tahrimen-mekruhdyr* (harama ýakyn mekruhdyr). Şonuň üçinem eger bu agzalaryň arassalanmanyna 40 günden köp wagt bolmadyk bolsa, onda aýbaşy, çile we jünüplik ýagdaýynda bedenden hiç zat goparylmasa ýagşy bolar. Eger-de kyrk günden köp wagt geçen bolsa, onda «zeleliňem ýeňili ýagşy» diýen kadadan ugur alyp, şeýle arassaçylyk çärelerini geçirse bolar.
Zenanlara bili gelmänkä arassamaly ýerlerini barlamak we bili gelmezden şol ýerleri arassalamak maslahat berilýär. Mysal üçin, dyrnaklary ösen bolsa, eger kesjek bolsalar, aýbaşy başlamaka kesseler gowy bolar.

**Ginekologiýa barlagyndan geçen zenan gusul almalymy?**

Öňki ýa-da yzky täret ýerine barmak ýa başga bir zat sokulan ýagdaýynda kişiniň gusul täreti bozulmaýar. Barmak erkek adamyňkam, aýalyňkam bolanda, tapawudy ýok. Ýöne jynsy gatnaşyga bolan höwesi oýarmak üçin, enelik synasyna barmak sokulan bolsa, onda hökman gusul almaly. Mundan başga-da, eger-de enelik synasyna plastik jisim sokulan ýagdaýynda zenan maşgala aýyş alýan bolsa, onda ol gusul täretini almaly. Aýyş almaýan bolsa, gusul hökman däl. Şonuň üçinem zenanlaryň enelik synalaryny ginekologa barladýan mahaly jynsy gatnaşyga bolan höwesi oýanýan bolsa, onda olar hökman gusul almaly, şol höwes oýanmaýan bolsa, onda gusul gerek däl. Lukman aýalam bolsa, erkegem bolsa, hökümi birmeňzeşdir.

**Gusul almankaň iýip-içmek jaýyzmy?**

Jünüplik ýagdaýynda gusul alman iýip-içmek isleýän kişiniň täret almagy mendupdyr. Täret alyp bilmeýän bolsa, iň bolmanda, elini ýuwup, agzyny çaýkamaly. Şeýtmese, mekruh iş etdigi bolar. Aýbaşysy görnen zenan maşgalalar üçin beýle höküm ýogam bolsa, olara-da, iň bolmanda, ellerini ýuwmak maslahat berilýär.

Galyberse, adaty wagtlarda-da naharyň öňünden we soňundan eliňi ýuwmak sünnetdir.

## TEÝEMMÜM

### Teýemmüm aýatynyň inmegi

Suw tapylmadyk ýa-da suwdan peýdalanmak mümkin bolmadyk ýagdaýlarda täret ýa-da gusul almaly bolsa, onda arassa topraga ýa-da toprak jynsynda bolan zatlara teýemmüm edilýär.

Teýemmüm hijretiň bäşinji ýylynda parz edilipdir. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) Medinä hijretiniň bäşinji ýylynda meret aýynyň başynda huzaa taýpasynyň beni-mustalyk urugyna garşy alyp baran söweşinde müň adamlyk goşun bilen suwsyz ýerde düşlemeli bolupdyr. Şonda ertir namazyny okamak üçin täret alara suw tapylmandyr. Ine, onsaň ir säher bilen Mäide süresiniň 6-njy aýaty inipdir: *«Eger syrkaw (hassa) ýa-da saparda bolsaňyz, ýa-da siziň biriňiz hajathanadan gelen bolsaňyz, ýa-da aýallaryňyza ýanaşan bolsaňyz we (gusul alar ýaly) suw tapmasaňyz, arassa toprak bilen teýemmüm ediň. Onuň bilen ýüzüňizi we elleriňizi mesh ediň. Allah size kynçylyk döretmek islemeýär, emma sizi (günälerden) päklemek we (diniň hökümlerini beýan edip) Öz nygmatyny size doly bermek isleýär. (Bular) siziň (Alla) şükür etmegiňiz üçindir»*. Bu habara sahabalar begenipdirler we teýemmüm alyp ertir namazyny okapdyrlar. Şunlukda suwuň hakykatda ýa-da höküm babatda ýoklugy bilen bagly ýagdaýlarda musulmanlar üçin ýeňillik döredilipdir.

Hadyslaryň birinde bolsa, Pygamber Serwerimiz (s.a.w) şeýle diýýär: *«Arassa toprak, on ýyllap suw tapyp bilmese-de, mömininiň täretidir»*[14]. Bu mesele bilen baglanyşykly ýene bir hadysda şeýle diýilýär: *«Ýer ýüzi meniň üçin mesjit edildi we tämiz kylyndy. Şonuň üçin nirede bolsam bolaýyn, namazyň wagty giren bolsa, (suw tapylmasa), teýemmüm alaryn we namazymy okaryn»*[15].

Arassa topraga ýa-da toprak jynsynda bolan zatlara teýemmüm edip bolýandygy bilen hemme alymlar ylalaşýarlar, ýagny bu meselede *ijma* bar. Çünki aýatda we hadysda geçýän «الصعيد» sözi ýer ýüzi diýen manyny aňladýar. Diýmek, arassa çäge, toýun, mermer, kerpiç ýaly ýer jynsynda bolan zatlar bilen teýemmüm almak bolýar.

### Gusul alyp bilmeýän kişi teýemmüm alsa bolýarmy?

Isle täret alanda, isle jünüplikden, aýbaşydan we çileden arassalananda, eger suw tapylmasa ýa-da tapylsa-da syrkawlyk, janyňa howp abanmak, haýsydyr bir haýwandan ýa adamdan ätiýaç etmek, ýuwunmak üçin oňaýsyzlyk ýaly ýagdaýlar zerarly şol suwdan peýdalanyp bilmejek bolsaň, onda arassa toprakly ýer ýa-da toprak jynsynda bir zat tapyp, şonuň bilen teýemmüm almaly. Teýemmüm alynýan ýer hökman arassa bolmaly. Dersli toprakda, hapalanyp guran ýerde teýemmüm almaly däl. Eger suw bar bolup, ol diňe täret almaga ýetjek bolsa, ýagny täret alsaň içere suw galmajak bolsa, onda-da teýemmüm alsa bolýar. Çünki beýle ýagdaýda janyňa howp abanmagy ahmal. Şapygy we hanbaly mezhepleriniň alymlarynyň pikirine görä, bedeninde nejasat bar bolan kişi şony arassalamak üçin suw tapyp bilmeýän bolsa, suwy bar bolaýanynda-da ony ölmezödilik üçin saklaýan bolsa ýa-da

[14] Tirmizi, taharet 125
[15] Haýsemi, Bugýetul-Bahis, 2/876

nämedir bir zadyň janyna howp salmagyndan ätiýaç edýän bolsa, onda teýemmüm alyp namaz okap bilýär. Şapygylaryň garaýşyna görä, soňundan şol namaz täzeden okalmaly.

**Teýemmümiň parzlary**

Teýemmümiň iki parzy bar:

1. *Elleri bir sapar topraga ýa-da toprak jynsynda bolan zatlara urup, ýüzüňe mesh etmek.*
2. *Ýene-de täzeden elleri bir sapar topraga ýa-da toprak jynsynda bolan zatlara urup, tirsekleriň bilen birlikde iki eli mesh etmek.*

Bu iki parzdan başga-da teýemmümiň dürs bolmagynyň käbir şertleri bar. Şol şertleri gysgaça sanap geçeliň:

1. *Niýet etmek*

Namaz okamaly adam namaza, gusul almaly adam gusul almaga, Kurany Kerimi okamak isleýän adam bolsa Kurany Kerimi okamaga ýörite niýet edip, teýemmüm almaly. Elleriňi topraga urmakaň niýet eden bolmaly. Niýetiňi diliň bilen gaýtalamak hökman däl, kalbyňdan niýet etmek ýeterlikdir.

2. *Teýemmüm almaga mejbur edýän sebäpler*

Şu ýagdaýlarda teýemmüm almaga rugsat berilýär: suw tapylmasa, tapylanynda-da ulanarlyk ýagdaýda däl bolsa, azyndan 1 mil (1600 metr töweregi) aralykdan suwuň tapylmasa, suw bar bolup, ony ulanmaga gurbuň çatmasa, janyňa howp abanýan bolsa, lukmanyň maslahaty esasynda suw ulanmagyň zyýany bar bolsa, suwsuzlykdan ýaňa ölüm howpy abanýan bolsa, diňe içmäge ýetjek agyz suwy bar bolsa, jynaza ýa-da baýram namazlaryny sypdyraryn öýdüp gorkýan bolsaň.

Täret alan ýagdaýynda juma namazyna ýetişmejigine gözi ýetip duran kişä teýemmüm almaga rugsat berilmeýär. Çünki juma namazynyň ýerine öýle namazyny okap bolýar. Suw tapmaga umudy bolan kişi namazyň çykýan wagtyna çenli teýemmümi gijikdirmeli. Eger suw tapmasa, teýemmüm alyp namaz okamaly. Eger başdan suw tapmaga umudy ýok bolsa, teýemmümi gijikdirmek dogry däldir.

3. *Teýemmümiň toýun, çagyl, çäge, mermer, kerpiç ýaly ýer jynsynda bolan tämiz zatlar bilen berjaý edilmeli.*

Teýemmüm alyp bolýan ýerler şular:

I. Üsti hapalanmadyk toprak. Çäge, çagyl, gips we ohra (gyzyl ýa sary reňkli tebigy mineral boýag) ýaly ýer jynsynda bolan zatlar.
II. Daş jynsynda bolan mermer, bişen laýdan ýasalan çerepisa, kerpiç, lagyl, zümerret, hrizolit, tamdyry gyzdyrmak üçin ulanylýan ot daşy, sink, merjen daşy we şuňa meňzeş mineral daşlaryň ählisi.
III. Yzgarlam bolsa, üstünde ot ýakylanam bolsa, toprak ýa-da esasy bölegi toprakdan ybarat bolan maddalar. Ot ýakylan ýeriň tutuş külden ybarat bolmadyk topragy. Ýarysy ýa-da ýarysyndan köp bölegi toprak ýa-da toprak jynsynda bolan garyndy.
IV. Daş duzy.
V. Laý bilen suwalan diwar.

Ýokarda sanalan närseler toprak we toprak jynsynda bolanlygy sebäpli olaryň üstünde tozandyr kirşeň bolmagy hökman däldir. Toprak jynsynda bolmadyk zatlar bilen teýemmüm almak üçin bolsa, olaryň üstüne tozan ýa-da kirşeň siňen bolmaly. Ýagny ellän mahalyň eliňe tozan ýokmaly.

Laý bilen teýemmüm alyp bolmaýar. Ýöne Ebu Hanifäniň (ymam Agzamyň) pikirine görä, namazyň wagty geçjek bolsa, laýyňam topragy suwundan artyk bolsa, onda laý bilenem teýemmüm alsa bolýar.

Guma garyşyp ýatandygy üçin magdan görnüşinde bolan altyn, kümüş we mis ýaly maddalar bilen teýemmüm alyp bolýar.

Ymam Ebu Ýusup bilen ymam Şapyga görä, teýemmüm diňe toprak bilen alynýar. Ymam Mälige görä toprak we çäge bilen, şeýle-de ot, agaç we gar bilenem teýemmüm almak jaýyzdyr. Ahmet ibn Hanbalyň garaýşyna görä, teýemmümi diňe ýanmadyk hem-de özgeden zor bilen alynmadyk çaňly, tämiz toprak bilen berjaý edip bolýar, çäge we beýleki zatlar bilen teýemmüm alyp bolmaýar.

Agaçdyr ot-çöpüň ýanyp gutaranyndan soň galýan küli bilen; demir, altyn, kümüş ýaly eretmek arkaly dürli galyba salyp bolýan maddalar bilen; dür, aýna, mata we eginbaş bilen teýemmüm alyp bolmaýar. Sebäbi bular toprak jynsynda däl. Emma olaryň üstüne kirşen siňen bolsa, teýemmüm etmek bolar. Elläniňde eliňe kirşen ýokýan bolsa, o zada kirşen siňen hasap edilýär. Tot-tozanyň ýukajyk bolmagy teýemmümiň dürslügine päsgel bermeýär. Tozdyr kirşen toprak jynsyndan hasaplanýar.

Eger diwar atlaz bilen örtülgi ýa-da ýagly reňke boýalgy bolsa, şeýle-de boýaga gum goşulmadyk bolsa ýa-da goşulanam bolaýanynda boýagyň ýarysyndan az bolsa, onda beýle diwara teýemmüm edip bolmaz. Diwar heklenen bolsa, oňa teýemmüm etmek bolar.

Edil şonuň ýaly-da, bişen laýdan ýasalýan faýans önümlerine teýemmüm edileninde eger şol faýanslar toprak jynsynda bolmadyk maddalar bilen örtülgi bolsa, onda teýemmüm jaýyz däldir.

Ýorgan, odeýal, ýorgandaş we şuňa meňzeş zatlar bilen teýemmüm edilmeýär. Çünki olaryň üstüne eliňi goýanyňda eliň tozan bolmaýar.

4. *Mesh edilmeli agzalary doly mesh etmeli.*

Teýemmümde ýüz mesh edilende elleri topraga urup, ýüzüň tutuş hemme ýerini mesh etmeli. Ýagny sakgal bilen gulak aralygyndaky açyk ýer, gaş bilen gözüň aralygy, burun deşikleri; şeýle-de tirsekleriň bilen birlikde iki el doly mesh edilmeli. Ýüz bilen eliň köp bölegini mesh etmegem jaýyzdyr. Mesh edilmän galan ýer ol agzanyň, mysal üçin, ýüzüň dörtden bir böleginden artyk däl bolsa, onda olam (ýagny agzanyň dörtden üç bölegini mesh etmek) jaýyzdyr. Elleriňi topraga goýan mahalyň barmaklaryň arasy açylýar, ýüzükdir bilezikler ýerinden gozgalýar. Emma käbir ýagdaýlarda barmaklaryň arasyny açyp bilmeseň ýa-da ýüzükdir bileziginiňi ýerinden gozgap bilmeseň, onda agzanyň azyndan dörtden üç bölegini mesh etmek şerti ýerine ýetendigi üçin, teýemmüm dürs bolýar. Teýemmümde el bilen ýüz mesh edilende bu agzalara tozanyň degmegi hökman däldir. Esasy zat eliň bilen ýüzüň hemme ýerine mesh eden bolmaly.

5. *Teýemmümde mesh edeniňde tutuş eliň aýasy bilen ýa-da köp bölegi bilen etmek.*

Başgaça aýdanyňda, teýemmümde iki barmagyň bilen ýüzüňi we eliňi mesh etmek bolmaýar.

6. *Teýemmümi eliň aýasy bilen we toprak jynsynda bolan zatlara iki sapar urmak bilen berjaý etmek*

Topraga urmak diýleninde eliň aýasyny topraga degirmek göz öňünde tutulýar. Eger-de teýemmüme niýet eden adam ýykylýan diwaryň golaýyna baryp dursa we ýüzidir ellerini çaň bassa, onda olam teýemmüm etdigi bolýar. Başgaça aýdanyňda, teýemmümde eliň hökman topraga urmaly diýen şert ýok.

*«Teýemmüm iki gezek urmakdyr. Birinji gezek uranyňda ýüz mesh edilýär, ikinji gezek uranyňda tirsekleriňe çenli iki el mesh edilýär»*[16] hadysy-şerifde geçýän «urmak» sözi teýemmüm edýänleriň umumy ýagdaýyny göz öňünde janlandyrmak üçin aýdylypdyr. Şonuň üçinem bu hadysda geçýän «urmak» sözüni delil tutunyp, iki eli topraga hökman urmaly diýen netijäni çykarmak dogry däldir.

Şol bir topraga iki adam bir wagtda teýemmüm edip bilýär. Başga biriniň teýemmüm almagy bilen toprak hapalanmaýar.

7. *Teýemmüm alýan wagtyň täreti bozýan ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygy.*

Mysal üçin, burnuň ganap durka ýa-da istibra[17] doly tamamlanmanka teýemmüm almak bolmaz. Bular tamamlanyndan soň teýemmüm almaly. Burnuň ganap duran mahaly eger namaz wagtynyň geçmegi ýaly zerurlyk ýüze çyksa, onda teýemmüm alsa bolýar.

8. *Teýemmüm edilmeli agzalarda mesh etmäge päsgel berýän zatlaryň bolmazlygy*

Teýemmüm edilmeli agzalarda guran boýag, hamyr ýaly närseleriň bolmagy teýemmümiň dürslügine päsgel berýär.

**Teýemmümiň alnyşy**

Arassa toprak ýa-da toprak jynsynda bolan zat tapylýar. Eliňdäki ýüzügiňi çykarýarsyň. Ýeňiňi çermeýärsiň. Teýemmümde ilki bilen niýet edilýär. Soňra iki el, barmaklar açyk ýagdaýda bir sapar topraga goýlup, ilki öňe, soňra yza sürtülýär. Soňra iki eliň barmaklary açyk ýagdaýda biri-birine kakylýar. Şeýdip bir gezek ýüze[18] mesh edilýär. Soňra bolsa eller täzeden, barmaklar açyk ýagdaýda, bir sapar topraga goýlup, ilki öňe, soňra yza sürtülýär. Topraga sürtülen çep eliň bilen sag eliňi, sag eliň bilen çep eliňi barmagyň uçlaryndan başlap, tirsegiňe çenli bir gezek mesh edilýär. Tirsege çenli dört barmagyň bilen eliň daşky bölegi mesh edilýär, tirsekden yza gaýdanyňda eliň aýasy bilen eliň içki bölegine mesh edilýär. Ymam Şapygy bilen ymam Mäligiň garaýşyna görä, teýemmümde mesh barmakdan başlap bilege çenli berjaý etmek ýeterlikdir. Hanbaly mezhebine görä-da, parz bolan mesh bilege çenlidir. Bilekden tirsege çenli mesh edilmegi bolsa sünnetdir.

**Zenanlar täret almaga oňaýly ýer tapmasa, teýemmüm alyp bilýärmi?**

---

[16] Ibn Ebu Şeýbe, «Musannef», 1/160 (1702)

[17] Buşugylandan soň erkek kişiniň peşew damjalarynyň doly kesilmegine garaşmagyna «Istibra» diýilýär.

[18] Ýüzüň çägine degişli ýerler şulardyr: saçyň gutarýan ýerinden eňegiň aşagyna çenli, şol ýerdenem tä gulaga çenli aralyk. Sakgal bilen gulak arasy-da ýüze degişli hasaplanýar.

Aýal maşgala şunça gözläbem täret alara oňaýly ýer tapyp bilmese ýa-da täret alan ýagdaýynda awrat ýerleri açylyp, nämährem kişilerem onuň awrat ýerlerini görjek bolsa, onda zerurlyk ýüze çykandygy sebäpli, teýemmüm almak bolýar. Sebäbi bu ýagdaýdaky zenan üçin suw hököm babatda ýok hasaplanýar.

# NAMAZ

## Namazyň ähmiýeti

Yslamyň bäş şertiniň biri bolan namaz Yslam dininde juda möhüm ybadatlaryň biri hasaplanýar. Aýal-erkek her bir musulman üçin, güýjüniň ýetdigiçe, günde bäş wagtyna namaz okamak parzdyr.

Galyberse, käbir aýaty-kerimelerden [19] görnüşine görä, namaz ybadaty adamzat taryhynyň her döwründe özboluşly görnüşe eýe bolup, geçmişde ýaşap geçen ymmatlaryň ählisine parz edilipdir. Namazyň musulman kişiniň dini hem ruhy durmuşynyň diregi bolup durýandygy jedelsizdir. Şeýle-de, ol günde bäş sapar Allatagalanyň emirine uýup, Onuň huzuryna çykmagyň başgaça atlandyrylyşydyr. Günde bäş sapar Haktagalanyň huzuryna çykýan mömin bendeler her namazda tolgundyryjy duýgulary başdan geçirmek bilen Hakyň huzuryna çykýarlar we Onuň huzuryny terk etmeli bolanlarynda, ýagny namazy tamamlanlarynda, hamana mundan soň gaýdyp namaz okap bilmejek ýaly gam-gussa batýarlar. Musulman kişä günde bäş sapar Ýaradany ýatladýan namaz bu dünýäde onuň üçin iň oňat maslahatçy, ahyretde-de iň sogaply amal bolar. Magşar güni bendäniň hasaba çekiljek amallarynyň ilkinjisiniň namazdygy[20] göz öňüne tutulan ýagdaýynda namazy dürs we birkemsiz berjaý etmegiň ähmiýeti öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Goý, Allatagala bizi namazy birkemsiz berjaý eden bendelerinden eýlesin!

## Namaz hereketlerinde aýallaryň erkeklerden tapawutlanýan ýerleri haýsylar?

Aýallar namaz okamaga niýet edeninden soň, «*Alla:hu Ekber*» diýip, tahrime (başlangyç) tekbiri alanlarynda ellerini eginleriniň deňine çenli galdyrýarlar. Kyýamda [21] ellerini göbeginiň aşagynda gowşurmaýarlar [22]. Ellerini kükreginiň üstünde gowşuryp durýarlar. Rukuwda doly egilmeýärler, başlaryny arkalary bilen göni tutmaýarlar. Dyzlaryny sähel epýärler. Ellerini dyzlarynyň üstüne goýýarlar, dyzlaryndan tutmaýarlar we barmaklarynyň arasyny açmaýarlar. Sejdä gidenlerinde tirseklerini garynlaryna degirýärler, garynlaryny bolsa butlaryny degirýärler. Kagdada[23] oturanlarynda iki aýagyny sag tarapa çykaryp, çep uýlugynyň üstünde oturýarlar. Barmaklaryny biri-birine degirýärler. Sanap geçilen bu düzgünleriň ählisi zenan maşgalanyň namazdaka uýat ýerleriniň örtülmegi we gelşiksiz ýagdaýlaryň döremezligi babatda iň oňaýly hereketler hasaplanypdyr. Galyberse-de, Ýezid ibn Ebi Hasybyň rowaýat etmegine görä, Pygamber Serwerimiz (s.a.w) bir gün namaz okap oturan iki aýala gabat gelipdir we olara şeýle diýipdir: «*Sejde edeniňizde tirsekleriňizi ýere degriň, sebäbi aýal bu babatda erkek ýaly däldir*»[24]

[19] Bakara süresi, 2/83; Ýunus süresi, 10/87
[20] Ebu Dawud «Salat», 149.
[21] Dik durmak diýmekdir.
[22] Erkek kişiler gollaryny baglanda, sag eliň başam we külbike barmaklary bilen çep eliň bilegini dolap tutýar we galan üç barmagyny bilegiň üstünde goýýar. Zenanlar sag elini çep eliniň üstünde goýýar.
[23] Namazda ikinji we dördünji rekagatdan soň oturmaga «kagda» diýilýär.
[24] Beýhaky «Süneni-Kubra», 2/315

**Aýallaryň azan we kamat aýtmagy hökmanmy?**
Azan okaýan kişiniň akyly ýerinde hem-de musulman bolmagy azanyň dürs bolmagynyň şertlerindendir. Şeýle-de adalat[25], erkek kişi bolmak we azany aýak üstünde okamak bolsa, azanyň kämil şertleri hasap edilipdir. Diýmek, aýal maşgalanyň azan ýa-da kamat aýtmagy mekruhdyr. Bu mekruhlyk ýagdaýy aýalyň belent ses bilen gygyrmagynyň uýat hasaplanyşy bilen däl-de, pitnä sebäp bolup biljekdigi bilen baglydyr. Fykyhçy alymlarymyz aýal adamyň aýdan azanyny täzeden aýtmaklygyň mustahap ýa-da wajyp bolýandygy barada dürli pikirleri öňe sürüpdirler.
**Zenan maşgala ýüzüne reňk ýa-da dyrnagyna lak çalynan bolsa, namaz okap bilýärmi?**
Ýüze reňk çalmaga ýa-da dyrnagy lak bilen boýamaga şerigatda rugsat berilip berilmeýändigi barada «Zenanlaryň bezenişi» diýen bölümde aýratyn durulyp geçilýär. Şeýle-de bolsa, ýeri geleninde aýalyň beýle ýagdaýda namaz okamagynyň hökümi barada gysgaça durup geçeliň.
Grim we lak ýaly kosmetik serişdeler täretiň we gusulyň dürs bolmagyna päsgel berip biljek derejede gatlak emele getirmedik bolsa, suw derä we dyrnaga bökdençsiz barýan bolsa, şeýle-de bu serişdeleriň düzüminde şerigat boýunça haram hasaplanýan maddalar ýok bolsa, onda beýle ýagdaýda namaz okamak bolýar.
**Zenanlaryň namazy sesli okamagy jaýyzmy?**
Hanefi mezhebine görä, jemagat bilen okalýan ertir, agşam we ýassy namazlarynda ymamyň kyragatyny[26] sesli daşyndan okamagy; öýle we ikindi namazlarynda bolsa, kyragatyny içinden okamagy namazyň wajyplaryndan hasaplanýar. Ertir, agşam we ýassy namazlary ýaly, sesli kyragat bilen okalýan namazlary özbaşyna okaýan kişä islen şekilde – daşynan ýa içinden okamaga rugsat berilýär.
Aýallaryňam sesli kyragat bilen okalýan namazlarda eger ýanlarynda nämährem erkek adam ýok bolsa, şol namazlary erkekleriň sesli okaýandygyny nazarda tutup, pessaý ses bilen daşyndan okamagy jaýyzdyr. Emma muny endige öwürmek dogry däldir.
**Namaz okap duran wagtyň gapy kakylsa, gapyny açmak üçin namazy bozmak bolýarmy?**
Namazda eger kişiniň janyna ýa-da malyna howp salyp biljek ýagdaý ýüze çyksa, onda namazy bozmaga rugsat berilipdir. Hatda käbir ýagdaýlarda namazy bozmak wajyp hem hasaplanypdyr. Ibn Abidiniň bu meselä beren düşündirişinde şeýle diýilýär: «(Adamyň janyna howp salyp bilýän) ýylany öldürmek, malyň ogurlanmak, naharyň gaýnap çogmagy, özüniň ýa-da özgäniň bir dirhemlik gymmaty bolan zadyna zyýan ýetmegi ýaly sebäpler bilen baglylykda namazy bozmak mubahdyr»[27]. Mundan başga-da, kynçylyga uçran, gark bolýan ýa-da ýanýan kimsäni halas etmek üçin namazy bozmak wajypdyr[28]. Diýmek, namaz okap durkaň gapy kakylsa ýa-da

---
[25] Fykyh ylmynda Allatagalanyň buýruklaryny berjaý edip, gadagan eden zatlaryndan daşda durýan we adamkärçilik mertebesine ýaraşýan işleri edýän kişä «adalatly» diýilýär.
[26] Kyýamdakaň Kurany Kerimden bir mukdar okamaklyga «kyragat» diýilýär. Namazda Kurandan aýat okamagyň parz mukdary azyndan üç sany gysga aýat ýa-da üç sany gysga aýat mukdaryndaky uzyn bir aýaty okamakdyr.
[27] Ibn Abidin «Haşiýetu-Ibn Abidin», 4/189
[28] Ibn Abidin «Haşiýetu-Ibn Abidin», 4/190

jaň gelse, jana we emläge howp salýan ýagdaý ýüze çykmasa, namazy bozmak jaýyz däldir.

**Aýal maşgala namaz okanynda çagasyny gujagyna alsa ýa-da arkasyna hopba etse bolýarmy?**

Aýal maşgalanyň namaz okanynda hiç hili zerurlyk ýok wagty çagasyny gujagyna almagy ýa-da arkasyna hopba etmegi mekruhdyr. Eger zerurlyk bar bolsa, çagasyny diňdirmek üçin namazda amaly-kesir[29] etmän, ony gujagyna alyp bilýär ýa-da arkasynda göterip bilýär. Çünki hadyslaryň birinde Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) öz agtygy Ümame binti Zeýnebi gujagyna alyp namaz okandygy rowaýat edilýär. Pygamber aleýhissalam sejdä gideninde agtygyny ýere goýupdyr, ýerinden turanynda bolsa ony ýene gujagyna alypdyr. Fykyhçy alymlarymyzyz köpüsi Pygamber Serwerimiz (s.a.w) zerurlyk bolanlygy sebäpli, ýa-da namaz okalanda çagany gujagyňa almagyň mekruh däldigini görkezmek üçin şeýdendir diýip pikir edýärler[30].

Gepiň keltesi, çaga seredere adam tapylmazlyk ýaly zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda namazda amaly-kesire ýol bermän, çagany gujagyňa alyp ýa-da arkaňy hopba edip namaz okamagyň mekruh däldigini aýtmak bolar. Emma çagany gujagyňa alyp namaz okanyňda amaly-kesirden saklanmak juda kyn düşjekdigi üçin, ýagdaýy tapylsa, beýdip namaz okamazlyk maslahat berilýär.

**Aýal maşgala nirede namaz okasa has ýagşy bolar?**

Pygamber Serwerimiz (s.a.w) bu mesele bilen bagly bir hadysynda şeýle diýýär: «*Zenanyň öz otagyndaky namazy iç işikdäki namazyndan has ýagşydyr. Mahdasyndaky namazy bolsa, otagyndaky namazyndan has ýagşydyr*»[31].

Bu hadysy-şerifden görnüşine görä, aýal maşgala haýa-şerim bilen baglanyşykly oňaýsyz ýagdaýyň döremejek ýerinde namaz okamalydyr. Şonuň üçinem otagda okalan namazyň iç işikdir eýwan ýaly ýerlerde okalan namazdan has haýyrly hasaplanýar. Mahdada okalan namaz bolsa, iň haýyrly namazdyr. Arap dilinde «Mahda’» sözi içki otaglaryň birinde aýallar üçin ýörite bölünip aýrylan ýeri aňladýar.

Şeýle-de, käbir hadyslarda zenanlara metjide gitmegi gadagan etmezlik ündelýänem bolsa, olaryň öýde okan namazynyň has haýyrly boljakdygy-da ýörite nygtalýar. Hadysda: «*Aýallaryňyza metjide gitmäge päsgel bermäň! Şeýle-de bolsa, öý olar üçin has haýyrlydyr*»[32] diýilýär.

Allah Resulynyň (s.a.w) bu sözlerinden şeýle many gelip çykýar: Zenanlar üçin namaz okamaga iň haýyrly ýer olaryň öýüdir. Ýeri geleninde şuny hem ýatlatmak gerek, aýal maşgalanyň öz öýünde okan namazynyň sogaby erkek adamyň metjitde jemagat bilen okan namazynyň sogabyna barabardyr. Sebäbi erkek adamlar müekket sünnet bolan jemagat bilen namaz okamaga höweslendirilýär. Aýallaryň bolsa, öýde namaz okamagy mustahap hasaplanylýar. Şeýlelikde aýalam, erkegem özi üçin has

---

[29] Daşyndan seredene «Şu-la namazdadyr» diýdirmejek derejede namazyň düzgün-tertibine ters hereketleriň köpräk edilmegine «amaly kesir» diýilýär.

[30] Ibn Abidin «Haşiýetu-Ibn Abidin», 4/187

[31] Ebu Dawud, Salat 54

[32] Ebu Dawud, Salat 53

haýyrly bolan namazy okasa ýagşy we olaryň hersiniň özüne ýetik sogaby bardyr. Allatagala namaz okaýan bendelerini asla sogapsyz goýmaz!

**Zenanlaryň jemagat bilen namaz okamagynyň hökümi nähili?**

Hanefi mezhebine görä, erkek adamlaryň jemagat bilen namaz okamagy müekket sünnetdir, aýallar üçin bolsa bu beýle däl. Pitnedir azgynçylygyň öwüç alýan zamanasynda zenanlaryň – gartaşanam bolsa ýa-da gije gitjegem bolsa – jemagat bilen namaz okamak maksady bilen adaty wagt namazlarda, ýa-da jumadyr baýram namazlarynda, ýa bolmasa-da wagyz diňlemek üçin metjide gitmegi mekruh hasaplanýar. Hanefi mezhebinde öňe sürülýän hem-de şoňa laýyklykda fetwa berilýän garaýyş şudur[33]. Emma pitne ýok wagty zenanlara metjide gitmäge rugsat berilýär.

Biziň döwrümizde bolsa, bu mesele hasam çylşyrymlaşýar. Sebäbi fykyhçy alymlarymyz pitne howpunyň ýüze çykmagyndan ätiýaç edip, zenanlaryň metjide gitmegini mekruh hasaplaýarlar. Häzirki wagtda zenanlar şeýle-de köplenç daşarda gezýär. Köçedir ýollarda, bazardyr dükanlarda häli-şindi aýal-ebtata duşmak bolýar. Beýle ýagdaýda köçä çykman, öýünde oturan zenana «Bar, metjide git!» diýmek dogry däldir. Şeýle-de iş ýa-da başga bir sebäp bilen barybir daşary çykmaly bolýan zenanlar eger metjide baryp namaz okasalar, günälerden päklenseler, wagyz-nesihatlardan ruhy iýmit alsalar, onda olaryňam edýäni ýalňyş däldir. Ýöne, her näme-de bolsa, metjide namaz okamaga gidýän aýallar gapydan girip çykanda ýa-da metjidiň içinde erkek adam bilen pete-pet gelmekden gaça durmalydyr!

**Metjide gidýän aýallar nämä üns bermeli?**

Pitneleriň giň ýaýran, fasyklaryňam köpelen döwründe aýal-gyzlaryň metjide gidip namaz okamagynyň mekruhdygyny ýokarda-da belläp geçipdik. Muňa garamazdan, eger aýallar metjide gitmek isleýän bolsalar, onda olar şu düzgünleri berk berjaý etmeli: Uýat ýerleri doly örtülgi bolmaly, katdy-kamaty mese-mälim ýüze çykyp durmaz ýaly giň köýnek geýinmeli, bezenmeli däl, atyr sepinselerem erkek adam ysyny alyp bilmejek derejede bolmaly, zenanlar üçin niýetlenen aýratyn gapydan girip çykmaly. Çünki namazda ynsan ruhy aram tapmaly. Namazda ruhuň aram tapmak üçin bolsa, namaza doly berilip okamaly, ünsüňi hiç zat bölmeli däl. Şonuň üçinem aýallar metjide girip çykanlarynda ýa-da metjitde wagty özlerini alyp baryşlaryna gaty üns bermeli.

**Jemagat bilen okalýan namazyň sogaby aýallara-da degişlimi?**

Aýallar erkek adamlar bilen bilelikde jemagat bolup namaz okasalar, jemagat sogabyny alýarlar. Emma erkekler jemagat bolup, aýallaram öýde namaz okamaga höweslendirilýändigi sebäpli aýallar üçin iň sogaply namaz öýde okalan namazdyr. Şonuň üçinem aýallar öýde namaz okasalar, erkek adamlar bilen jemagat bolup okan namazlaryndan has köp sogap gazanar.

**Aýallar erkekler bilen jemagat bolup namaz okanlarynda nähili hatara durmaly?**

Aýallar erkekler bilen jemagat bolup namaz okanlarynda ymamyň yzynda ilki erkekler, soňra ýaş çagalar, olardan soň zenanlar hatar tutup durýarlar. Eger ymama

[33] Ibn Abidin «Haşiýetu-Ibn Abidin», 3/549

uýýan ýekeje mährem zenan bar bolsa, onda ol ymamyň yzynda durýar. Beýle ýagdaýda eger ýer azlyk edýän bolsa, onda zenan maşgala ymamyň sagynda durup bilýär, ýöne hökman ymamyň aýagyndan yzda durmaly. Sebäbi jemagat bilen okalýan namazda aýakdan ugur alynýar. Jemagatdaky adamlaryň boýy ymamdan uzynam bolsa we sejde edenlerinde başlary ymamdan öňe çykýanam bolsa, namaza başlanlarynda aýaklaryny ymamyň aýagyndan yzda goýan bolsalar, onda namazlary dürs bolýar.

**Aýallar öz aralarynda jemagat bolup namaz okap bilýärmi?**

Bu meselede fykyhçy alymlaryň umumy gelen karary şeýle: zenanlar namazy özbaşyna okamaly. Tarawa namazam bolsa, zenanlaryň öz aralarynda jemagat bolup namaz okamagy harama ýakyn mekruhdyr[34]. Muňa garamazdan aýallar öz aralarynda jemagat bolup namaz okamak isleýän bolsalar, onda hiç kim öňe geçmeýär, şol bir hatarda duranlaryň biri ymam bolýar. Eger ymam bolýan zenan hatardan öňe çyksa, onda günäkär bolar[35]. Munuň şeýledigi hadysy-şerifde beýan edilýär: «*Aýallara azan, kamat, juma namazy we juma güni gusul almak hökman däl. Öz aralarynda jemagat bolup namaz okanlarynda ymam öňe çykmaýar, birinji hataryň ortasynda durýar*»[36].

**Aýallar öz aralarynda jemagat bolup tesbih namazyny okap bilýärmi?**

Ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly, aýallaryň öz aralarynda jemagat bolup namaz okamagy harama ýakyn mekruhdyr. Zenanlara namazy özbaşdak okamak buýrulýan bolsa, onda harama ýakyn mekruh işi etmek dogry däldir. Soňky wagtlar käbir aýallar jemagat bolup tesbih namazyny okaýarmyş, ymam bolup duran aýal tesbih namazynda okalýan dogalary ýatdan bilmänsoň jemagata goşulman duranlaryň biri oňa aýdyp berýärmiş we olar namazy şeýdip tamamlaýarmyş diýen gürrüňler bar. Beýtmek jaýyz däldir, sebäbi ýokarda-da agzap geçişimiz ýaly, aýallaryň öz aralarynda jemagat bolup namaz okamagy harama ýakyn mekruhdyr. Galyberse, jemagata ymam bolýan ýa-da özbaşyna namaz okaýan kişä daşyndan bir zat aýdyp berilse, namaz bozulýar.

**Aýal maşgala nämährem erkegiň arkasynda ýeke özi namaz okap bilýärmi?**

Öýde ýa aýal-gyzlaryň üýşen ýerinde erkek adamyň ýanynda ýanýoldaşydyr aýal dogany ýaly mähremlerinden biri ýok bolsa, onda ol adam aýal-gyzlara ymam bolup bilmeýär. Sebäbi ýanynda mähremi bolmadyk erkek adamyň ýanynda mähremi bolmadyk başga bir aýal bilen bile bir ýerde bolmagy mekruhdyr. Edil şonuň ýaly-da, erkek adamyň nätanyş bir aýalyň diňe özüne ymam bolup, namaz okatmagy jaýyz däldir. Emma ymamyň arkasyndaky sapda erkekler duran bolsa, onda jemagatyň yzynda zenanlar (bir sany hem bolsa) aýratynlykda ymama uýup bilýär.

**Aýal maşgala erkek adama ymam bolup bilýärmi?**

Owalbaşda, bir zady bilmek gerek, şerigat ynsan oglunyň pikir-garaýyşlaryna esaslanýan ulgam däldir. Ol ylahy, Alla tarapyn goýlan kanunlardan ybaratdyr. Muny nazara almazdan oňa çemeleşip bolmaz. Şonuň üçinem adamlar öz islegine görä, haýsydyr bir ybadaty ýa-da ybadat hereketini oýlap tapyp bilmeýär. Yslam dininiň kimdir biriniň göwnüni görmek üçin ýoýulmagy ol dini ylahylyk häsiýetinden

[34] Ibn Abidin «Haşiýetu-Ibn Abidin», 3/546.
[35] Ibn Abidin «Haşiýetu-Ibn Abidin», 3/549
[36] Beýhaky «Süneni-Kubra», 1/408

daşlaşdyryp, ynsana mahsus ulgama öwrer. Aslynda bolsa Yslam adamlary haý-höweslerinden halas edip, Haka we Hak ýoluna gönükdirmek üçin iberilen ylahy kada-kanunlaryň toplumydyr.

Şerigatyň özeninde ýatýan esasy düşünjäni ýatlap geçenimizden soň, sowal bilen bagly meselä dolanyp geleliň. Aýallar erkek adamlara ymam bolup bilmeýär. Musulmanlaryň dini durmuşlarynyň kada-kanunlaryny işläp düzen fykyh kitaplarynda bu anyk aýdylypdyr. Fykyhçy alymlaryň esasy köplüginiň pikirine görä, aýal maşgalanyň erkeklere ymam bolmagy parz, nepil – hiç bir namazda jaýyz däldir. Beýdip namaz okalan bolsa, erkekleriň namazy bozulýar, olar täzeden okamaly bolýar[37].

Hezreti Jabyr bilen hezreti Alynyň adyndan beýan edilen rowaýatda şeýle diýilýär: «*Aýal erkege ymam bolup bilmez*»[38]

**Aýal bilen erkek bir hatarda namaz okap bilýärmi?**

Jemagat bilen namaz okalanda erkekleriň, aýallaryň we çagalaryň nähili tertipde hatara durmalydygy Pygamber Serwerimiz (s.a.w) tarapyndan öwredilipdir we bu düzgün Onuň (s.a.w) öwredişi ýaly häzirki güne çenli gelip ýetipdir. Jemagat bolup namaz okalanda ymamyň yzynda ilki erkekler, soňra ýaş çagalar, olardan soň zenanlar hatar tutup durýarlar. Bu tertipde hatara durmak bilen bagly maglumatlar iň ygtybarly hadyslara esaslanýar. Olardan käbir mysallar getireliň:

Allah Resuly (s.a.w) jemagat bolup namaz okalanda ymamyň yzynda nähili hatara durulmalydygyny hut özi görkezipdir. «*Namaz okalanda meniň yzymda birinji sapda erkekler, soň olaryň yzynda durýanlar, soňra olaryň yzynda durýanlar*»[39] diýmek bilen ymamyň yzynda erkekler, soň, eger bar bolsa, çagalar, olaryňam yzyndan aýallar hatara durup namaz okamagy buýrupdyr.

Pygamber Serwerimiz (s.a.w) birküç adam bolup jemagat bilen namaz okamagyň düzgünlerini hem öwredipdir. Bu mesele bilen baglanyşykda Enes ibn Mälik (r.a) Pygamber aleýhissalamyň olaryň öýüne gelip namaz okadandygyny, namazda ýetim biri bilen ikisiniň sap bolandygyny, ejesi Ümmü Süleýmiň bolsa arkada durandygyny rowaýat edýär[40]. Ýene bir hadysda Allah Resulynyň namaz okadan mahaly arkasynda erkekleri, olaryň arkasynda çagalary, çagalaryň arkasynda bolsa aýallary sap duruzyp namaz okadandygy rowaýat edilýär[41].

**Juma namazy aýallara parzmy?**

Hanefi mezhebine görä, juma namazynyň parz bolmagynyň şertleri:

1. *Mukym*[42] *bolmaly. Ýagny saparda bolmaly däl.*
2. *Bulug (Kämillik) ýaşyna ýeten bolmaly.*
3. *Erkek adam bolmaly.*
4. *Sagdyn bolmaly. Metjide gidip bilmejek derejede hassa, uzurly bolan adamlar , ýagny gözleri kör, tapdan düşen garry adamlar, şeýle-de agyr ýagdaýdaky*

---

[37] Ibn Ruşd «Bidaýetul-Müjtehid», 1/114; Zuheýli «Al-Fikh al-Islami wa adilletu-hu», 2/175; Newewi «Al-Mejmu», 4/223.

[38] Beýhaky «Süneni-Kubra», 3/90; Ibn Ebu Şeýbe, «Musannef», 1/430.

[39] Müslim «Salat», 122; Ebu Dawud «Salat», 95.

[40] Buhary «Azan», 78; Nesaýy «Imamet», 62.

[41] Ahmet ibn Hanbal, «Müsned», 5/344.

[42] Saparda däl adama «mukym» diýilýär. Sapary bolan adama juma namazy parz däldir. Ýöne, mümkinçiligi bolan ýagdaýynda, juma namazyny öýle namazynyň ýerine okap biler.

*hassalara esewan edýän adamlar juma namazynyň ýerine öýle namazyny okap bilerler .*

5. *Azatlykda bolmaly. Ýesirlere, gullara we azatlykdan mahrum edilenlere juma namazy parz däldir. Olar juma namazynyň ýerine öýle namazyny okap bilerler.*

Biz, esasan, «erkek adam bolmaly» diýlen şertiň üstünde durup geçmegi makul bildik.

Juma namazynyň zenanlara parz däldigi fykyhçy alymlaryň pikiriniň birligi (*ijma)* tarapyndan tassyklanypdyr. Sebäbi on dört asyr bäri, garaz yslam dininiň taryhynda aýallara juma namazy parz diýlen ýeri ýok. Galyberse, bu barada açyk aýdylýan hadysam bar: «*Juma namazy jemagat bolup okamak şerti bilen her musulmanyň berjaý etmeli wajyp borjudyr. Emma şu dört kişi muňa degişli däldir: gul, aýal, çaga we syrkaw*»[43]. Munuň bilen bagly ýene bir hadysda: «*Aýallaryň juma namazy okamagy parz däldir*»[44] diýilýär. Bu hadyslardan juma namazynyň zenanlara parz däldigi gelip çykýar. **(60-nji sahypa, 15.06.2016, 14:37)**

Hanefi mezhebine görä, aýallara juma namazyny okaman, o günüň öýle namazyny öýde okamak, juma namazyny mesjitde jemagat bolup okandan has sogaplydyr. Sebäbi aýal maşgalanyň öýde namaz okamagynyň has sogaplydygyny görkezýän ygtybarly hadyslar bar. Galyberse, juma namazyny okamak üçin mesjide barýan aýallaryňam namazynyň kabul bolýandygy, olara täzeden öýle namazyny okamaga zerurlygyň ýokdugy hem hadyslarda aýdylyp geçilýär. Hanefi mezhebiniň öňdebaryjy alymlaryndan Ymam Kasany juma namazynyň aýallara parz däldiginiň hikmetleri dogrusynda söz açmak bilen, esasan, iki meseläniň üstünde durup geçýär: Birinjisi, öý işleri bilen hasam beter aýallaryň meşgullanmagy. Ikinjisi, aýallaryň erkekleriň barýan ýerinde görünmeginiň şerigat tarapyndan halanmazlygy. Elbetde, orta atylýan bu garaýyşlara-da dogry düşünmek gerek. Juma namazynyň aýallara parz bolmaýşynyň hikmetdir sebäpleri dogrusynda kelle döwýän alymlar özleriçe şuňa meňzeş düşündirişler getirýärler. Şonuň üçin «Juma namazy hut şu sebäpden aýallara parz kylynmady» diýip kesgitli aýtmak bolmaz. Gepiň keltesi, meseläniň asyl hökümini hikmetler bilen däl-de, illetler bilen baglanyşdyrmaly. Ýagny juma namazynyň aýallara parz bolmaýşynyň esasy sebäbi Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) bu mesele bilen bagly aýdanlaryndan ybaratdyr.

Yslam dini juma namazyny aýallara parz kylmandyr we olara göwün islänini etmäge rugsat beripdir. Ýagny, aýallar juma namazyny islese okabam bilýär, islemese okamanam bilýär. Şoňa laýyklykda olar kada-düzgünleri berjaý etmek şerti bilen mesjide baryp, juma namazyny okap bilýär. Juma namazyny okanlaryndan soň, olara aýratyn ýene-de öýle namazyny okamak hökman däl.

Aýal maşgalanyň juma namazyny okap okamazlyk babatda erkin hereket etmäge bolan ygtyýary onuň üçin ullakan ýeňillikdir. Sebäbi ol çaga seretmeli. Öýüň biş-düşünden başlap, arassaçylygyna çenli ähli işler onuň boýnuna. Şonuň üçinem öýden çykmak oňa kyn düşmegi ahmal. Şoňa görä-de, aýallara juma namazynyň parz däldigini bilmeli we döwrüň ýagdaýy aýal maşgalynyň daşaryk çykmagy üçin juda bir oňaýsyz däl bolsa, oňa juma namazyny okamagy gadagan etmeli däl. Galyberse,

[43] Ebu Dawud «Salat», 215.
[44] Ebu Dawud «Salat», 240.

juma namazyny okamak üçin mesjide barýan zenan maşgalalaram erkek adamlaryň nebsini odukdyrmakdan, olaryň ünsüni özüne çekmekden ätiýaç etmek üçin üsti-başlaryna, hal-hereketlerine biçak üns bermeli. Mesjitde aýal bilen erkek adamlaryň girýän gapysy aýry bolmaly. Aýal bilen erkek adamlaryň mesjide girip-çykyşyny düzgünleşdirmek işi hem, elbetde, din guramalaryň wezipesi bolup durýar. Onsoňam, binagärlik boýunça hünärmenler mesjidiň çyzgylaryny çyzanlarynda bu ýagdaýy gözden salmaly däldirler.

**Aýallar juma namazyny okaman, o günüň öýle namazyny okasa bolýarmy?**

Juma namazyny okamak diňe erkeklere parz, aýallara parz däl. Şonuň üçinem olar anna güni edil beýleki günler ýaly azan okalandan soň, öýle namazyny okasa bolýar. Şeýle-de bolsa, fykyhçy alymlar aýallaryň mesjitlerde juma namazynyň okalyp gutaranyna garaşman, ur-tut öýle namazyny okamaga durmagyny tenzihen-mekruh hasaplapdyrlar. Çünki ýolagçy ýa-da hassa bolup, juma namazyny okamaga borçly bolmadyk erkek adamlar üçin hem juma namazy okalyp gutaranyndan soňra öýle namazyny özbaşdak okamak has sogaply görülýär. Şoňa görä, aýallaram anne güni öýle azany okalandan soň birazrak garaşyp, onsaň öýle namazlaryny okamaly.

**Namazda aýal maşgalanyň örtmäge borçly bolan awrat[45] ýerleri haýsylar?**

Kurany Kerimde namaz okaýan kişä awrat ýerlerini örtmek buýrulýar. Erkek we aýallaryň awrat ýerleriniň nireler bolýandygy Pygamber Serwerimiz (s.a.w) bize öwredipdir we häzirki güne çenli hem Pygamberimiziň (s.a.w) öwredişi ýaly, berjaý edilip gelinýär. Namazda aýallaryň el we ýüzünden galan ähli ýerleri örtülmeli. Munuň şeýledigini Allah Resulynyň (s.a.w) hereketlerine esaslanýan rowaýatlar bilen bir hatarda, onuň bu mesele bilen bagly ýörite aýdan sözleri hem doly tassyklaýar. Musulmanlaryň enesi Ümmü Seleme (r.a) aýal maşgalanyň nähili geýimde namaz okamalydygyny Pygamber Serwerimizden (s.a.w) sorapdyr. Allah Resuly (s.a.w) şeýle jogap beripdir: *«Aýal (elinden we ýüzünden galan) ähli ýerini ýapýan geýim hem-de başyny doly örtýän ýapynja bilen namaz okar»*[46]. Hanefiler şu we şuňa meňzeş rowaýatlara esaslanyp, namazda zenanyň el, ýüz we aýakdan galan ýerleri ýapyk bolmaly diýip hüküm çykarýarlar. Sebäbi bedeniň bu ýerlerini örtmegiň zenana kynçylyk döredip biljekdigini aýdýarlar.

Aýagy örtmek meselesinde mezhepleriň arasynda jedel bar. Hanefi mezhebine görä, zenanlar namazda aýagyny ýapman bilýänem bolsa, beýleki mezhepleriň garaýyşlaryny göz öňünde tutup, aýaklaryny-da örtse bolýar. Sebäbi Şapygy mezhebine görä, namazda zenana aýagyny örtmek parzdyr.

**Aýallar başy açyk namaz okap bilýärmi?**

Owalbaşda, bir zady berk bellemeli. Namaz ybadatdyr. Ybadatyň ybadat derejesine çykmagy üçin, ol şerigat tarapyndan bellenilen düzgünler boýunça berjaý edilmeli. Ybadat haçan-da Allatagala emir edendigi üçin, Allatagalanyň emir eden wagtynda, Allatagalanyň emir edişi ýaly we Allatagalanyň razylygyny gazanmak niýeti bilen berjaý edilende ýagdaýynda hakyky ybadat bolýar. Şerigat tarapyndan düzgünleşdirilen kada-kanunlara uýman ýerine ýetirilen amaldyr hereketler ybadatyň ornuny tutup bilmeýär we olaryň gymmaty hem bolmaýar.

---

[45] Uýat ýerleriň örtülmegine «*setri awrat*» diýilýär.

[46] Ebu Dawud, salat 83

Şonuň üçin namaz Kurany Kerimde nähili emir edilen bolsa, Pygamber Serwerimiz (s.a.w) tarapyndan nähili öwredilen bolsa, edil bolşy ýaly üýtgedilmän berjaý edilen ýagdaýynda hakyky ybadat derejesine çykýar. Eger ynsan ogly Allanyň goýan kada-kanunlaryna özüçe üýtgeşme girizse, onda ybadatam hakyky manysyndan daşlaşýar. Şeýlelikde, ynsanam Alladan daşlaşmak bilen bolýar.
Häzirki döwürde gaýta-gaýta soralýan bu sowalyň jogabyny Pygamber Serwerimiz (s.a.w) ençeme asyrlar öň çürt-kesik aýdyp geçipdir: *«Kämillik ýaşyna ýeten zenan maşgalanyň namazy diňe başyny ýapyp okan mahaly kabul bolýar. Başy açyk okan namazy kabul bolmaz»* [47] Şonuň üçin namaz okanda aýal maşgalanyň başyny örtmelidigi alymlaryň pikiriniň birligi (ijma) tarapyndan tassyklanypdyr. Eger aýal maşgala namazyny başy açyk ýagdaýda okan bolsa, onda ony gaýtadan okamaly.

**Zenan maşgala balakly namaz okasa bolýarmy?**

Namazda aýalyň ýüz, el we topuga çenli aýaklardan başga bedeniň ähli ýeri ýapylmaly. Munuň bilen birlikde uýat ýerlerini ýapmak üçin geýýän lybasy hem özboluşly biçimde tikilen bolmaly. Köýnek juda dar ýa-da ýuka bolmaly däl. Galyberse, aýallaryň geýýän lybasy erkekleriňkä meňzemeli däl. Diýmek, balak geýiläýeninde-de ol ýuka ýa-da beden synalaryny mesaňa görkezip duran şekilde dar tikilen bolmaly däl. Muňa garamazdan, her näçe giňem tikilse, aýallar üçin niýetlenen örtünme düzgünlerine laýyk gelmeýändigi sebäpli balak geýmek mekruh hasaplanýar. Şonuň üçin aňrujy ýagdaýy bolsa, balak geýmezlige çalyşmaly.
Balak geýmäge mejbur bolan aýallaram, iň bolmanda, dyza çenli örter ýaly üstünden ýene bir geýim geýmeli. Şeýdilse diniň talaplaryna has laýyk bolar we zenanlaryň oňaýsyz ýagdaýa düşmeginiň öňi alyndygy bolar.
Uýat ýerlerini örtmek diýlende muny dar manyda düşünmeli däl. Örtünmek diňe lybas bilen çäklenmeýär. Gelin-gyzlaryň lybasy olara diňe bir beden taýdan däl-de, eýsem, ahlak taýdan hem ýaraşyk bermeli. Hut şu sebäpli olar geýinmek edebiniň kadalaryny doly berjaý etmeli. Ylaýta, namazda muňa hasam üns bermeli.
Eger namaz okamakçy bolýan aýal balagynyň üstünden geýer ýaly etekli köýnegi ýa-da dyzlaryny ýapar ýaly geýimi ýok bolsa, namazy kaza goýanyndan balakly hem bolsa, namazyny okamaly.

**Aýal maşgala namaz okanynda ýüzi perdeli bolmalymy?**

Ýokarda-da agzap belläp ýaly, namazda aýalyň ýüzi, eli we topuklaryna çenli aýagyndan başga ähli beden agzalary uýat hasaplanýar. Diýmek, el, ýüz we aýakdan galan ýerler ýapylmaly. Şonuň üçinem namaz okaýan aýala ýüzüni perde bilen örtmek hökman däl.

**Namaz wagtynyň çykmagyna az salym galanda ýa-da namaz wagty girip, aradan az salym geçeninden soň aýbaşysy görnen zenan şol namazynyň kazasyny almalymy?**

Bu mesele bilen bagly iki ýagdaý bar. Birinjisi, zenanyň *on günden az* dowam eden aýbaşysy adaty tamamlanýan wagtynda tamamlansa we islendik bir wagt namazynyň soňunda heniz namaz okarlyk wagt bar bolsa, onda şol namaz kaza alynýar. Namaz okarlyk wagt diýip gusul almaga, eginbaşyňy çalşyrmaga we tekbir getirmäge ýetjek wagt göz öňünde tutulýar.  (iki paragraf galdyryldy....)

---
[47] Ebu Dawud, salât 84

Ikinjisi, aýbaşy *on günde tamamlanyp*, namazy başlamaga tekbir getirerlik wagt bar bolsa, onda şol namazyň kazasy alynýar. Şeýle ýagdaýda aýalyň gusul almaga wagtynyň bolup bolmazlygy hökman däl. Esasy zat, azam bolsa, heniz wagtyň barlygydyr.

Ýokarda agzalyp geçilýän iki ýagdaýyň döremegine getirýän esasy sebäp şeýle düşündirilýär: Aýal maşgalanyň on günden az dowam eden aýbaşydan soň, arassalanmak maksady bilen gusula sarp edýän wagty aýbaşy döwrüne degişli hasaplanýar. Emma on gün doly dowam eden aýbaşydan soň, gusul üçin sarp edilen wagt aýbaşy döwrüne degişli hasap edilmeýär. Aýbaşynyň iň kän möhleti bolan on gün tamamlanandygy sebäpli aýal maşgala indi tämiz hasaplanýar we namazy başlamaga tekbir getirerlik wagty bar bolsa, şol namazynyň kazasyny almak oňa parz bolýar.

**Aýbaşy we çile döwürlerinde zenanlaryň namaz okamaýşy we oraza tutmaýşy**

Aýbaşyly we çileli zenanlara namaz okamak we oraza tutmak haramdyr. Zenanlara mahsus şeýle meseleler hakda Kuranyň aýatlarynda anyk hiç zat aýdylmaýanam bolsa, fykyhçy alymlar Pygamberimiziň (s.a.w) hadyslaryna salgylanyp, birentek hökümler çykarypdyrlar. Rowaýat edilýän hadyslaryň käbiri şeýle: Musulmanlaryň enesi hezreti Äşeden (r.a) gelip ýeten ygtybarly hadyslaryň birinde şeýle diýilýär: *«Ümmü Habibäniň aýbaşysynyň arasy kesilenokdy. Hiç arassalanyp bilenokdy. Bu ýagdaýda näme etmelidigini Resulullaha soradylar. Pygamberimiz (s.a.w) şeýle jogap berdi: «Ýok, bu aýbaşy däl, bu kesel. Ýagtydan gan gelýänliginiň sebäbi şol. Adaty wagtlarda aýbaşysy näçe gün dowam edýänine seretsin. Her aý şonça gün namaz okamasyn. Ondan soň her namaz üçin täret alyp, namazyny okasyn»»*[48]

Mundan başga-da, Nesaýynyň kitabynda hadysyň dowamy şeýle beýan edilýär: *«Resulullah (s.a.w) Ümmü Habibä (r.a) her aý näçe günläp aýbaşy bolýan bolsa, şonça gün namaz okaman ondan soň täret alyp namaz okamagy buýurdu. Ol her namaz üçin täret alýardy»*

Bu mesele bilen bagly rowaýatlardan ýene biri: Ümmi Seleme (r.a) şeýle gürrüň berýär: Allah Resuly (s.a.w) heniz aýatda diriki bir zenanyň aýbaşysynyň arasy kesilenokdy. Munuň hökümininiň nähili bolýandygy barada şol aýalyň adyndan Ümmü Seleme (r.a) Allah Resulyna (s.a.w) sorapdyr. Allah Resuly (s.a.w) şeýle jogap beripdir: «*Aýbaşy başlamazdan ozal bir aýyň dowamynda näçe gije-gündizläp gan gelýänine seretsin! Onsaň, her aý şonça gün namaz okamasyn. Şonça gün geçensoň, täret alsyn we (pamyk goýup) mata-marlyk bilen ýapgy edip namazyny okabersin»*[49]

Bu mesele bilen bagly musulmanlaryň enesi hezreti Äşäniň (r.a) azat eden guly Merjanäniň adyndan şeýle rowaýat beýan edilýär: *«Aýallar hezreti Äşa (r.a) matanyň arasyna goýlan (ýa-da gaba salnan) pamyk iberýärdiler. Pamykdaky aýbaşy gany sary reňkde öwüsýärdi. Beýle ýagdaýda, namaz okamylym ýa dälmi diýip soraýardylar. Hezreti Äşe (r.a): «Ak suwuklyk görünýänçe howlukmaň» diýip jogap berýärdi. Ak suwuklyk diýmek bilen aýbaşynyň kesilmegini göz öňünde tutýardy»*[50].

---

[48] Nesaýy, tahâret 153.
[49] Muwatta, tahâret 105.
[50] Buhary, haýz 19.

Ýene bir hadysda Pygamberimiz (s.a.w) aýallarda din kem bolýandygyny aýdýar we munuň sebäbini soranlarynda ol şeýle jogap berýär: *«Aýbaşy döwründe namaz okamaýarlar, oraza tutmaýarlar. Bu hem olarda dininiň kem bolýandygyny görkezýär»*[51]

Şu we şuňa meňzeş hadyslardan ugur alyp, aýallaryň aýbaşy we çile döwründe namaz okamaly däldigi we oraza tutmaly däldigi barada bir pikire gelnendir, ýagny ijma bardyr. Fykyhçy alymlaryň ählisiniň garaýşy şeýledir.

Zenanlar aýbaşy gany kesileninden soň, tutup bilmedik orazalarynyň kazasyny alýarlar, okap bilmedik namazlarynyň kazasyny welin almaýarlar. Bu mesele bilen bagly Buharyda we Müslimde şeýle hadys rowaýat edilýär: *«Hezreti Äşäniň (r.a.) aýtmagyna görä, aýallaryň biri ondan: «Zenan maşgala tämizleneninden soňra aýbaşysy gelen döwründe terk eden namazlarynyň kazasyny almaly?» diýip sorapdyr. Äşe (r.a) oňa: «Sen harurylardan-a dälsiň? Allahyň Resulynyň (s.a.w) ýanynda wagtymyz aýbaşymyz geleninde ol bize tutup bilmedik orazalarymyzyň kazasyny almagy buýrardy, okap bilmedik namazymyzyň kazasyny almagy welin buýurmazdy» diýip jogap berdi»*[52].

Aýbaşy gany kesileninden soň, okalmadyk namazlaryň kazasynyň alynmaýandygy, tutulmadyk orazalaryň bolsa kazasynyň alynýandygy fykyhçy alymlaryň birligi tarapyndan doly tassyklanypdyr. Alymlar munuň sebäbini düşündirenlerinde kaza galdyrylan namazlaryň juda köp boljakdygyny we şol namazlaryň kazasyny almagyň kyn düşjekdigini, orazanyň bolsa ýylyň dowamynda emgenmän kazasyny almaga mümkinçilik boljakdygyny aýdýarlar.

Musulmanlaryň enesi hezreti Äşeden (r.a) rowaýat edilýän ýokardaky hadysdaky «Sen harurylardan-a dälsiň?» jümlesi dogrusynda kelam agyz aýdyp geçeliň. Harura Kufäniň obalarynyň biriniň ady. Hezreti Aly halyflyk eden döwründe pitne çykaran haryjylaryň esasy bölegi Harurada ýaşapdyrlar. Hezreti Äşä (r.a) «Sen harurylardan-a dälsiň?» diýmek bilen haryjylary göz öňünde tutýar. Haryjylar aýallaryň aýbaşy döwründe terk eden namazlarynyň kazasynyň almagynyň wajypdygyna ynanypdyrlar. Megerem Hezreti Äşe (r.a) dini hökümlere özbaşdak çemeleşen kişiniň haryjylar ýaly dinden çykmagynyň ahmaldygyny ýatlatmak üçin, ol aýala şeýle diýen bolsa gerek[53].

**Zenanlaryň aýbaşy we çile döwründe terk eden namazlarynyň näme üçin kazasyny almaýarlar?**

Aýallara aýbaşy we çile döwründe şerigat tarapyndan ýeňillik döredilmeginiň, elbetde, birentek hikmetleri bardyr. Aýallaryň beden taýdan gowuşgynsyzlygy başdan geçirýän şol döwürlerinde namaz okamagyň hem-de oraz tutmagyň şerigat tarapyndan gadagan edilmegi Allatagalanyň lutfydyr, rehmetidir.

Ähli barlyk Haktagalanyň mülküdir. Allatagala öz mülkünde islänini eder. Allatagala her bir barlygy, şol sanda aýal-gyzlary hem özboluşly häsiýetde ýaradypdyr. Olara käbir sebäplere görä, tebigy aýratynlyklar bagş edipdir. Daşyndan seredeniňde jebirdir-görgüniň öýjügi ýaly bolup görünýän aýbaşynyň zenanyň fiziologiýasyda uly

---

[51] Buhary, haýz 6.
[52] Buhary, haýz 20.
[53] Aliýýu'l-Kari, Feth-u Babi'l-Inaye, 1/138

rol oýnaýandygyny lukmanlaryň bary biragyzdan tassyklaýarlar. Ynha, zenanlaryň ruhy hem beden taýdan şeýle düýpli özgerişi başdan geçirýän we süňňüne gowşaklyk aralaşýan döwründe Allatagala käbir parzlaryň olaryň jogapkärçiliginden aýrypdyr. Şol döwürde aýallar namaz we oraza ýaly parz ybadatlary berjaý etmäge borçlanmaýarlar. Aýbaşydan tämizlenip, ybadatlary berjaý edip başlanlarynda bolsa, aýbaşy döwrüni ybadat edip geçiren ýaly sogap gazanýarlar. Aýbaşy döwründe ybadaty terk etmek ýagdaýy aýaly ybadatdan sowadýar diýlip pikir edilmegi ahmal. Emma ybadaty terk etmek ýagdaýy şol bir wagtyň özünde zenanyň ybadat etmäge bolan höwesini ölçermegi-de ahmal. Şonuň üçinem fykyh kitaplarynda aýbaşyly zenanyň namaz okalýan wagty namazlygyň üstünde oturyp doga-dileg etmeginiň, tesbih çekmegini müstehapdygy we şeýtmekligiň ybadatdan sowamagyň öňüni aljakdygy aýdylýar.

Galyberse-de, aýbaşyly aýalyň täreti üznüksiz ganakma zerarly bozular, yzy kesilmeýän gandan tämizlenmek zenan üçin gürgi-güzaba öwrüler. Belki, namaz okap otyrka-da gan gelip biler, gaýta-gaýta täreti bozular. Onsoň, ol ýene ganyň kesilerine garaşyp, gaýtadan täret alyp namaz okamaly bolar. Garaz, aýbaşyly zenan okajak diýeninde-de namazy ibaly okap bilmese gerek. Birem, aýbaşy döwründe zenan maşgala «Premenstrual sindrom» atlandyrylýan ýagdaýa sezewar bolýandygy ylmy edebiýatlarda bellenilip geçilýär. Adatdakysyndan has tukatlanmak, ysgynsyzlyk, sussupeslik, huşsuzlyk, nerwleriň dartgynly ýagdaýda bolmagy, aňyň bulaşmagy – bu sindromyň ruhy alamatlary hasaplanýar. Bu sindromyň fiziki alamatlary bolsa şular: kelleagyry, garnyň çişmegi, ýürek bulanmasy, başaýlanmasy ýa-da çaşmak.

Namazyň kämil derejede dürs bolmagy üçin, onuň huşug (şowk) bilen okalmagy hökmandyr. Namazyň huşug bilen okalmagy bolsa, adamyň ruhy hem fiziki ýagdaýy bilen bagly. Aýallaryň aýbaşy döwründe başdan geçirýän ruhy hem fiziki biynjalyklygyny göz öňüne getireniň mahalyň olara aýbaşyka ybadatyň gadagan edilmeginiň sebäbi öz-özünden düşnükli bolýar duruberýär.

**Zenanlarda sapary bolmak meselesi**

Durmuşa çykmadyk gyz maşgala uzak ýola çykanda sapary hökümleri bilen amal edýär. Ýagny ýaşaýan ýerinden 90 km uzakda ýerleşýän bir ýere giden bolsa we şol ýerde 15 günden az wagt galmakçy bolsa, onda şerigat boýunça sapary (ýolagçy) hasaplanýar. Dört okaýan parz namazlaryny gysgaldyp, iki rekat edip okap bilýär. Bu bir Allanyň yhsan-keremidir.

Durmuşa çykan zenan maşgala saparda wagty adamsyna uýýar. Ýagny adamsy sapary niýeti bilen namaz okasa, olam sapary bolýar. Aýal sapary bolup, adamsy mukym (oturymly) niýeti bilen namaza okasa, onda aýalam mukym bolýar we parz namazlaryny gysgaltman okaýar. Durmuşa çykan aýal sapary wagty ýanynda adamsy ýok bolsa, onda durmuşa çykmadyk gyzlara degişli bolan sapary hökümleri bilen amal edýär.

Durmuşa çykan aýal öz ene-atasynyň öýüne gideninde 90 km ýol sökýän bolsa we şol ýerde 15 günden az wagt galmakçy bolsa, onda ol sapary hökümleri bilen amal edýär. Çünki onuň asyl ýaşaýan ýeri adamsynyň öýi hasaplanýar.

# JYNAZA

Adamoglynyň durmuş ýoly «elest bezminden» başlap, ahyret diýaryna çenli baryp ýetýär. Şeýle uzak uzak ýoluň hem birentek menzilleri bolýar. Şol menzilleriň biri hem dünýädir. Adam dünýäde uly synagy başdan geçirýär. «Dünýä» sahnasynda özüniň amallaryny orta goýýar, peýmanasy dolansoňam, «sahnadan» geçip gidýär. Aýralyk – ölüm ynsan ähliniň başynda bar zat. Şa-hu geda – her kim sanalgysy dolansoň dünýäde göçýär. Şonuň üçinem  sagadyň çot kakyşy ýaly birsyhly urup duran ýüregimiziň gürsüldisi, aslynda beýleki bir tarapdan, bize albaý bulaýan ajalyň zaryn owazasyna ogşaýar.

Ýalaňaç dünýä inen ynsan balasy edil dünýe inendäkisi ýaly ýalaňaçlanyp, ak kepene soralýar we soňky ýoluna ugradylýar. Aslynda, ynsanyň özümki diýerlik hiç zady ýok. Bu hakykat Kuranda şeýle beýan edilýär: «Eý adamlar! Baryňyz Allaha mätäçsiňiz»[54]

Haýwan ölse, ite-guşa şam bolup gidýär. Ynsan welin beýle däl. Allatagala Kurany Kerimde: «Kasam bolsun! Biz adam ogluny mertebeläp üstün kyldyk»[55] diýýär. Bu aýat bize ynsanyň nähili ýokary mertebä eýedigini aýdyň görkezýär. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) jöhitlerden biriniň soňky ýoluna alyp barýanlaryny görüp, oturan ýerinden turupdyr. Sahabalar merhumyň jöhitdigini ýaňzydypdyrlar. Şonda Pygamberimiz (s.a.w): «Olam adam dälmi eýsem?»[56] diýip jogap beripdir. Adamyň ruhy-da, bedeni-de gymmatly, hormata laýyk. Ynsan Allatagalanyň şeýle mertebeläp ýaradan mahlugy bolany üçin, bizem musulmanlar hökmünde oňa aýratyn hormat goýmaly. Gaýdyş bolan musulman bendäni ýuwup, kepenläp, jynaza namazyny okamaly, ruhuna aýat-töwir etmeli we Yslam düzgünleriniň ähliisini göwnemakul berjaý etdik hasaplanymyzdan soň ony ýere tabşyrmaly. Bu musulmanlar üçin parz-y-kifaýedir.

**Aýal jynaza namazyny okap bilýärmi?**

Gaýdyş bolan musulman kişini aýat-töwir bilen soňky ýoluna ugratmak, ýagny onuň jynazasyny okamak külli musulmanlar üçin parz-y-kifaýedir. Jynaza namazyny jemagat bolup okamak parz däl. Ýekeje erkek adam ýa-da aýal maşgala okasa-da, jynaza namazy dürs bolýar. Jynaza namazynyň rükünleri: kyýam we tekbir. Hut şonuň üçinem jynazany jemagat bolup okamak parz däl.

Jynazany diňe aýallar okasa-da parz amala aşýar. Aýallar jemagat bolubam, ýekelikde-de jynaza namazyny okap bilýär. Jynaza namazy okalanda jemagatyň arasynda aýallar bar bolsa, ymamyň aýallar üçin aýratyn niýet etmegi hökman däl.

Jynaza namazyny aýal bilen erkek egin-egine berip, ýanaşyk ýagdaýda okap bilýänem bolsa, aýallaryň erkekleriň arkasynda durmagy namazyň edebine has laýykdyr.

**Aýal öz adamsyny, adamsy hem öz aýalyny ýuwup bilýärmi?**

Meýidiň ýuwulmagy dogrusynda aýtmaly bolsa, erkegi erkek, aýaly aýal ýuwýar. Emma aýal öz adamsyny ýuwsa-da dürsdür. Meselem: hezreti Ebu Bekiri (r.a) öz wesýet edişi ýaly aýaly Esma Hatyn ýuwupdyr.

---

[54] Fatyr süresi, 35/15
[55] Isra süresi, 17/70
[56] Müslim, jenaiz 81.

Hanefi mezhebine görä, erkek öz aýalyny ýuwmaz. Eger-de aýaly ýuwmak üçin aýal tapylmasa, onda adamsy aýalyna teýemmüm etdirýär. Teýemmüm etdirende nämährem kişi ýaly, goluna letde çolamaýar we aýalyň gollaryna seretmekden ätiýaç etmeýär. Beýleki üç mezhebe görä, erkek öz aýalyny ýuwar. Olar hezreti Alynyň (r.a) hezreti Patmany ýuwmagy bilen bagly rowaýata esaslanyp şeýle höküm çykarýarlar.

**Aýal aýbaşy wagty meýidi ýuwup bilýärmi?**

Ýokarda-da nygtap geçişimiz ýaly, erkegi erkek, aýaly aýal ýuwýar. Meýidi ýuwýan kişi jünüp, aýbaşy we çileli ýagdaýda bolmaly däl. Şeýle-de ýuwýan kişi musulman bolmaly. Bu düzgünleri berjaý etmezlik mekruh hasaplanýar. Muňa garamazdan, ýuwara adam tapylmasa, ýokardaky düzgünleri bozmak jaýyzdyr. Aňrujy ýagdaý bolsa, meýidi musulman kişä ýuwdurmaly. Eger ýuwara adam tapylmasa, onda musulman däl kişä-de ýuwdurmak bolar.

**Aýala kepen nädip geýdirilýär?**

Aýal ýa erkek, tapawudy ýok, meýidi depesinden tä aýagyna çenli kepene soramak parzdyr. Aýalyň kepeni bäş gat bolýar: kamys (köýnek), izar, lifafa, leçek (bürençek) we synabent (iki goltugyndan tä dyzynyň aşagyna çenli). Kamys, izar we lifafe – erkekler üçinem bir. Aýallarda goşmaça leçek we synabent bar. Eger aýaly bäş gat kepenlemek mümkinçiligi ýok bolsa, onda diňe izar, lifafe we leçek ýeterlik. Muňa «*kepen-i-kifaýe*» diýilýär.

Aýala kepen geýdirilende, owaly bilen, saçyny örümi bilen iki bölek edip, göwsüniň üstünden aşak goýberýärler. Soňra başyna leçegi oraýarlar. Leçek oralanda ýüz ýapylmaly. Ondan soň, izara çolaýarlar. Izaryň üstünden lifafa çolanýar.

Meýidiň kepenlenmegi şeýle manyny aňladýar: kişi diri wagty uýat ýerini nähili örtýän bolsa, jaýlananda-da uýat ýeri örtülýär. Hanefi mezhebine görä, durmuşa çykan aýalyň kepen harajatyny adamsy çekmeli. Munda aýalyň baýdygyna ýa däldigine garalmaýar. Eger-da adamsy ýok bolsa, onda kepen harajaty mirasyndan berilýär. Mirasam ýok bolsa, kepen harajatyny çekmek hossarlarynyň boýnuna galýar.

**Aýalyň jynazasynda haýsy doga okalýar?**

اَللَّهُمَّ اغْفِرْ لِحَيِّنِا وَ مَيِّتِنَا وَ شَاهِدِنَا وَ غَائِبِنَا وَ صَغِيرِنَا وَ كَبِيرِنَا وَ أُنْثَانَا اَللَّهُمَّ مَنْ أَحْيَيْتَهُ مِنَّا فَأَحْيِهِ عَلَى الإِسْلَامِ وَ مَنْ تَوَفَّيْتَهُ عَلَى الْإِيمَانِ وَ خُصَّ هَذِهِ الْمَيِّتَةَ بِالرَّوْحِ وَ الرَّاحَةِ وَ الْمَغْفِرَةِ وَ الرِّضْوَانِ اَللَّهُمَّ إِنْ كَانَتْ مُحْسِنَةً فَزِدْ فِي إِحْسَانِهَا وَ إِنْ كَانَتْ مُسِيئَةً فَتَجَاوَزْ عَنْهَا وَ لَقِّهَا الْاَمْنَ وَ الْبُشْرَى وَ الْكَرَامَةَ وَ الزُّلفَى بِرَحْمَتِكَ يَا أَرْحَمَ الرَّاحِمِينَ

*«Allahym! Dirimizi-ölümizi, şu ýerde* duranlary*-şu ýerde ýoklary, ulymyzy-*kiçimizi*, erkegimizi-aýalymyzy bagyşla! Allahym! Aramyzdan ýaşamagy rowa gören bendeleriňi Yslamdan edip ýaşat, aramyzdan janymyzy aljaklaryňa iman baýlygyny ber! Şu ýerde jan berip ýatan kişä ýeňillik we rahatlyk eçil. Ony rahmetiň bilen ýalka! Ony bagyşla we ondan razy bol! Bu bende ýagşylykda ömür süren bolsa, sen onuň ýagşylygyny artdyr. Eger ýaman kişi bolup ýaşan bolsa, oňa merhemet et we ony rahmetiň bilen bagyşla! Ýa Rahman, Ýa Rahym! Bu bendäni howsala saljak wehimlerden aman kyl! Lutfy-keremiň bilen ony buşla! Oňa yhsan-keremiň bilen jogap ber. Ony özüňe ýakyn saý!»*

**Aýallar gabyrystana zyýarata baryp bilýärmi?**

Yslamyň ýaňy rowaçlanyp başlan döwürleri «Ýazgyt» ynanjy heniz musulmanlaryň aňynda doly ornaşmandy. Jahylyýet urp-adatlary heniz jemgyýetde öz güýjüni ýitirmändi. Şonuň üçinem ilki döwürler Allah Resuly (s.a.w) gabyrystana zyýarat etmäge rugsat bermedi. Emma soň welin, muňa rugsat beripdir, hatda musulmanlary gabyrystana zyýarat etmegi höweslendiripdir. *«Men sizi gabyrlara zyýarat etmegi gadagan edipdim. Indiden beýlek, size gabyrlary zyýarat etmäge rugsat bar. Sebäbi olar size ahyreti ýatladar»* [57] Galyberse, Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) uhud söweşinde wepat bolanlaryň mazaryny we «Bakî» gonamçylygyny zyýarat edip, şol ýerde jaýlanan musulmanlara doga edendigi anyk mälimdir. Meselem: hezreti Äşe (r.a) şeýle rowaýat edýär: «Allah Resuly (s.a.w) bir gün giç agşam düşeginden turdy. Eginbaşyny geýip, daş çykdy. Menem gyrnagymyz Beriräni Allah Resulynyň (s.a.w) yzyna düşürip goýberdim. Berire «Bakî» gonamçylygyna çenli Allah Resulyny yzarlapdyr. Allah Resuly «Bakî» gonamçylygyň aýagujynda birsalym eglenip, soň yzyna dolanypdyr. Gyrnagymyz ondan öň öýe geldi-de, maňa bar zady gürrüň berdi. Daň saz berýänçä Allah Resulyna hiç zat diýmedim. Soňra oňa gijeki wakany gürrüň berenimde ol şeýle diýdi: «Men «Bakî» gonamçylygynda ýatanlara doga etmek üçin gitmeli boldum» »[58]

Rowaýatlaryň ýene birinde-de, Pygamber Serwerimiz (s.a.w) Jebraýyl perişdäniň gelip, Allatagalanyň oňa «Bakî» gonamçylygyna barmagy we şol ýerde ýatanlar üçin doga-istigfar etmegi buýrandygyny aýdýar[59].

Hanefi mezhebiniň ulamalary gonamçylyga zyýarat etmegi ündeýän şu we şuňa meňzeş rowaýatlara esaslanyp, gabyrystana zyýarat etmegiň mustahapdygyny aýdýarlar. Bu höküm diňe erkeklere däl, eýsem, aýallara-da degişli. Ýöne aýallar haýa-şerimiň çägini saklajaklaryna anyk göz ýetirmeli. Hadyslarda nygtalyşy ýaly, gonamçylyklar ynsana ölümi ýatladýar. Ulamalar şu zeýilli hadyslaryň umumy häsiýete eýedigini, şonuň üçin olardan çykarylýan hökümleriň aýallara-da degişlidigini aýdýarlar. Şeýle-de olar aýallara zyýaraty gadagan edýän hadyslaryň hususy häsiýete eýedigini, ýagny beýle hadyslardan çykarylýan hökümleriň jahylyýet urup-adatlarynda bolşy ýaly owaz bilen aglaýan, ýüz ýyrtýan aýallara degişligini hem ýatladýarlar.

Öwlüýä kişileriň guburyna zyýarat etmek, elbetde, has sogaplydyr. Ulamalaryň köpüsiniň pikirine görä, öwlüýä kişiniň guburyny zyýarat etmek üçin ýol sökmek jaýyzdyr, Allah Resulynyň (s.a.w) guburyny zyýarat etmek bolsa mustahapdyr.

Zyýaratyň peýdaly taraplary: ölümi ýatlaýarsyň, bir gün hökman ýalançy bilen hoşlaşmaly boljakdygyň hakda pikir edýärsiň we öz-özüň bilen ýüzleşýärsiň. Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) hem ündäp geçen pikirleriniň agramly bölegi şulardan ybarat dälmi eýsem?! Mysal üçin: hadyslaryň birinde ölümi köp ýatlamak maslahat berilýär. Sebäbi ölüm adamy aýşy-eşretden sowadýar diýilýär. Ýene bir hadysda bolsa, adamlaryň iň parasatlysy ölümi iň köp ýatlaýan we ölümden aňyrsy üçin taýýarlyk görýän kimsedir diýlip aýdylýar. Ynha, aýallar gonamçylyga zyýarat edenlerinde şuňa meňzeş işleri berjaý etmeli.

[57] Müslim, jenaiz 106.
[58] Müslim, jenaiz 35.
[59] Müslim, jenaiz 103.

**Gonamçylyga zyýarat etmegiň düzgünleri**

Şerigat zyýaraty diňe bir höweslendirmän, eýsem, onuň berjaý edilişini doly suratda düzgünleşdirýär. Esasanam, häzirki döwürde gonamçylyklarda we öwlüýä kişileriň guburynyň başynda ýol berilýän bidüzgünçilikler biziň şerigatdan nä dereje daşlaşýandygymyzy görkezýär. Öwlüýa ýoluna diýip janly öldürilýär. Öwlüýäden hajat dilenýär. Guburyň daşyndan aýlanylýar. Agaçlara esgi baglanýar. Bularyň bary günädir. Öla hormat goýmazlyk hasaplanýan şeýle işler kişini dinden çykarybam bilýär.

Yslam ölüni-de edil diri ýaly hormatlamgy ündeýär. Şoňa görä, soňky ýoluna ugradylýan merhuma nähili sarpa goýýan bolsak, gabyrda ýatana-da şonuň ýaly sarpa goýmaga borçludyrys.

Gonamçylyga ybrat almak üçin barylmaly. Gonamçylykda owaz bilen aglamak, ýüz ýyrtmak ýaly işlerden ägä bolmaly. Sebäbi ölen bendäniň öz guburynyň başynda ýaka ýyrtyp aglaýanlar zerarly azap çekýändigi we derdiniň artýandygy hadyslarda aýdylyp geçilýär[60]. Allah Resuly (s.a.w) ýene bir hadysynda: *«Kimde kim ölen kişi üçin eliniň aýasy bilen ýaňagyna ursa, ýakasyny ýyrtsa we jahylyýet döwründäkisi ýaly ses edip aglasa, onda ol bizden däldir»*[61] diýýär we perwerdigäriň takdyryna razy bolmazlyk bilen deň görülýän beýle işlerden el çekmegi buýurýar. Bu mesele bilen bagly Ebu Musa Eşgarynyň (r.a) adyndan beýan edilýän hadysda bolsa şeýle diýilýär: «Allah Resuly (s.a.w) bize nämäni gadagan eden bolsa, menem size şony gadagan edýärin. Gadagan edilen zatlary şular: Saçyňy ýolmak, ýakaňy ýyrtmak we ses edip aglamak»[62]

Mundan başga, gabyrda ýatanlar barada ýaman söz aýtmakdan ägä bolmaly. Sebäbi Pygamber Serwerimiz (s.a.w) öleniň yzyndan ýaman söz aýtmagy gadagan edipdir. «*Ölüňizi ýagşylykda ýatlaň, ýamanlykda ýatlamaň!»*[63] Ýene bir hadysda: «*Zyýarat edesi gelýän kişi zyýarat etsin. Ýöne gonamçylyga baranda asla ýaman sözi diline almasyn!*»[64] diýilýär.

Zyýarat edilende dynç almak üçinem bolsa, guburyň üstünde oturmak ýa-da gubura ýassanmak bolmaýar. Başga ýol tapylsa, guburyň üstünden ýöremelem däl. Bular mekruh hasaplanýar. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) hadyslaryň birinde şeýle diýýär: «*Gabyryň üstünden oturanyňyzdan közüň üstünde oturanyňyz hem-de köze eşigiňizi ýakdyryp, endamyňyzy dagladanyňyz has ybalydyr*» [65] Ýene bir hadysda bolsa, Pygamberimiz (s.a.w): «*Gabyryň üstünde oturmaň we olara tarap namaz okamaň*»[66] diýýär. Sebäbi gabyryň üstünde oturmak ýa-da gabyryň üstünden basmak ölüni ynjydýar. Şeýle-de beýtmek ölüni sylamazlyk bolýar.

Galyberse, gonamçylygy mesjide öwürmek, guburyň daşyndan aýlanmak, guburyň başynda dikilen agaja esgi baglamak, guburyň başynda janly öldürmek we Alladan

---

[60] Buhary, jenaiz 45.
[61] Tirmizi, jenaiz 22.
[62] Ebu Dawud, jenaiz 29.
[63] Buhary, edeb 42.
[64] Nesaýy, jenaiz 100.
[65] Müslim, jenaiz 96.
[66] Müslim, jenaiz 97.

däl-de, meýidiň özünden hajatyňy dilemek – bularyň bary günä hasaplanýar[67]. Alla saklasyn, beýle işler kişini dinden hem çykaryp bilýär.
Gepiň gerdişine görä aýtsak, Pygamber Serwerimiz (s.a.w) gonamçylyga baranda şol ýerde ýatanlara salam beripdir we olar üçin doga-istigfar edipdir. Bir gün Allah Resuly (s.a.w) Medinäniň gonamçylygyna baryp, gabyrlara tarap ýüzüni öwrüpdir-de: «*Esselamu aleýkum eý gabyr ähli! Allah sizi-de, bizi-de bagyşlasyn! Siz biziň ata-babalarymyz. (Ýagny bizden öň ahyrete göçdüňiz) Bizem yzyňyzdan barýarys, size goşulýarys*»[68] diýipdir. Ýene bir gezek bolsa, Allah Resuly (s.a.w) gonamçylyga baranda şeýle diýipdir: «*Salam siziň üstüňize bolsun, eý musulmanlar jemagatynyň mähelle ýaşaýjylary! Enşalla bizem size gowşarys*!»[69]
Mundan başga-da, zyýarat edýän kişiniň haýsy pikirleri hyýalyna getirmelidigi hem hadyslarda aýdylyp geçilipdir. Meselem: «*Siz biziň ata-babalarymyz*», «*Enşalla bizem size gowşarys*» diýen ýaly sözler Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) gonamçylyga baranda ölümi hakydasyna getirendigini aňladýar. Ol bize dünýäniň pany, ahyretiň bakydygyny, şeýle-de ynsanyň durmuş ýolunyň ölüm bilen tamamlanmaýandygyny ýatladýar. Bizem onuň göreldesine eýerip, gonamçylykda şular ýaly pikirleri serimize aýlamaly.
Zyýarata baran kişä oturmaga-da, dik durmaga-da rugsat bar. Oturyp «Ýasyn» süresini okamak mustahapdyr. Aýak üstünde durup, 11 gezek «Yhlas» süresi okalsa-da bolar. Mundan başga, Kurany Kerim okalyp, sogaby ölä bagyşlansa-da bolar.
Zyýaratyň belli günleri ýok. Şeýle-de bolsa, Hanefi ulamalary, esasan, Anna we Şenbe günleri zyýarat edilmegini has ýagşyrak hasaplaýarlar.

**Ýas tutulýan öýde telewizor görmek bolýarmy?**

Aradan çykan kişä gynanmak, owazsyz aglamak bolýar. Bu ýagdaýyň tebigydygyny, elbetde, her kimem boýun alýar. Yslam dininde ýas tutmagyň çägi hem doly kesgitlendipdir. Şoňa görä, ýas tutmaga gezek gelende, esasan, adamsy aýrylan zenanlara eglişik edilipdir. Emma bu ýakyn hossary aradan çykan adama ýas tutmak gadagan diýildigi däldir. Sebäbi ölüm adama ahyreti ýatladýan bolsa, onda ýas tutulýan öýüň ýaşaýjylarydyr dogan-garyndaşlary ölüm hadysasyndan sapak almaly. Aradan çykan kişiniň hossarlary il-günüň ýazgarmasyna sezewar boljak şekilde şatlanyp heşelle kakmakdan ägä bolmaly! Ýas tutulýan öýde nahar bişirmek haram däl, emma öleniň ýakyn hossarlarynyň şeýle ýagdaýda nahara eli barmazlygy ahmal. Şonuň üçin goňşy-golamlardyr dogan-garyndaşlaryň «Nahar-şor edişere adamam ýokdur» diýen niýet bilen kömege barmagy örän sogaply işdir. Meger, her kimem şeýle agyr günde birek-birege bolan ynsanlyk borjuny ýatdan çykarmasa gerek. Meselem: Japar ibn Ebu Talyp (r.a) söweşde wepat bolanda Allah Resuly (s.a.w): «*Japaryň maşgalasyna nahar bişirip eltiň. Sebäbi başlaryna inen agyr günden ýaňa hiç zada eli degýän däldir*»[70] diýipdir we ýas tutulýan öýe nahar eltmegi buýrupdyr.
Ýas tutulýan öýde telewizor görmek, radio we aýdym diňlemek gadagan dälem bolsa, aradan çykan adamyň sylagyny gaçyrmazlyk maksady bilen, öýüň birneme asuda, ümsüm bolmagy has ýagşydyr. Şeýdilse, hem ölüniň sarpasynyň tutuldygy bolar,

[67] Tirmizi, jenaiz 238
[68] Tirmizi, jenaiz 59.
[69] Müslim, jenaiz 104.
[70] Ebu Dawud, jenaiz 25, 26.

hem-de ýas tutýanlara ölümi ýatlamaga päsgelçilik döremez. Şonuň üçinem «ölen bilen ölüp bolýarmy?!» diýen düşünje ýalňyş. Eger bu söz: «Pähim-parasady elden bermezlik» diýen manyda aýdylýan bolsa, onda dogry. Galyberse, häzirki döwürde merhumy jaýlamak däbi hem dünýewilişip barýar. Hut şu sebäpden ölümi we ahyreti has köp ýatlamak zerurlygy ýüze çykýar. Diýmek, patalarda ölümi ýatladyjy pursatlar döreýän mahaly telewizordyr gazetler bilen gümra bolup, şol ýeriň ruhy howasyny bozmaly däldir.

## ORAZA TUTMAK

### Oraza tutmagyň parz bolmagy

Remezan aýynda oraza tutmak Yslamyň bäş parzyny biri bolup, Yslamy alamatlandyrýan iň uly nyşan («*şiar*») hasaplanýar. Remezan aýynda agyz beklemek hijretiň ikinji ýylynda parz edilýär. Remezen aýynda oraza tutmagyň parzdygy kitap, sünnet we alymlaryň birligi (ijma) tarapyndan doly tassyklanýar. Kurany Kerimde: «*Eý, iman getirenler! (Siziň günä işlerden saklanyp) takwalardan bolmagyňyz üçin, sizden öňkülere parz edilişi ýaly, size hem oraza tutmak parz edildi*»[71] diýilýär. Bu aýatda tutuş musulman ymmatyna remezan aýynda agyz beklemegiň parzdygy açyk aýdylýar. Allah Resulynyň (s.a.w) hadyslarynda bolsa, Oraza aýynda agyz beklemek –Yslam binýadyny göterip duran bäş möhüm esasyň biri hökmünde agzalyp geçilýär.

### Oraza tutmagyň sogaby

Kişä Allanyň razylygyny gazandyrýan möhüm ybadatlaryň birem oraza tutmakdyr. Remezen orazasyna Haktagalanyň aýratyn ähmiýet berendigi, şeýle-de orazanyň saýasynda kişiniň Allahyň ýanyndaky mertebesiniň hasam artýandygy hadyslarda aýdylyp geçilýär. Meselem: Allah Resuly (s.a.w): «*Agzy bekli kişiniň agzyndan gelýän ys Allah üçin müşk-anbar ysyndan has ýakymlydyr*»[72] diýýär. Mundan başga-da, orazanyň sogaplary dogrusynda hadyslarda giňişleýin beýan edilýär: Remezan orazasyna barabar başga bir ybadat ýokdur[73]. Remezen aýynda oraza tutýan kişä jennetde dürli-dürli näzi-nygmatlar miýesser ediler, ol jennetiň çeşmelerinden ine-gana suw içer. Oraza tutan kişileriň jennete girmegi üçin niýetlenen «reýýan» gapysy bardyr we şol gapydan diňe oraza tutýanlara girmäge rugsat beriler. Eger oraza tutýan kişi halal eklenç edýän bolsa, oňa ahyretde sorag bolmaz.

Remezan aýynda agyz bekleýän kişiniň gündelik adaty işlerine deňiç her bir hereketiniň ybadata öwrülýändigi ýene bir hadysda şeýle beýän edilýär: «*Oraza tutan kişi ýatsa ybadat sogabyny alýar. Gürlemän dymyp gezse, tesbih aýdan dek sogap gazanar. Onuň eden ýagşylyklarydyr ybadatlaryna weşeň-weşeň sogap ýazylar. Dilegi kabul bolup, günäleri bagyşlanyr*»[74].

### Näme üçin agyz beklenýär?

Haktagala haki:mdir. Hiç bir zady hikmetsiz ýaradan däldir. Ol ynsan üçin haýsydyr bir amaly parz kylmagynda hem ullakan haýyr bardyr. Agyz beklemegiň hikmeti dogrusynda hem gysgaça şulary aýtmak bolar: Ynsan aç galan mahaly Allatagalanyň

[71] Bakara süresi, 2/183
[72] Buhary, sawm 2
[73] Nesaýýş syýam 43
[74] Ali el-Muttaky, «Kenzul-Ummal», 3/327

eçilen näzi-nygmatlarynyň gadyr-gymmatyna has oňat göz ýetirýär. Iýip-içgiden saklanmak ýagdaýy ony Allaha şükür etmäge iterýär. Galyberse, ynsan näçe ajykdygyça agzaçarda öňüne goýlan nahar onuň üçin şonça-da tagamly bolup duýulýar.

Ynsan islän mahaly, islän zadyny iýip bilýänem bolsa, remezan aýynda diňe Allanyň razylygy üçin açlyga we suwsuzlyga döz gelýär. Ol özüne buýrup, nebsini owsarlaýar. Şeýdibem sabryň düýp manysyna göz ýetirýär. Ine, bu hakykaty Allah Resuly (s.a.w) hadyslarynyň birinde şeýle düşündirýär: «*Her zadyň zekaty bolýar. Bedeniň zekaty bolsa, agyz beklemekdir. Agyz beklemek bolsa, sabryň ýarysyna barabardyr*»[75].

Kişi eger agyz bekläninde diňe iýip-içmekden däl, eýsem, günälerden hem saklanýan bolsa, ýagny diňe aşgazanyna däl göz, gulak we dil ýaly beýleki agzalaryna, hatda nebsine buýrup bilýän bolsa we remezan aýynda gazanan endigni ömrüniň ahyryna çenli dowam etdirip bilýän bolsa, onda ol jennetiň «Reýýan» gapysyndan megerem girse gerek.

Kişi remezan aýynda agyz bekleýär we gündelik endikleriniň boýuntyrygyndan gutulýar. Ruhy kämillige werdiş bolýar. Garaz, oraza tutýan kişi nebsine buýurmagy öwrenýär. Hasam, tomsuna, gündiziň uzap gijäniň gysgalýan döwründe oraza hötde gelýän kişi, elbetde, nebsine buýurmagy başarýan kişidir. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) kişiniň kalby hyjuwynyň jynsy hyjuwyna bäs gelmeginde orazanyň uly täsiriniň bardygyny şeýle sözler bilen beýan edýär: *«Eý ýaş ýigitler! Öýlenmäge gurbuňyz çatýan bolsa öýleniň. Sebäbi ol gözüňizi haramdan, satanlaryňyzyň arasyny günäden gorar. Eger kimiň öýlenmäge gurby çatmasa, onda ol oraza tutsun. Sebäbi oraza günälere galkan bolar»*[76]

Oraza çyn ýürekden, diňe Haktagalanyň razylygy üçin tutulýar. Agyz beklemek namaz okan ýa-da gurban kesen ýaly hem däl. Ýagny adamlara özüni görkezmek üçin (riýa üçin) agyz bekläp bolanok. Şeýle-de bolsa, zanny bozuk adam agyz bekleýän diýip, hiç kime görünmän iýip-içibem biler. Adamlary aldabam biler. Emma hakyky manyda oraza tutýan kişi asla wyždanyna ikilik edip bilmez. Ol diňe Alla üçin agyz beklär. Ine, oraza şeýdip musulman kişiniň yhlasyna yhlas goşmaga ýardam berýär.

Esasan, barly-barjamly kişiler garyp-pukaralaryň ýagdaýyna känbir düşünip bilmeýärler. Sebäbi olaryň eli uzadan ýerine ýetýär. Hiç zadyň gamyny etmän ýaşansoňlar, aç-suwsuz galmak, hor-homsy ýaşamak ýaly düşünjeler olar üçin gaty ýatdyr. Ynha, şeýle gurply baý kişilerem oraza aýynda agyz bekläp, dünýede garyp maşgalalaryň hem bardygyna düşünýär we olara sahawat elini uzadýar. Şeýlelikde jemgyýetde birek-birege ýardam bermek, arkalaşmak ýaly ynsanperwerlik gatnaşyklary rowaçlanýar. Bu bolsa, halkyň agzybirligini, jebisligini hasam berkidýär.

Mundan başga-da, oraza tutmak bedeniň kesellere garşy göreşmek ukybyny ösdürýär. Agyz beklemek adamyň saglygyna edil berhiz ýaly oňyn täsir edýär. Sebäbi lukmanlaryň hem maslahat bermegine görä, ýylyň dowamynda aşgazana bir aý dynç

[75] Tirmizi, deawat 86.
[76] Buhary, sawm 10.

bermek adam saglygyna örän peýdaly. Ýeri gelende, günuzyn hiç zat iýmän, agşam agzaçarda gerk-gäbe doýmak oraza tutmagyň edebine laýyk bolman, saglyga-da zyýanlydygyny ýatlatmalydyrys.
Oraza tutmagyň peýdaly taraplary sanardan juda köp. Şeýle-de bolsa, oraza tutmak bilen bagly fykhy meselelere geçmezden ozal onuň peýdalary dogrusynda gysgaça agzap geçmegi makul bildik.

**Göwreli ýa-da çaga emdirýän aýal oraza tutmalymy?**

Göwreli ýa-da çaga emdirýän aýallaryň oraza tutmak meselesi bilen bagly «Fetawaýy Hindiýýe» eserinde şeýle diýilýär: «*Göwreli ýa-da çaga emdirýän aýallar özüniň ýa-da çagasynyň saglygyna howp salmakdan ätiýaç edýän bolsalar oraza tutmaýarlar. Beýle ýagdaýdaky aýallar diňe tutmadyk orazalarynyň kazasyny alýarlar*»[77] Allah Resuly (s.a.w) hem bu mesele barada şeýle diýipdir: «*Allatagala yolagçyny remezan orazasyndan hem-de namazyň ýarysyndan boşatdy. Göwreli we emdirýan aýallary bolsa remezan orazasyndan boşatdy*»[78]. «Orazadan boşatdy» diýmek oraza parzy boýnunda doly aýryldy diýmek däl. Olar oraza tutman bilýär, ýöne soňundan kazasyny almaly.
Bu ýerde, esasan, şeýle ýagdaýdaky zenanlar oraza tutsa, olaryň saglygyna zyýan ýetip ýetmejegine seretmeli. Muny hem ýa-ha lukmana ýüz tutup, ýa-da özüňi duýşuňa görä anyklap bolar. Oraza tutanda özüne ýa-da çagasynyň saglygyna zyýan ýetjek bolsa, onda zenan oraza tutmaz. Remezan aýy geçeninden soň tutup bilmedik orazalarynyň kazasyny alar. Emma, iň bolmanda, agyz beklemäge synanyşyp görmeli. Eger tutup bilse tutmaly, remezan aýynyň orazasynyň sogabyny elden gidermejek bolmaly.

**Göwreli ýa-da çaga emdirýän aýal tutup bilmedik orazasynyň deregine fidýe berse bolýarmy?**

Göwreli ýa-da çaga emdirýän aýal tutup bilmedik orazasynyň hökman kazasyny almaly. Şeýle ýagdaýdaky zenan tutmadyk orazasynyň kazasyny almaga borçly bolandygy üçin, oňa goşmaça fidye (sadaka) bermek hökman däl. Diňe oraza tutmaga hiç hili gurby çatmaýan kişiler fidye berýär. Olaram ýa-ha halys tapdan düşen garrylardyr ýa-da gutulgysyz keselden ejir çekýän hassalardyr.
Bu mesele bilen bagly Kurany Kerimde şeýle diýilýär: «*Sizden kimde-kim (oraza günlerinde) hassa ýa-da ýolagçy bolsa (we agzyny açsa), ol sanalgy günlerini (tutup bilmedik günleriniň kazasyny) başga günlerde tutar. (Ýaşynyň gartaşanlygy ýa-da saglyk ýagdaýy sebäpli) agyz beklemäge ýaramaýan adamlar bir misginiň bir günlük tagamy mukdary ýaly fidye (sadaka) bermeli. Kim öz islegi bilen has artyk ýagşylyk etse, (gereginden artyk berse) ol ýagşylyk onuň özünedir (öz bähbidinedir). Eger bilseňiz, agyz beklemegiňiz siziň üçin (fidýe bermekden ýa-da hassalyk sebäpli agyz açmagyňyzdan) has haýyrlydyr*»[79]
Aslynda, bu aýat meseläni çürt-kesik edýär. Ýagny kämillik ýaşyna ýeten we akyly ýerinde bolan her bir musulman kişä remezan orazasy parz bolýar. Emma remezan aýynyň içinde hassalanan ýa-da ýolagçy (sapary) bolan kişä agzyny açmaga rugsat

[77] El-Fetâwâ'l-Hindiyye, 1/207.
[78] Nesaýy, syýam 50.
[79] Bakara süresi, 2/184

bar we ol tutmadyk orazasynyň kazasyny almaly bolýar. Oraza tutmaga asla ýaramaýan, ýagny ömrylla agyz bekläp bilmejek kişiler bolsa, tutmadyk orazalarynyň her güni üçin fidye berýär. Fidye mukdary garyp bir bendäniň bir günlük iýjek tagamyna barabardyr. (Ýagny garyp bir bendäni iki wagtyna naharlamaly ýa-da oňa iki wagtyna naharlanmak üçin zerur bolan puly bermeli) Bu fidye mukdarynyň iň aşakgy çägidir. Ýokardaky aýatda-da nygtalşy ýaly, mundan artyk bermäge ýagdaýy bar kişileriň has köp fidye bermegi olar üçin has haýyrlydyr.

Oraza tutmaga ýa-da tutmadyk orazasynyň kazasyny almaga gurby çatýan kimse fidye berip, oraza parzyny boýnundan aýryp bilmeýär. Göwrelilik, çaga emdirmek, kesellemek we ýolagçy bolmak ýaly ýagdaýlarda oraza tutmazlyga rugsat baram bolsa, fidye bermäge rugsat ýok. Şu ýagdaýlar zerarly tutulmadyk orazalaryň iň gysga wagtda kazasy alynmaly.

Meselem, kişi keselden asla gutulyp bilmerin öýdüp ýa-da lukmanyň maslahata boýunça oraza tutmasa we şoňa derek fidye berse, ýöne soňundanam keselden gutulsa, onda ol tutmadyk oraza günleri üçin fidye berenem bolsa, olaryň hökman kazasyny alaýmaly.

**Kefarat orazasyny tutýan wagtyň aýbaşy gelse näme etmeli?**

Remezan aýynda bilgeşlin iýip-içen ýa-da jynsy gatnaşyk eden kimse munuň üçin 60 gün kefarat orazasyny tutmaly bolýar. Üstesine, bozan oraza günleriniňem kazasy hem alynmalydyr. Kefarat orazasyny 60 günläp yzyny üzmän tutmaly. Kefarat orazasynyň arasy üzülen ýagdaýynda kefarat orazasyna täzeden başlamaly.

Aýbaşy aýallaryň ygtyýaryna bagly ýagdaý bolmansoň kefarat orazasyna bökdençlik döretmeýär. Ýagny kefarat orazasyny tutýan zenanyň aýbaşysy gelse, aýbaşy gany kesilen badyna kefarat orazasyny galan ýerinden tutmaga dowam edýär.

**Agzy bekli mahaly aýbaşysy gelen zenanyň orazasy bozulýarmy?**

Aýbaşy orazany bozýan ýagdaý bolandygy üçin, agzy bekli zenanyň aýbaşysy gelse orazasy bozulýar we remezan aýyndan soň, tutup bilmedik günleriniň kazasyny alýar. Agzy bekli mahaly aýbaşysy gelen zenan herkimiň gözüniň alnynda däl-de, ýekelikde iýip-içmeli. Agzaçara juda az wagt galyp, aýbaşysy hem gelen bolsa, hiç zat iýip-içmese-de o zenanyň orazasy bozulýar. Şonuň üçinem ol oraza tutýan ýaly bolup aç oturmaly däl. Sebäbi şeýle ýagdaýda oňa agyz beklemek haramdyr, harama öýkünmekligem haram ýa-da mekruhdyr[80]. Şeýle-de bolsa, agyz bekleýänlere goýulýan hormatyň nyşany hökmünde il-güne görünmän iýip-içilse has ýagşy bolar.

**Remezan aýynda günortandan soňra aýbaşy gany kesilse, agşama çenli iýip-içmek bolýarmy?**

Oraz aýynda günortandan soňra aýbaşy gany kesilip, arassalanan zenan maşgalanyň agzaçar deňiç hiç zat iýip-içmezligi mustahapdyr. Muňa hatda wajypdyr diýenlerem bolupdyr. Şuňa meňzeş garaýyşlary nazara alyp, hiç zat iýip-içilmese ýagşy bolar. Şonuň üçinem agzaçara deňiç hiç zat iýmän garaşjak bolmaly. Bu remezan aýyna goýulýan hormatyň nyşany bolup durýar. Şeýle ýagdaýa sezewar bolan zenan soňundan şol günüň kazasyny almaly.

**Remezan aýynda guşluk wagty geçmänkä aýbaşy gany kesilse, şol güni orazaly geçirmäge niýet etmek bolýarmy?**

---

[80] Ibn Âbidîn, Haşiýet-u Reddi'l-Muhtâr, 1/291

Guşluk wagty geçse, gün öýlä sandy diýmek bolýar. Bu bolsa, öýle namazyna bir sagada golaýn wagtyň galandygyny aňladýar. Aýbaşy gany agyz beklenýän wagtyndan öň kesilip, ätiýajy elden bermezlik maksady bilen guşluk wagtyna çenli garaşylan bolsa we şoňa çenli gusul alynmadyk bolsa, onda guşluk wagty geçmänkä oraza niýet etmek bolýar. Emma aýbaşy gany agyz beklenýän wagtdan soň we guşluk wagtyndanam öň kesilen bolsa, onda guşluk wagty geçmezden öň gusul alnanam bolsa, o zenana agyz beklemek bolmaýar.

**Aýbaşyly zenan remezan aýynda her kimiň gözüniň alnynda iýip-içse bolýarmy?**

Aýbaşyly zenana agyz beklemek parz bolmandygy üçin, oňa isle aç-açan isle gizlin, tapawudy ýok, iýip-içmäge şerigat tarapyndan rugsat berilýär. Muňa garamazdan, gep-gürrüňiň döremegine ýol berilmezligi üçin, şeýle-de agyz bekleýänlere goýulýan hormatyň nyşany hökmünde ile görkezmän iýip-içilse has dogry bolar.

**Çaga düşse oraza bozulýarmy?**

Saçdyr dyrnak ýaly käbir beden agzalary ýüze çykyp ugran çaga aýrylsa, onda hökman gan gelýär we bu ýagdaý zenan çileli hasaplanýar. Çileli zenanyň orazasy bozulýar. Beden agzalary ýüze çykyp ýetişmedik çaga aýrylsa, gan gelmeýär, oraza-da bozulmaýar.

**Agzyň bekli bolup, depilýasiýa etdirmek bolýarmy?**

Agzy bekli bolup, depilýasy etdirýän aýalyň orazasy bozulmaýar. Ýöne bu ýerde bir zady hem ýatdan çykarmaly däl. Eger aýal özüne däl-de, başga bir aýala depilýasiýa etdirjek bolsa, onda göbek bilen dyzynyň arasyny görkezmeli däl. Sebäbi aýalyň aýala görkezmegi gadagan bolan uýat ýeri – göbek bilen dyzyň arasy. Şol ýeriňi görkezmek ýa-da elletmek şerigat tarapyndan gadagan edilen.

Bu ýagdaý diňe musulman zenanlara degişli. Onsuz-da, musulman aýalyň musulman bolmadyk aýala el, ýüz we aýagyndan galan ýerini görkezmäge şerigat rugsat bermeýär.

**Gaş ýoldursaň oraza bozulýarmy?**

Gaş ýoldursaň oraza bozulmaýar. Bedeniň gyllaryny syrmagam orazany bozmaýar. Ýöne bu ýerde bir zady ýatdan çykarmaly däl. Allah Resuly (s.a.w) gaş ýoldurany länetläpdir. Gaş ýoldurmak Alla tarapyn goýlan tebigy sazlaşyga çirk ýetirmek hasaplanýar we şerigat tarapyndan gadagan edilýär.

Galyberse, agzyň bekli wagty dyrnagyňy kesmäge, saçyňy syrmaga ýa-da saçyňy boýamaga rugsat bar.

**Agzyň bekli wagty dişiň sogurtmaga ýa-da dişe plomba goýdurtmaga rugsat barmy?**

Diş sogurtmak ýa-da dişe plomba goýdurtmak ýaly işler orazany bozmaýar. Emma dişe sanjym edilse welin, oraza bozulýar. (Sanjym etdirmegiň orazany bozup bozmaýanlygy barada ulamalaryň arasynda biri-birine çapraz gelýän garaýylardyr yhtylaflar bar) Şeýle-de diş sogurdylanda ýa-da dişe plomba goýdurlanda gan akyp bilýär. Diş ganasa-da, adatça, içiňe gidýär we oraza bozulýar. Onsaňam, agzyň bekli wagty diş bejertýän adam ysgyndan gaçyp bilýär. Bu-da eýýäm oraza tutmagy kynlaşdyrýar. Şonuň üçin beýle bejergileri agzaçardan soňa goýmak maslahat berilýär. Juda  bolmasa, dişi bejertjek günüň agyz beklemän, soňundan kazasyny almaly.

**Krem, dodak pomadasy, žele we atyr orazany bozýarmy?**
Bularyň hiç haýsysy orazany bozmaýar. Endamyňa çalynýan melhemdir kremler orazany bozmaýar. Atyry ysgasaňam, sepinseňem oraza bozulmaýar. Emma dodaga çalynýan pomada içiňe gitse, oraza bozulýar. Biz bu ýerde ady agzalan serişdeleri ulanmaga şerigat tarapyndan rugsat berilip berilmänýändigi barada däl-de, olaryň orazany bozup bozmaýandygy barada aýdýarys. Bu serişdeleriň şerigat tarapyndan ulanmaga rugsat berilip berilmeýändigi dogrusynda kitabyň «Bezenmek» bölüminde giňişleýin durup geçeris.
**Agzyň bekli wagty sakgyç çeýnemek bolýarmy?**
Eger çeýnelýän sakgyjyň düzüminde ýakymly ysly madda ýa-da gant bar bolsa, bular tüýkülik arkaly içiňe gidýär. Şonuň üçinem oraza bozulýar. Beýle ýagdaýda kefarat orazasyny tutmaly bolýar. Emma öň çeýnelen hem-de ysy aýrylan, şeýle-de pytramaýan gantsyz sakgyjy çeýnemäge rugsat berilýär, oraza bozulmaýar.
Galyberse, agzyň bekli wagty sakgyç çeýnemek mekruh hasaplanýar. Şoňa görä, çeýnelmese ýagşy bolar. Sebäbi sakgyç çeýneýän kişi ony bu ýagdaýda gören adamlaryň göwnüne güman getirtmegi ahmal. Bu-da orazaly kişä gelişmeýär.
**Başyny açyp gezýän aýal agyz bekläp bilýärmi?**
Aýal maşgala el, ýüz we aýakdan galan ýerini hökman örtmeli. Namaz okanda aýalyň başy hökman örtülgi bolmaly, emma orazada beýle şert ýok. Şonuň üçin başyny örtmeýän aýal oraza tutup bilýär. Oraza tutsa sogap gazanar. Iliň içinde başy açyk gezmegiň soragy, elbetde, aýry bolar.
**Zenan maşgala oraza tutmak üçin adamsyndan rugsat almalymy?**
Hakyň hatyrasy elmydama-da bendäň hatyrasyndan ýokarydyr. Başgaça aýdanyňda, aýal bilen erkegiň özara berjaý etmeli borçlary näçe möhümem bolsa, olar şerigatda buýrulan parzlaryň ornuna geçip bilmez. Şonuň üçinem aýal maşgala adamsy rugsat bermese-de namaz, haj we oraza ýaly ybadatlaryny hökman berjaý etmeli.
Emma nepil ybadatlara gezek gelende welin, aýal hökman adamsyndan rugsat soramaly. Sebäbi adamsy haýsydyr bir sebäpden onuň agyz beklemegini islemeýän bolmagy ahmal. Eger adamsyndan rugsat alman nepil orazasyny tutan bolsa, adamsy onuň orazasyny bozduryp bilýär. Orazasy bozulansoň, ol adamsyndan rugsat alyp, ýa-da adamsy ýok wagty kazasyny almaly. Pygamberimiz (s.a.w) şeýle diýýär: «*Adamsy ýanyndaka aýala ondan bidin nepil orazasyny tutmaga rugsat ýok*»[81] Bu ýerde Pygamberimiziň (s.a.w) maşgala agzybirligini ileri tutmak bilen şeýle diýendigini aňlamak bolar.
**Aýal maşgala agzy bekli wagty naharyň tagamyny dadyp görüp bilýärmi?**
Agzyň bekli wagty esasly sebäpsiz nämedir bir zadyň tagamyny dadyp görmek ýa-da haýsydyr bir zady çeýnemek mekruhdyr. Çünki bu ýagdaý orazanyň bozalmagyna eltip bilýär. Tagamyny dadyp görmek üçin ýa-da çeýnemek üçin bir zady agzyňa salanyňda ony ýuwudaýmagyň gaty ahmaldyr.
Muňa garamazdan, adamsy juda hyrsyz bolan zenana bişirýän naharyny dadyp görmäge, ýa bolmasa aldanmakdan ätiýaç edýän kişä satyn almakçy bolýan iýmitini dadyp görmäge rugsat bar. Emma dadyp göreniňde içiňe bir zat gidäýse, oraza bozulýar we kaza almaly bolýar.

[81] Buhary, nikâh 84

**Oraza tutýanlaryň aýal-erkek gatnaşyklary nähili bolmaly?**
Bilelikde ýatmak, öpmek, sypamak we ş.m hereketler orazany bozmaýar. Emma bu hereketleriň netijesinde kişiniň ygtyýary elden gidip döli dökülse, oraza bozulýar we bozulan orazanyň diňe kazasy alynýar. Eger jynsy gatnaşyk bolup geçse, onda hem-ä kaza hem-de kefaret orazasy parz bolýar.
Özüne erk edip bilmeýän erkek kişä agzy bekli wagty ýanýoldaşyny öpmek ýa guçmak mekruh hasaplanýar. Sebäbi bu ýagdaý orazanyň bozulmagyna getirip bilýär. Eger kişi özüne erk edip biljek bolsa, onda mekruh bolmaýar. Şeýle-de bolsa, oraza tutulandan soň, aýal-erkek gatnaşyklarynda ýalaňaç guçuşmak ýaly juda öte geçiljek bolsa, onda kişi özüne erk edip bilsin bilmesin, beýle hereketler mekruh hasaplanýar.
**Agzyň bekli wagty ginekologiýa barlagyndan geçmek bolýarmy?**
Ginekolog aýal bolsun ýa-da erkek, tapawudy ýok, uýat ýerini görkezende zenanyň orazasy bozulmaýar. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda uýat ýeriňi görkezmäge rugsat bar. Emma aňrujy ýagdaý bolsa, aýallar aýal lukmana görünse has dogry bolar.
**Oraza aýynda biliňi getirmeýän derman ulanmak bolýarmy?**
Biliň getirmezlik maksady bilen oraza aýynda derman ulanmak dogry däl. Sebäbi Allatagala aýal maşgalanyň jynsy organyny özboluşly gurluşda ýaradypdyr. Şoňa görä-de, bili gelýän zenana oraza tutmagy gadagan edipdir. Ýagny aýalyň bili gelse, oraza tutmazlyk Allanyň buýrugydyr. Muňa garamazdan, bil getirmeýän serişdelerden peýdalanmak Allanyň buýrugyna garşy gitmek bolar. Galyberse, bu haj ýa umra zyýaraty ýalam däl. Tutup bilmedik orazaň kazasyny bir ýylyň dowamynda almak bolýar.

## ZEKAT

### Yslam dinde zekatyň orny

«Zekat» arap dilinde «ösmek, köpelmek, bereketlenmek we päklenmek» diýen manylary aňladýar. Diňe «Zekatyň» sözlük manylarynyň özi hem eýýäm bize onuň peýdaly taraplary dogrusynda pikir ýöretmäge ýeterlik serişde bolup durýar. Ýagny zekat berýän kişiniň döwleti artýar, mal-mülki bereketlenýär. Şeýle hem zekat bermek bilen kişi öz elindäki baýlygyny kir-kimirden päkleýär. Allanyň öňündäki borjuny berjaý etmek bilen, garyp-gasarlaryň hakyny iýmezlik derdeserinden gutulýar. Fykyh ylmynda «zekat» diýlip, belli bir mukdara ýetýän baýlygyň ujundan şerigatyň kesgitlän mukdaryny bölüp aýryp, Kurany Kerimde sanalan topara degişli adamlara paýlamakdan ybarat bolan mal-mülk bilen baglanyşykly ybadata aýdylýar.
Kurany Kerimiň aýatlarynda namazdan soň iň köp zekatyň üstünde durlup geçilýär. Bu hem bize eýýäm Yslam dinde zekata nähili ähmiýet berilýändigini görkezýär.
Zekat bilen bagly hadyslaram köp. Meselem: Pygamberimiz (s.a.w) şeýle diýipdir: «*Yslam bäş zadyň üstüne bina boldy. Alladan başga hudaýyň ýokdugyna we Muhammediň (s.a.w) Allahyň resulydygyna şaýatlyk etmek, namaz okamak, zekat bermek, haja gitmek we remezan aýynyň orazasyny tutmak*»[82].
Allah Resulynyň (s.a.w), ylaýta-da, zekat bermeýänlere nägilelik bildirip aýdan sözlerini okanyňda iniň tikenekläp gidýär: «*Düýe, sygyr ýa-da ownuk mal eýesi bolup, şolardan Allanyň hakyny gaýtaryp bermeýän adam kyýamat güni özüniň şol*

[82] Buhary, iman 1.

*mallaryny biçak uly hem-de biçak semiz ýagdaýda görer. Ol kişini tekiz we giň meýdanda oturdarlar, ýaňky mallary-da onuň üstüne sürerler. Mallar eýesiniň üstünden geçip gidenlerinde şahlaryny sünjerler, toýnaklary bilen basgylarlar. Şolaryň arasynda şahsyzy ýa-da şahy döwleni bolmaz. Şeýdip iň soňky maly üstünden basgylap geçerem welin, ilkibaşdaky dolanyp geler-de ýene üstünden basgylap geçer. Janawerleriň soragy tamamlanyp, hüküm berilýänça olar şu terzde eýesiniň üstünden basgylap geçer durar*»[83] «*Altyn we kümüşden Allanyň hakyny gaýtaryp bermedik adamyň kyýamat gününde şeýle azaba duçar ediljegi ikuçsyzdyr. Onuň altyndyr kümüşleri otly kesewä öwrüler we dowzahyň ody gorsalan şol kesewi bilen onuň eginleri, maňlaýy we arkasy daglanar. Şol kesewiler sowansoň, ýene onuň bilen dowzahyň ody gorsalyp, elli müň ýyllap, sorag tamamlanýança synasy daglanar. Soňra bolsa oňa ýa jennetiň ýa-da dowzahyň ýoly görkeziler*»[84].

Zekat, aslynda, garyp-gasarlaryň gurply kişilerden almaly hakydyr. Şoňa görä, zekat berilmedik ýagdaýynda ilki Allanyň, soňra garybyň haky iýildigi bolýar. Bu barada Kuranda şeýle ýazylypdyr: «*Olaryň mal-mülkünde garypdyr ýoksullaryň haky bardyr*» [85] Şu aýdylanlara eýerip zekatyny berýän gurply kişiler garyp-pukaralara minnet etmek beýle-de dursun, gaýtam, sogap gazanmaga sebäp bolandygy üçin olara minnetdarlyk bildirmeli.

Zekatyň adamyň diňe bir şahsy durmuşyna däl, eýsem, tutuş jemgyýete-de uly peýdasy bar. Pygamberimiz (s.a.w) aýtmyşlaýyn, zekat baý bilen garybyň arasyndaky köprüdir [86] . Sebäbi zekatyň üsti bilen birek-birege hormat goýmak duýgusy terbiýelenýär. Baý bilen garabyň arasynda uçurym döremeginiň öňüni alynýar, ikitaraplaýyn hoşniýetli, mähirli gatnaşyklar ýola goýulýar.

Yslam dininde şeýle möhüm ähmiýete eýe bolan zekat, aslynda, erkek bilen aýala deňderejede parzdyr. Ýagny kämillik ýaşyna ýeten, zerur hajatlaryndan daşgary «nisap» mukdaryna ýetýän baýlyga eýe bolan[87] we şol baýlygyň üstünden bir ýyl geçiren her bir musulman kişä zekat bermek parzdyr.

Zekat bilen bagly hökümler fykyh kitaplarynda jikme-jik berilýär. Biz bolsa, bu ýerde zekatyň diňe aýallar bilen bagly käbir meseleler dogrusynda durup geçmegi makul bildik.

**Aýal haýsy ýagdaýda adamsyndan aýratyn zekat bermeli?**

Aýalyň öz adyna degişli mal-mülki bar bolsa, onda ol zekat bermeli. Adatça, galyň haky we miras galan ýa-da peşgeş berlen mal-mülk zenanyň hususy baýlygy hasaplanýar. Ol özüniň bu baýlygyny islän şekilde peýdalanmaga haklydyr. Şonuň üçin aýal maşgalanyň adamsyndan aýra öz baýlygy bar bolsa we şol baýlygy nisap mukdaryna-da ýetýän bolsa, onda ol zekat bermäge borçludyr.

**Zähmet çekip, pul gazanýan zenan zekat bermelimi?**

---

[83] Müslimiň rowaýatlarynyň birinde şu görnüşdäki azabyň dünýä hasaby boýunça 50 müň ýyllap dowam etjekdigi aýdylýar. (Müslim, zekat 24)

[84] Müslim, zekat 24.

[85] Zäriýät süresi, 51/19

[86] Aly el-Muttaky, Kenzül-Ummâl, 6/292 (15758)

[87] Zekat bermak parz bolýan nisap mukdary 85 gram altyn ýa-da şol gymmatdaky pul, ýa bolmasa haryt.

Zähmet çekip, pul gazanýan zenanyň «nisap» mukdaryna ýetýän baýlygy bar bolsa we şol baýlygyň üstünden bir ýyl geçen bolsa, onda şol baýlygyň kyrkdan bir bölegini zekat hökmünde bermeli.
Ýöne, elbetde, maşgalada arkalaşyga ýetesi zat ýokdur. Aýal eklenç edýänem bolsa, gazananjasyny orta goýmaly-da, puly nirä harç etjegem bolsa adamsy bilen maslahatlaşmaly. Şeýtse, şerigatyňam ýolunda ýöredigi bolar we maşgalanyňam bagtyna hiç hili zeper ýetmez.

**Heniz alynmadyk galyňdan zekat bermelimi?**

Aýal maşgala nika baglaşmak bilen adamsyndan galyň almaga hukuk gazanýanam bolsa, galyňyny doly eline alýança onuň baýlygy tükel hasaplanmaýar. Sebäbi heniz aýalyň elinde baýlyk ýok. Şonuň üçinem heniz alynmadyk galyňdan zekat berilmeýär. Galyň alnaýanda-da, galyň alyp bilmedik ýyllaryna degişli zekaty berilmeýär.

**Aýal özüniň şaý-seplerinden zekat bermeli?**

Gyzyldan ýa kümüşden ýasalan şaý-sepler, ýa bolmasa gyzyldyr kümüşden ýasalan öý goşlar, gap-gaçlar, çemçedir çarşaklar ýaly zatlaryň agramy «nisap» mukdaryna ýetýän bolsa we üstünden bir ýylam geçen bolsa, onda şolaryň zekatyny bermek parzdyr. Sebäbi gyzylyň we kümüşiň gymmaty artyp ýa kemelip bilýär. Bu metallar hiç haçan öz gymmatyny ýitirmeýär. Şonuň üçin bu metallar isle tokga görnüşde saklanýan bolsun, isle guýlan ýa-da şolardan şaý-sapdyr aňry-bäri ýasalan bolsun, tapawudy ýok, ählisi zekata degişlidir.
Zenanyň 85 grama (20 mysgal) ýetýän ýüzükdir gulakhalka, monjuk, bilezik ýaly şaý-sepleri bar bolup, üstünden bir ýyl geçen bolsa, onda olaryň kyrkdan birini (2,5 %) zekat bermäge borçly. Başgaça aýdanyňda, zekata degişli hasaplanýan bu şaý-sepler öýde duran bolsa, onda her ýyl olaryň zekatyny bermeli. Aýalynyň şaý-sepleriniň zekatyny islesi adamsy berip bilýär.

**Aýal özüniň zekatyny adamsyna berip bilýärmi?**

Erkek adamyň öz zekatyny aýalyna berip bilýändigi jedelsizdir. Sebäbi erkek kişi onsuzam öz aýalyny ekläp-saklamaga borçly. Aýalyna zekat bermek bilen zekaty ýene-de özüne gaýdyp gelýändigi üçin muňa rugsat berilmeýär.
Ýeri, aýal öz zekatyny adamsyna berse bolýarmy? Hanefi mezhebiniň ymambaşysy Ebu Hanifäniň garaýşyna görä, aýal özüniň zekatyny ýagdaýa pesem bolsa, adamsyna berip bilmeýär. Ebu Hanifäniň öňdebaryjy iki şägirdi Ymam Ebu Ýusup bilen Ymam Muhammet bolsa, aýal özüniň zekatyny garyp galan adamsyna berse bolýandygyny aýdýarlar.
Esasan, türkmen maşgalalarynda aýal bilen erkegiň gazanjy ortak bolýar. Çatynjalaryň hersiniň aýratyn mal-mülki bolmaýar. Şeýle-de, maşgalany erkek adam dolandyrýar. Şonuň üçin bu mesele babatynda Ymam Agzamyň garaýşyna eýermek has dogry bolar diýip hasaplaýarys.

**Aýal pitre sadakasyny bermelimi?**

Pitre sadakasyny bermek erkek bilen aýala deňderejede parzdyr. Şoňa görä, «nisap» mukdary baýlyga eýe bolan zenan hökman pitre bermeli. Emma bu ýerde zekatdan tapawutly şeýle bir ýagdaý bar. Pitre sadakasyny bermäge borçly edýän «nisap»

mukdarynyň zekatdaky ýaly artyp kemelýan mal-mülk görnüşinde bolmagy ýa-da üstünden bir ýyl geçmegi hökman däl.
Şeýlelikde, zerur hajatlaryndan daşgary 85 gram gyzyla ýa-da şoňa barabar gymmatdaky mal-mülke eýe bolup, remezan baýramyna ulaşan kişi pitre sadaksyny beräýmeli. Eger-de «nisap» mukdaryna remezan baýramyndan bir gün öň ýetilen bolsa, şonda-da pitre bermeli. Emma remezan baýramynyň birinji günü jahan ýagtylandan soň dünýä inen ýa musulman bolan ýa-da baýan kişä pitre sadaksy parz däldir.
Beýleki mezhebe görä pitre sadakasyny bermek üçin «nisap» mukdaryna garalmaýar. Ýagny aýal maşgalanyň 85 gram altyny ýa-da şoňa barabar gymmatdaky mal-mülkidir puly ýogam bolsa, eger pitre sadakasyny bermäge gurby çatsa, onda pitre berer. Baýlygy «nisap» mukdaryna ýetmeýän hanefi mezhebine uýýan musulmanlar eger pitre sadakasynyň sogabyny ýa-da pitre däbiniň dowam edilmegini arzuwlaýan bolsalar, onda olara beýleki mezhep ymamlaryň garaýşyna eýermek ýagdaýyny göz öňünde tutmagy maslahat berýäris.
Galyberse, aýal garp bolsa, oňa pitre sadakasy parz däl. Şeýle-de ol adamsynyň ýerine hem pitre bermeýär. Emma adamsyz islese, aýalynyň pitresini özi berip bilýär. Elbetde, şeýdilse has dogry bolar.

## HAJ

### Hajyň ähmiýeti

«Haj» arap dilinde «göz öňünde tutmak, ýönelmek» diýen manyny aňladýar. Fykyh ylmynyň terminologiýasynda bolsa, belli bir wagt aralygynda, belli bir ýerleri, belli bir kada-düzgünler boýunça zyýarat etmäge «haj» diýilýär. Ýagny ýylyň belli bir wagtynda haj niýeti bilen yhrama girip, Arafatda durulmagyna we Käbäniň togap edilmegine «haj» diýilýär.
Gurby çatýan her bir musulman kişä ömründe bir gezek haj amalyny ýerine ýetirmek parz-y-aýndyr. Hajyň parzdygy Kuran, sünnet we alymlaryň pikiriniň birligi (ijma) tarapyndan tassyklanan. Kurany Kerimde hajyň parzdygy açyk beýan edilýär: «*Allanyň öýüne (Käbä) gitmäge gurby çatýanlaryň haj etmegi ynsanlaryň Allanyň öňündäki borjudyr*»[88]
Haj bilen bagly köpsanly hadyslar bar. Meselem: hadyslaryň birinde: «Y*slam bäş zadyň üstüne bina boldy. Alladan başga hudaýyň ýokdugyna we Muhammediň (s.a.w) Allahyň resulydygyna şaýatlyk etmek, namaz okamak, zekat bermek, haja gitmek we remezan aýynyň orazasyny tutmak»*[89] diýilýär. Ýene bir hadysda Allah Resuly şeýle diýýär: «*Eý adamlar! Size haj parz kylyndy. Käbäni zyýarat ediň!*»[90]
Erkek ýa aýal, tapawudy ýok, haja gitmäge gurby çatýan her bir musulman kişi ilkinji nobatda haj amalyny berjaý etmeli. Haj amaly özüne parz bolandan soňra kişiniň esasly sebäpsiz hajyny gijikdirmegi günädir.
Pygamber Serwerimiz (s.a.w) hadyslarynyň birinde muny aýratyn nygtap geçipdir: «*Haja gitmäge howlugyň. Sebäbi hiç kim haçan ajalynyň ýetjegini bilýän däldir*»[91]

---

[88] Äli-Ymran süresi, 3/97
[89] Buhary, iman 1
[90] Beýhaky, «Es-sünnnenu’l-kübra», 5/176
[91] Ahmet ibn Hanbal, «Müsned», 1/124

Kişä haj parz bolandan soň, gurby ýetibem haj amalyny yza tesdiren bolsa we soňundan garyplyk, hassalyk ýaly ýagdaýlar ýüze çykyp haj mümkinçiligini elden gideren bolsa, onda ol wagtynda haj gitmändigi üçin jogapkär bolar. Şonuň üçin haj amalyny yza tesdirmän ilkinji nobatda ony ýerine ýetirmäge howlukmaly. Pygamber Serwerimiz (s.a.w): «*Haja gitmekçi bolýan kimse howluksyn. Sebäbi baýlygy tükenmegi ahmal. Keselläp ýa başga ýagdaý zerarly hajdan gidip bilmän galmagy ahmal*»[92]

Haj hijretiň dokuzynjy ýylynda parz edilýär. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) şol ýyl haja gitmeýär, ýerine haj emiri hökmünde Ebu Bekri (r.a) iberýär. Allah Resulynyň (s.a.w) hijretiň onunjy ýylynda ýerine ýetiren hajyna «Hoşlaşyk hajy» («Hajjetül-Weda») diýlip at berilýär. Bu Pygamberimiziň (s.a.w) ilkinji hem iň soňky hajydyr.

**Hajyň parz bolmagynyň şertleri**

1. *Musulman bolmaly*: Namaz, remezan orazasy we zekat ýaly beýleki ybadatlarda bolşy ýaly, hajyň kişä parz bolmagynyň ilkinji şerti onuň musulman bolmagydyr. Çünki Yslamyň ilkinji talaby iman getirip, musulman bolmak. Diňe şondan soň beýleki parzlary ýerine ýetirmäge rugsat berilýär. Şonuň üçin musulman bolmadyk kişilere haja gitmek parz däl, şeýle-de dinden çykan (mürted bolan) kişilere-de haj parz däl.
2. *Akyly ýerinde we kämillik ýaşyna ýeten bolmaly*: Şerigat boýunça diňe akyly ýerinde bolan kişilere jogapkärçilik bar. Şeýle hem ýaňy dünýä inen çaga diňe kämillik ýaşyna ýetenden soň Yslamyň hökümleri parz bolýar. Şonuň üçin akyl taýdan sagat bolmadyk kişilere we kämillik ýaşyna ýetmedik çagalara haj parz däl.

   Çagaka haja giden kişiniň haj borjy boýnundan aýrylmaýar. Kämillik ýaşyna ýetenden soň, eger gurby ýetse, täzeden haja gidäýmelidir.
3. *Azatlykda bolmaly*: Ýesirlere ýa-da gullara haj parz däl. Olara diňe beden arkaly berjaý edilýän ybadatlar parz. Haj bolsa, hem beden hem baýlyk arkaly ýerine ýetirilýän ybadat bolandygy sebäpli azatlykdan mahrum edilenlere parz däl.
4. *Wagt*: Zekatda, gurbanlykda, pitrede we baýram namazlarynda bolşy ýaly, haj ybadatyň ýerine ýetirilmeli wagty hem kamary ýyl hasaby boýunça hasaplanýar. Şoňa görä haj aýlarynda, ýagny şawwal (baýram), zülkade (boş aý) we zülhiçjäniň (gurban) başky on gününde haja taýýarlyk görülýär, ýola çykylýar, yhrama girilýär. Iň soňunda arafa güni Arafatda durmak we Käbäni togap etmek bilen haj ybadaty tamamlanýar. Galan aýlarda parz hajy üçin yhrama girmek bolmaýar we hajyň rükünlerini berjaý edip bolmaýar. Diýmek, beýleki şertler ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bar bolany bilen, heniz haj aýy başlamadyk bolsa, o kişä haj parz däl.
5. *Maddy taýdan üpjün bolmaly*: Haj parzyny berjaý etmek üçin kişiniň haja gidip gelere ýeterlik harajaty bolmaly. Hajyň parz bolmagy üçin zekat berip biljek derejede baý bolmak hökman däl. Ýagny hajyň parz bolmagy, kişiniň elindäki baýlygynyň «nisap» mukdaryna ýetip ýetmeýänligi bilen bagly däl. Haja

[92] Ahmet ibn Hanbal, «Müsned», 1/214

gitmäge we hajda wagty iýip-içmäge, şeýle-de yzynda galan maşgalasynyň gününi aýlara harajaty bolan islendik kişä haj parz bolýar

6. *Hajyň parzdygyny bilmeli*: Bu diňe musulmançylyk däpleri berjaý edilmeýän saýry ýurtlaryň ýaşaýjylaryna degişli. Musumlan ýurtda ýaşap, musulmançylyk däplerinden habarsyz gezen kişiniň «hajyň parzdygyny bilemokdym» diýmäge haky ýokdur.

Ýokarda sanalan «Hajyň parz bolmagynyň» şertleri ýerine ýeten ýagdaýynda kişä ömründe bir gezek haja gitmek parz bolýar.

**Hajyň dürs bolmagynyň şertleri**

Haja gitmek parz bolan kişiniň haj parzyny gönüden-göni özüniň ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan şertlere «hajyň dürs bolmagynyň şertleri» diýilýär. Olar:

1. *Beden taýdan sagdyn bolmaly*: Haja gitmek parz bolandan soň, kişi haj parzyny berjaý edip biljek derejede beden taýdan sagdyn we kuwwatly bolmaly. Ýogsa, haj parzyny gönüden-göni özi ýerine ýetirmek jogapkärçiligi onuň boýnundan aýrylýar.
   Agsak, maýyp, kör, ysmaz, haj gidip bilmejek derejede syrkaw ýa-da garry bolan kişä haj parz däldir. Sebäbi şuňa meňzeş ýagdaýda kişi özüniň haj parzyny birkemsiz ýerine ýetirip bilmeýär.
   Syrkaw bolup, soňundan oňatlaşaryn diýen umydy bar kişi haja gitmän garaşmaly we gutulandan soň gitmeli. Eger gutulgysyz kesele ýolugan bolsa, onda ol özüniň ýerine başga birini haja ibermeli ýa-da şeýtmegi wesýet etmeli. Eger syrkaw kişi özüniň ýerine başga birini haja ugradanyndan soň keselden gutulsa, onda özi gaýtadan haja gitmeli. Ýagny kesel wagty özgäni özüniň ýerine haja ugratmak bilen haj parzy onuň boýnundan aýrylmaýar.
2. *Haja gitmäge päsgelçilik bolmaly däl*: Tussag, daşary ýurda gitmäge gadagan edilen ýa-da häzirk döwürde bolşy ýaly, haj bijesi çykmadyk kişä haj parz bolmaýar. Çünki hajata gitmäge päsgelçilik bar. Emma bilgeşleýin şuňa meňzeş ýagdaýlara ýol berip, haj üçin öz-özüňe päsgelçilik döretmek günädir.
3. *Ýol howpsuzlygy üpjün edilen bolmaly*: Ýola çykmak hatarly bolany sebäpli haja gidip bilmedik kişniň boýnundan haj parzy aýrylýar. Emma ulag, gämi ýa-da uçar arkaly gidilýän ýollaryň islendik birinde howpsuzlyk üpjün edilen bolsa, onda kişi şol ýollar arkaly haja gitmäge borçludyr.
   Ýokanç keselleriň döremegi, uruş turmagy, ýolda talanmak howpunyň barlygy ýaly ýagdaýlarda hem adamyň janyna howp abanýandygy üçin, haja gitmek parz bolmaýar.
4. *Aýal maşgala talakdan soňky garaşylýan möhletinde (yddatda) bolmaly däl*: «Bâin» ýa «rij'î» talagy berlen ýa bolmasa adamsy aradan çykandygy sebäpli belli bir wagtlap durmuşa çykman garaşýan (yddatly) zenanlara haj parz däldir.
5. *Aýallaryň ýanynda mähremi bolmaly*: Ýaşu-garry, tapawudy ýok, eger aýal maşgala haja gitmekçi bolup, ýoluň uzaklygy 90 kilometrden artyk bolsa, onda onuň ýany bilen hökman mähremi gitmeli. Ýanynda ýoldaş hökmünde adamsy ýa mähremi gidip bilmejek aýala haj parz däl. 90 kilometrden ýakyn aralykda ýaşaýan zenanlar özbaşyna haja gidip bilýär.

Hajyň parzlary, wajyplary, sünnetleri, ihram, togap, arafatda durmak, müzdelifede durmak, «sa’ý»[93], şeýtan daşlamak (remiý) we ş.m. haj ybadatynyň däp-dessurlary bilen bagly meseleler ylmyhal kitaplarynda jikme-jik berilýär. Biz bu ýerde diňe haj ybadatynda aýallar bilen bagly ýüze çykýan meseleleriniň üstünde durup geçmekçi.

**Adamsy ýa-da mähremi bilen haja gitmäge mümkinçiligi bolmadyk aýal näme etmeli?**

Haj parzynyň şertlerini ýerine ýetirmäge gurby çatýan zenan eger durmuşa çykmadyk bolsa we durmuşa çykmakdanam umydyny üzen bolsa, ýa-da durmuşa çykan bolup adamsy onuň bilen haja gitmekden boýun gaçyrýan bolsa ýa gidip bilmeýän bolsa, şeýle-de ýany bilen mähremini alyp gitmäge-de mümkinçilik ýok bolsa, onda ol özüniň ýerine başga birini haja ugratmaly. Eger bu hem mümkin däl bolsa, onda öz ýerine başga biriniň haja ugradylmagyny wesýet etmeli.

Şeýle-de bolsa, şapygy mezhebine görä, aýal maşgala diňe parz hajyny berjaý etmek üçin ynamdar aýallardan düzülen topara goşulyp, haja gitmäge rugsat bar.

**Ýanynda mähremi bolmadyk ýagdaýda haja giden zenanyň hajy kabul bolýarmy?**

Zenan maşgalanyň ýanynda adamsy ýa-da mähremi bolman, haj parzy üçin 90 kilometrden uzak ýola çykmagy harama ýakyn mekruhdyr. Muňa garamazdan, zenanyň özbaşyna haja gitmegi kerahat (halanmaýan iş) bolmak bilen dürsdür.

**Aýalyň mähremi kimler?**

Aýalyň mähremi diýip hiç haçan nikasy düşmeýän ýakyn hossarlara aýdylýar. Kakasy, atasy, ogly, agtygy, dogany, agasy, daýysy, doganlarynyň çagalary, giýewsi, gaýyn atasy, süýt emdireni, süýt emşeni – aýalyň mähremleridir.

**Zenany haja alyp gitjek mähremi haýsy sypatlara eýe bolmaly?**

Zenany haja alyp gidýän mähremi musulman, akyly ýerinde, kämillik ýaşyna ýeten we ynamdar kişi bolmaly. Esasanam, häzirki döwürde pitne howpunyň ýüze çykmagyndan ägä bolmaly. Şonuň üçin zenanyň mähremi edepli, ynamdar biri bolmaly.

**Aýalyň ýany bilen haja gitjek mähreminiň ýol harajatyny kim çekmeli?**

Aýalyň ýany bilen haja gidýän mähreminiň ýol harajatyny aýalyň özi çekmeli. Şu sebäpden aýalyň ýoldaş hökmünde mähremini hem alyp gitmäge-de gurby ýetmeli.

Emma aýalyň ýany bilen haja gitjek mähremi öň haja gitmekdik bolsa we aýal bilen bile olam parz hajyny ýerine ýetirýän bolsa, beýle ýagdaýda mährem kişi ýol harajatyny öz çekmeli.

**Adamsy rugsat bermelimi?**

Hakyň hatyrasy elmydama-da bendäň hatyrasyndan ýokarydyr. Şonuň üçin parz ybadatlary berjaý etmek üçin aýal maşgala adamsyndan rugsat almaga borçly däl. Adamsy rugsat bermäýeninde-de ol ýanyna mähremini alyp, haja gidip bilýär. Başgaça aýdanyňda, haja gitmäge gurby ýetýän aýal maşgalany adamsy hajdan alyp galyp bilmeýär. Beýle diýilse, adamyňa habar bermän haja gidibermeli diýip düşünmeli däl. Zenan maşgala haja gitmek meselesini ilkinji nobatda adamsy bilen maslatlaşmaly.

---

[93] «Sa’ý» arap dilinde «Ylgaman çalt ädimläp ýöremek» diýen manyny aňladýar. Fykyh ylmynda Safa bilen Merwe depelerine ýedi gezek baryp gelmeklige «sa’ý» diýilýär.

Nepil hajynda bolsa, beýle däldir. Nepil hajyna gitmekçi bolýan zenan adamsyndan hökman rugsat almaly.

**Yddat möhletine garaşýan zenan haja gidip bilýärmi?**

Adamsy bilen aýrylyşanygy ýa-da adamsy aradan çykandygy üçin yddat möhletine garaşýan zenan haja gidip bilmeýär. Sebäbi ol aýal yddat möhletini adamsynyň öýünde tamamlamaly. Eger ildeşleri haj üçin ýola çykmazdan ozal aýalyň yddat möhleti tamamlansa, onda haja gidip bilýär. Eger ýetişmese, haja indiki ýyl gitmeli.

**Aýbaşy sebäpli «Hoşlaşyk» togabyny ýerine ýetirip bilmeýän zenanlar näme etmeli?**

Beýle ýagdaýda aýala «Hoşlaşyk» togaby parz bolmaýar. Sebäbi «Hoşlaşyk» togabynyň parz bolmagynyň şertleriniň biri hem, aýalyň aýbaşyly ýa-da çileli bolmazlygydyr. Emma zenanyň aýbaşysy Mekgeden gaýtmazdan ozal kesilse, onda «Hoşlaşyk» togabyny berjaý edip bilýär.

**Hajda wagty adamsy ýa-da mähremi aradan çykan zenan näme etmeli?**

Hajda wagty adamsy ýa-da ýanynda bile giden mähremi aradan çykan zenan «muhsar» hasaplanýar. Ýagny hajda wagty gadagan edilen hereketlere ýol berlen ýaly mejbur ýagdaý ýüze çykýar we aýal jeza gurbanlygyny soýduryp, yhramdan çykmaly bolýar.

**Aýal başga biriniň ýerine haja gidip bilýärmi?**

Adamsyndan rugsat alan zenan ýanynda-da mähremi bar bolsa, başga biriniň ýerine haja gidip bilýär. Munuň bilen birlikde, haja gidip bilmeýän erkek adamyň öz ýerine aýal maşgalany haja ugratmagy mekruhdyr. Sebäbi aýalyň hajy bolmak mertebesi erkege garanyňda birneme kemter gaýdýar hem hupbatly bolýar. Meselem, aýallara telbiýäni gaty ses bilen aýtmak bolmaýar, şeýle-de remel ýa-da herwele ýaly haj däpleri olar üçin gadagan edilendir.

*Haj däpleri boýunça aýallaryň erkeklerden tapawutlanýan ýerleri:*

1. Aýallar yhramly wagty islendik geýim geýip bilýär. Başlaryny örtýärler, ýöne ýüzi ýapmak bolmaýar. Mundan daşgary, ýüzlerini açyk goýmak şerti bilen bürenjegem atynyp bilýärler. Gepiň gysgasy, olara erkek adamlar ýaly yhrama girenlerinde tikinsiz geýim geýmek parz däl.
2. Telbiýe we tekbiri gaty ses bilen aýtmaýarlar.
3. Aýallarda gaty ses bilen telbiýe aýtmak parz däl. Şonuň üçin olar yhrama girende diňe niýet edýärler.
4. Togapda «yztyba»[94] we «remel»[95], «sa'ýda» bolsa «herwele[96]» ýok.
5. Zenanlar yhramdan çykmak üçin saçyny syrmaýar. Muňa derek saçlarynyň başyň dörtden birine barabar bolan böleginden barmagyň ujy ýaly kesip aýyrýarlar.
6. Erkekleriň arasyna girmeli bolsa, «Gara» daşa öpmän uzakdan salam berýärler.

---

[94] Yhram geýiminiň bedeniň bilden ýokarysyny örtýän böleginiň bir ujuny sag egniň aşagyndan geçirip, çep egniňe atmak bilen sag egniňi we goluňy ridanyň daşyna çykarmaklyga «yztyba» diýilýär.

[95] Yz ýany bilen «sa'ý» berjaý edilýän togaplaryň başky üç aýlawynda erkekleriň sähel ylgawa gelip, dabaraly ýagdaýda eginlerini silkeläp ýöreýşine «remel» diýilýär.

[96] «Sa'ý» edýän erkeklere «Herwele» sünnetdir. Safa bilen Merwe depeleriniň arasynda ýerleşýän iki ýaşyl sütüni çalt ýöräp geçmeklige «Herwele» diýilýär.

7. Erkekleriň yhramly wagty başlary hökman açyk bolmaly. Aýallaryňky bolsa hökman ýapyk bolmaly.
8. Zyýarat togabyndan soň aýbaşy ýa çilelik ýagdaýy ýüze çykyp, Mekge gaýtmaly wagtam gelip ýeten bolsa, onda zenan maşgala «Hoşlaşyk» togabyny ýerine ýetirmek parz bolmaýar. Munuň üçin jeza gurbanlygy hem gerek bolmaýar

**Haja gidýän aýallar nämä üns bermeli?**

Ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly, haja gitmäge gurby ýetýän aýal maşgalanyň ýanynda adamsy ýa-da mähremi gidip biljek bolsa, onuň üçin haj parz bolýar.

Galyberse, zenanlar haj parzyny berjaý edýän wagty erkek adamlara golaý barmajak bolmaly, käbäniň daşyndan aýlanylýan çägiň (matafyň) iň çetinde togap etmeli we parz bolan «zyýarat» togabyny berjaý etmäge mümkinçilik ýok bolsa, erkekleriň arasyna girip togap etjek bolmaly däl. Esasan, «Gara» daşy (Hajerül’l-Eswed) ellejek bolup, erkekleriň arasyna girmek aýallar üçin uslyp däldir.

**Aýbaşyly zenan haj parzyny nähili berjaý etmeli?**

Aýbaşysy başlan zenan «zyýarat» togapdan galan ähli haj däplerini ýerine ýetirip bilmeýär. Şeýle ýagdaýda «Zyýarat» togaby gijikdirilýär we aýbaşydan tämizlenip onsaň berjaý edilýär. «Zyýarat» togaby gijikdirileni üçin, gurbanlyk jezasy berilmeýär.

«Togap» däplerini aýbaşydan tämizlenip, onsaň berjaý etmek hanefilere görä wajypdyr, galan mezheplere görä bolsa parzdyr[97]. «Zyýarat» togabyndan soň aýbaşy başlasa, «hoşlaşyk» tobagy mejbury ýagdaýda terk edilmeli bolýar. «Zyýarat» togabyndan öň aýbaşy başlasa welin, onda käbäni togap etmek haram bolýar. Munuň bilen birlikde, hanefilere görä, aýbaşy wagty berjaý edilen «zyýarat» togaby hem dürsdür, emma beýle ýagdaýda hökmany suratda iri baş gurbanlyk soýdurmaly.

Bu aýdylanlardan şeýle netije çykarmak bolar: Mekgeden gaýtman, aýbaşy gutaransoň togap etmäge mümkinçiligi bar bolan zenanlar aýbaşyly ýagdaýda «zyýarat» togabyny berjaý etmeli däl. Emma şonda-da aýbaşyly bolup, «zyýarat» togabyny berjaý etseler ýa-da beýtmäge mejbur bolsalar, onda olara iri baş gurbanlyk soýdurmak parz bolýar. Esasanam, häzirki wagtda topar bolup haj gidýän hem-de Mekgeda uzak wagt galmaga mümkinçiligi bolmadyk zenanlara şeýle ýeňillikden peýdalanmak maslahat berilýär.

Käbäni togap edýän wagty aýbaşy başlasa, şobada togaby bes edip yhramdan çykmaly. Soňundan, eger togabyň başky dört aýlawyny (şawt) tamamlamadyk bolsa, togabyň kazasy alynýar. Eger käbäni togap edip duran mahaly aýbaşysy gelibem, togaby dowam etdirse, onda haram iş edildigi bolýar we munuň üçin iri baş gurbanlyk soýdurmaly bolýar. Eger başky dört aýlawyny tamamlan bolsa, şonda-da ýene togaby bes etmeli, ýöne galan üç aýlawyny ýerine ýetirip bilmändigi sebäpli gurbanlyk soýdurylmaýar. Sebäbi hanefilere görä, başky dört aýlaw (şawt) parz, galan üç aýlaw (şawt) bolsa wajypdyr.

**Gurply baý aýal haja gitmekçi bolsa, adamsy ony hökman haja alyp gitmelimi?**

[97] Sarahsy, «El-mebsût», 5/38

Beýle mejburlyk ýok, sebäbi erkek üçin şerigat tarapyndan beýle borçlandyrma ýok. Munuň bilen birlikde, eger aýaly haja gitmek isleýän bolsa oňa kömek bermek ýa-da mümkinçilik bolsa, ýany bilen mähremini ibermek erkek adamyň ynsanlyk borjudyr.

## GURBANLYK

### Gurbanlygyň ähmiýeti

«Gurbanlyk» arap dilinde «aralaşmak, Allaha aralaşmagyň serişdesi» diýen manyny berýär. Fykyh terminologiýasynda bolsa, ybadat maksady bilen, belli bir wagtda, belli bir häsiýetleri özünde jemleýän haýwany düzgüne laýyklap soýmaklyga «gurbanlyk» diýilýär. Gurban baýramynda (başky üç gün) belli bir häsiýetleri özünde jemleýän we Alla üçin soýulan gurbanlyk mala arap dilinde «udhiýýe» diýilýär.

Gurbanlyk hökmünde soýulmaga rugsat berilýän mallar şular: düýe, sygyr, gäwmiş, goýun we geçi. Goýundyr geçi bir ýaşyny, sygyrdyr gäwmiş iki ýaşyny, düýe bolsa bäş ýaşyny dolduran bolmaly. Şeýle hem alty aýlyk guzy eger enesi ýaly daýaw bolsa, ony hem gurbanlyk hökmünde soýmak bolar.

### Gurbanlyk bermegiň hökümi

Kurany Kerimdäki: *«Allanyň özlerine rysgal edip beren gurbanlyk haýwanlarynyň (damagyny çalanlarynda) Allanyň adyny agzamaklary üçin, her ymmata gurbanlyk çalmagy ybadatyň bir görnüşi edip goýduk»* [98] diýen aýatdan görnüşine görä, gurbanlyk bizden öň ýaşap geçen ymmatlara hem parz edilipdir. Kurany Kerimde gurbanlyk däbiniň her dinde bolandygyny aýratyn nygtalmak bilen bir hatarda adamzat taryhynda gurbanlyk bilen bagly ýüze çykan dürli-dürli wakalaram gürrüň berilýär. Meselem: Adam atanyň ogullarynyň ikisi Allah üçin «gurbanlyk» berýär, emma olaryň biriniň «gurbanlygy» kabul edilýär, beýlekisiniň «gurbanlygy» kabul edilmäýär[99]. Mundan başga-da, Kurany Kerimde çeperçilk bilen tewsirlenşi ýaly, hezreti Ybraýyma düýşünde ogluny gurban etmek buýrulýar, ataly-ogul akýürekden Haka boýun bolup, bu emri berjaý kylmaga girişen mahaly hezreti Ysmaýylyň ýerine gurban edilmek üçin gökden gurbanlyk mal inderilýär[100].

Şunlukda, bizden öňki ymmatlara parz kylynan gurbanlyk «*Indi sen Perwerdigäriň üçin namaz oka (ybadat et) we gurbanlyk çal*![101]» aýatynyň emri boýunça Muhammet ymmatyna hem parz kylynýar. Şoňa görä, gurbanlyk çalmak hanefi mezhebine görä *wajyp*, beýleki mezheplere görä-de terk edilse halanmaýan *müekket sünnet.* Sebäbi gurbanlygyň terk edilse halanmaýan ybadatdygy juda köpsanly hadyslara esaslanýar. Meselem: Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) bir hadysynda: *«Güýji ýetibem gurbanlyk çalmaýan kişi biziň namazgähimize ýakynlaşmasyn!»* diýilýär. Ýene bir rowaýatda bolsa, Allah Resuly (s.a.w) gurbanlyk çalan bir adama ýene-de gurbanlyk çalmagy buýrupdyr[102]. Bu rowaýatda Pygamberimiziň (s.a.w) ikilenji gezek janly öldürmegi buýurmagy, gurbanlyk çalmagyň wajypdygyny görkezýär.

Galyberse, Pygamberimiz (s.a.w) gurbanlyk çalmagyň parz edilen hijretiň ikinji ýylyndan başlap, tä aradan çykýança her ýyl Gurban baýramynda gurbanlyk

---

[98] Haj süresi, 22/34
[99] Mäide süresi, 6/27-29
[100] Saffär süresi, 37/101-107
[101] Köwser süresi, 108/2
[102] Ymam Mälik, «Muwatta», 4-5

kesipdir[103]. Bu hem eýýäm gurbanlygyň juda möhüm ybadat bolup durýandygyny doly delillendirýär.

**Näme üçin gurbanlyk edilýär?**

Kurany Kerimiň: «*Hiç haçan gurbanlyklaryň eti we gany Alla baryp ýetmez. Oňa diňe siziň takwalygyňyz gelip ýeter*» [104] diýen aýatyna görä, gurbanlyk diňe Alla üçin we Alla ýakyn bolmak üçin kesilýär. Allatagala hiç bir ybadata, şol sanda biziň kesjek gurbanlygymyza-da mätäç däl. Haktagala esasy biziň niýetimize we takwamyza ähmiýet berýär. Şonuň üçin etden garnyňy gabartmak üçin däl-de, Allany razylygyny gazanmak üçin gurbanlyk kesilýär. Hut şu sebäpden Gurbanlyk baýramynda eti üçin soýulýan mal gurbanlyk hasaplanmaýar. Galyberse, şärikleşip gurbanlyk berýänleriň arasynda diňe et üçin goşulan biri bar bolsa, onda beýleki şärikdeşleriň hem gurbanlygy kabul bolmaýar.

**Gurbanlygyň sogaby**

Gurbanlygyň sogaby bilen bagly hadyslarda külli musulman ymmatyna juda şatlykly habarlar aýdylýar. Musulmanlaryň enesi hezreti Äşäniň (r.a) adyndan rowaýat edilýän hadysda şeýle diýilýär: «*Gurban baýramynda musulman bendesiniň eden hiç bir işi Alla üçin gurbanlyk ganyny akytmakdan has ýakymly bolmaz. Sebäbi soýulan mal kyýamat gün şahly, ýüňli we toýnakly bolup geler. Soýulan malyň gany ýere dammazdan Allahyň dergähinde beýik mertebä çykar. Şonuň üçin göwnühoşluk bilen gurbanlyklaryňyzy kesiň!*» [105] . Munuň bilen bagly ýene bir rowaýatda bolsa, gurbanlyk çalmagyň sogaby barada soralan sowala Pygamberimiz (s.a.w): «*Her gylyna sogap beriler*» diýip jogap berýär. Onsaň, sahabalar meseläni hasam aýdyňlaşdyrmak üçin: «Ýa Resulallah? Ýüňüniňmi?» diýip sorapdyrlar. Pygamberimizem (s.a.w): «*Ýüňüniň her gylyna sogap bar*» diýipdir[106]. Ýene bir rowaýatda bolsa, Pygamberimiz (s.a.w) hezreti Patmanyň (r.a) gurbanlygy kesiljek bolup durka oňa: «*Tur, gurbanlyk üçin soýuljak malyň ýanyna bar. Damagy çalnyp, ilkinji damja gany akdygy eýýäm seniň öňki günäleriň bagyşlanar*» diýipdir[107]. Gurbanlyk üçin soýulan malyň öz eýesini üstüne mündirip syrat köprüsinden geçirjekdigi hem Pygamberimiziň (s.a.w) hadysynda[108] aýdylyp geçilýär.

**Gurbanlygyň peýdasy**

Her ybadatda bolşy ýaly, gurbanlyk çalmagyň ynsanyň şahsy hem jemgyýetçilik durmuşyna oňyn täsiriniň bardygy şeksizdir. Kurany Kerimiň *«Allanyň özlerine rysgal edip beren gurbanlyk haýwanlarynyň (damagyny çalanlarynda) Allanyň adyny agzamaklary üçin, her ymmata gurbanlyk çalmagy ybadatyň bir görnüşi edip goýduk»*[109] aýatynda gurbanlyk üçin malyň damagy çalnanda Allanyň beýik adynyň agzalmagy buýrulýar. Şeýle hem bu aýatdaky sözlerden ýer ýüzünde ýaşaýan haýwanlaryň ählisiniň Allatagalanyň mülküne degişlidigini, ynsana merhemet edileni üçin janly-jandarlaryň onuň hyzmatyna berilendigini we ynsanda şular ýaly

---

[103] Tirmizi, «Edâhî», 11
[104] Haj süresi, 22/37
[105] Tirmizi, «Edâhî», 1
[106] Ibn Maje, «Edâhî», 3
[107] Hakim,«Müstedrek», IV, 274
[108] Deýlemi, «el-firdews bi mensuri’l-hitâp», 1/85
[109] Haj süresi, 22/34

düşünjeleriň döremegine sebäp bolýandygy üçin gurbanlyk soýmagyň emir edilýändigini aňlamak bolýar.

Gurbanlyk etmek diýmek janyň-teniň bilen Hakyň ýoluna berilmek, Alla üçin hiç zadyňy gaýgyrmazlyk diýmekdir. Pidagärligiň şeýle beýik nusgasy hezreti Ybraýym bilen Ysmaýylyň keşbinde öz beýanyny tapypdyr. Gurbanlyk Alla boýun bolmak duýgusyny terbiýeleýär. Munuň saýasynda ynsan öz Perwerdigäriniň guludygyna düşünýär we onuň öňündäki gulluk borjuny berjaý etmäge durýar. Şeýdibem Alla ýakynlaşýar.

Gurbanlyk jemgyýetde dostluk-doganlyk, jebislik, arkalaşyk, adalatlylyk we mähir-mubabbet ýaly duýgularyň ösmegine ýardam berýär. Halkyň ýokary gatlak bilen aşaky gatlaklarynyň arasynda uçurymyň döremeginiň öňüni alýar we dürli gatlakdaky adamlaryň ysnyşmagyny ýola goýýar.

Gurbanlygyň adamyň saglygyna gönüden-göni täsir edýän kadaly iýmitlenmegiň üpjün edilmeginde hem ähmiýeti uludyr. Sebäbi adaty ýagdaýda et iýmäge gurby ýetmeýän garyp maşgalalar Gurban baýramy mynasybetli et iýmäge mümkinçilik tapýar. Hatda diňe bir ýurduň çägindäki däl, daş ýurtlardaky garyp maşgalalara-da gurbanlyk eti paýlanýar. Elbetde, gurbanlygyň maldarçylyk pugadyna we ykdysady önümçilige ýetirýän täsiri hem az-küş däl bolsa gerek.

**Gurbanlyk çalmak kime wajyp?**

Gurbanlyk çalmagyň wajyp bolmagynyň şertleri:

1. *Musulman bolmaly*: Bu şert ybadatlaryň ählisinde bar. Eger kişi Gurban baýramynyň üçünji güni gün batmazdan öň Yslamy kabul edip, musulman bolsa we gurbanlygyň wajyp bolmagynyň beýleki şertleri-de ýerine ýetýän bolsa, onda ol gurbanlyk bermeli.
2. *Akyly ýerinde we kämillik ýaşyna ýeten bolmaly*: Çagalara we akyl taýdan näsaglara gurbanlyk etmek wajyp däl. Munuň bilen birlikde kişiniň öz çagasy üçin gurbanlyk kesdirmegi müstehapdyr.
3. *Mukym bolmaly*: Ýagny saparda bolmaly däl. Sapardaky kişi gurbanlyk kesmäge borçly däl. Emma saparda bolsa-da, kişi islese özbaşyna ýa-da mukymlara goşulyp gurbanlyk kesip bilýär. Bu mesele babatynda beýleki mezheplerda mukym bilen saparynyň arasynda tapawut ýok.
4. *Maddy taýdan ýeterlik baýlygy bolmaly*: Hanefi mezhebine görä, kişini gurbanlyk kesmäge borçly edýän baýlyk mukdary zekatda we pitre sadakasynda talap edilýän baýlyk mukdary bilen deňdir. Muňa «nisap» mukdary diýilýär. Kişiniň baýlygy zerur hajatlaryndan daşgary 85 gram (20 mysgal) altyna ýa-da 200 dirhem kümüşe ýetýän bolsa, onda ol gurbanlyk etmeli. Fykyhçy alymlaryň esasy köplüginiň garaýşyna görä, gurbanlyk kesmäge borçlandyrýan baýlygyň zekatda bolşy «üstünden bir ýyl geçmegi» we «artýan hilde bolmagy» hökman däl. Diýmek, Gurban baýramynyň ilkinji üç güni kimiň baýlygy «nisap» mukdaryna ýeten bolsa, üstünden bir ýylyň geçerine garaşman hökman gurbanlyk çalmaly.

**Gurbanlyk çalmak aýallara-da wajypmy?**

Ýokarda sanalan şertlere görä, gurbanlyk çalmak babatynda aýal bilen erkegiň arasynda tapawut ýok. Başgaça aýdanyňda, akyly ýerinde, kämillik ýaşyna ýeten,

mukym we baý her bir musulman zenanyna gurbanlyk çalmak wajypdyr. Ady belli hanefi fykyhçysy Kasany gurbanlyk çalmagyň wajyplyk şertlerini sananyndan soňra sözüni şeýle jemleýär: «Sanalan bu şertler aýal bilen erkek üçin des-deňdir. Sebäbi bu mesele bilen bagly delillerde aýal bilen erkegi biri-birinden parhlandyrylmandyr». Ýeri gelende şuny hem ýatladyp geçeliň, adamsynyň baý bolmagy aýaly gurbanlyk kesmäge borçlandyrmaýar. Il arasynda bir ýyl adamsy gurbanlyk berse, indiki ýyl aýaly gurbanlyk bermeli diýen ýalňyş düşünje hem bar. Maşgalanyň baýlygy diňe erkege degişli, şonuň üçinem her ýyl gurbanlygy erkek adamyň özi bermeli. Aýalyň öz hususy baýlygy bar bolsa, onda olam gurbanlyk etmeli. Galyň, mirasdan düşen paý, zähmet çekip gazanylýan pul – aýalyň öz hususy baýlygydyr. Elbetde, maşgalabaşynyň güýji ýetýän bolsa, aýaly üçin hem gurbanlyk berip bilýär.

**Malyň damagyny aýal çalsa bolýarmy?**

Malyň damagyny çalýan kişi hökman erkek göbekli bolmaly diýen şert ýok. Şonuň üçin aýallaram edil erkekler ýaly, öz elleri bilen malyň damagyny çalsa bolýar. Diňe aýallar däl, hatda kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaram eger malyň damak çalnyşynyň düzgünlerinden baş çykarýan bolsa, mal soýsa bolar. Bu ýerde esasy zat düzgün boýunça malyň damagyny çalmagy başarmak. Onsoňam, aýallara mal soýmagyň rugsat berilendigini görkezýän hadyslaram bar. Meselem: Mugaz ibn Sagdyň (r.a) rowaýat etmegine görä, Kagp ibn Mäligiň (r.a) çorusy Sel daglarynda goýun bakyp ýörkä, goýunlarynyň biri pyçaga gelipdir. Çory kesgir daş bölegi bilen goýunyň damagyny çalyp ýetişipdir. Soň Allah Resulyndan «Goýunyň etini nädeli?» diýip (s.a.w) sorapdyrlar. Allah Resuly (s.a.w): «Etini iýiberiň, hiç zadam bolmaz»[110] diýip jogap beripdir. Buharynyň kitabynyň baplarynyň birinde rawylar zynjyryny taşlamak ýoly bilen beýan eden hadysyna görä bolsa, Ebu Musa Eşgary (r.a) öz gyzlaryna gurbanlyk mallarynyň damagyny özleriniň çalmaklaryny, aýaklary bilen malyň boýnundan basmaklaryny we damagyny çalýan mahaly «Bismilläh» diýip, tekbir aýtmaklaryny berk sargapdyr[111].

Käbir fykyhçy alymlar bolsa, aýallara damak çalmaga rugsat bardygyny we olaryň soýan malynyň etiniň halal bolýandygy aýratyn nygtamak bilen birlikde maly erkek adamyň soýmagynyň müstehapdygyny aýdýarlar. Bu ýerde erkek adam aýal maşgala garanyňda has güýçli, şonuň üçinem damak çalmak işini has ezberlik bilen ýerine ýetirer diýen düşünjä esaslanylýar. Ymam Mälik gurbanlyk malyny aýal maşgalanyň soýmagyny mekruh hasaplapdyr. Ymam Şapyga görä bolsa, gurbanlyk malyny erkek adamyň soýmagy aýalyň soýmagyndan has sogaplypdyr. Edil şonuň ýaly hem şapygy mezhebinde kişiniň gurbanlyk malyny özüniň soýmagy müstehabam bolsa, aýal maşgalanyň öz gurbanlyk malyny erkek adama soýdurmagy müstehapdyr[112].

Rowaýatlarda habar berilmegine görä, Pygamberimiz (s.a.w) öz maşgala agzalarynyň gurbanlyk malyny özi soýupdyr. Galyberse, Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) hezreti Patma: « *Tur, gurbanlyk üçin soýuljak malyň ýanyna bar. Damagy çalnyp, ilkinji damja gany akdygy eýýäm seniň öňki günäleriň bagyşlanar*» diýip aýdan sözleri hezreti Patmanyň öz gurbanlyk malyny başga birine soýdurandygyna güwa geçýär.

---

[110] Ymam Mälik, «Muwatta», «Zebaih», 4
[111] Buhary, «Edâhî», 10
[112] Ymam Newewi, «el-Mejmû», 8/405

Aýal maşgala ýaradylyş taýdan ejiz bolýar, ine meseläniň örküji şu ýerde. Sebäbi aýal-a aňyrda dursun, hatda erkek adamam eline pyçak alyp, gaşyny çytman malyň damagyny çalyp bilmese gerek. Iri ýa-da ownuk baş mallar beýlede dursun, towugy soýup bilmeýän erkekler bar. Ynha, erkekleriň ýaýdanýan ýerinde ýaradylyş taýdan ejiz, näzik bolan aýalara gurbanlyk malyny soýmak hasam kyn düşjekdigi jedelsiz ahyry. Halkyň däp-dessury hem biziň bu aýdýanlarymyzy tassyklaýar. Şonuň üçin zenanlara mal soýmaga rugsat baram bolsa, olaryň bu işde döwtalap bolmazlygy has dogrudyr.

**Gurbanlyk mal nähili soýulýar?**

Şerigatyň düzgünlerine laýyklap mal soýlanda ilki bilen «Bismilläh, Allahu Ekber» diýilýär, soňra «*Ewdâj*» kesilýär. Boýnunyň iki tarapyndan geçýän iki uly arteriýa damary, dem alyş turbasy we iýmit turbasy – malyň bu dört agzasy «*Ewdâj*» diýlip atlandyrylýar. Damagy çalnan malyň bu dört agzasy hökman kesilmeli. Munuň bilen birlikde üçüsi, ýagny dem alyş turbasy, iýmit turbasy we iki arteriýa damaryň biri kesilse-de ýeterlik.

Malyň damagyny ýeňsesinden çalmak mekruhdyr. Ýeňseden damagy çalnan mal ýokarda agzalan dört agza kesilmezden öň ölen ýagdaýynda maslyk hasaplanýar. Şonuň üçin malyň äňiniň aşagyndan damagy çalynýar.

Malyň kütek gezlik bilen damagyny çalmak, güýlüp ýere ýatyrandan soň pyçagy ýitilemek, soýuljak ýerine aýagyndan süýräp eltmek, damagy çalnanda zor salyp boýnuny omurmak, jany çykmanka kellesini goparyp aýyrmak we jany çykmanka hamyny sypyrmak mekruhdyr.

**Gurbanlyk çalnanda nämä üns bermeli?**

1. Maly soýuljak ýerine ynjytman eltmeli. Damagy çalnanda çepine ýatyryp, kybla bakdyrmaly.
2. Gurbanlyk malyny eýesiniň hut özüniň soýmagy, ýa-da musulman birini soýdurmagy we soýulýan mahaly başynda durmagy müstehapdyr.
3. Gurbanlyk soýýan kişi maly gynamaly däl. Pyçak ýiti bolmaly we ony mala görkezmeli däl. Damak çalynmanka «Bismilläh, Allahu Ekber» diýmeli.
4. Gurbanlyk janlysyny başga birine soýdurýan kişi mal öldürlenýän aýdylýan tekbire goşulmaly. Kişi eger malyň damagyny çalýan mahaly bilgeşleýin «Bismilläh, Allahu Ekber» diýmese, hanefi mezhebine görä şol malyň etinden iýmek bolmaýar. Emma «Bismilläh, Allahu Ekber» diýmek ýatdan çyksa, günä ýok.
5. Damagy çalnan maly gynamazlyk üçin, bütinleý hereketden galýança, ýagny jany doly çykýança hamyny sypyrmaly däl. Gurbanlyk edýän kişi malyň soýlan gün ilki bilen bagyr-öýken bişirip nahar edinse, has ýagşy bolar.
6. Pygamberimiz (s.a.w) gurbanlyk malyň soýulmagy bilen bagly şeýle diýipdir: *«Allatagala her bir zadyň yhsan bilen (ýagşylyk bilen, ezberlik bilen we Allahyň hödür edilýän şekilde) ýerine ýetirilmegini isleýär. Şonuň üçinem malyň damagyny çalanyňyzda, yhsan duýgusyny ýitirmäň. Kim malyň damagyny çalýan bolsa, pyçagyny mäkäm ýiteltsin we soýjak malyny kösemesin»*[113]

[113] Müslim, «Saýd», 57

7. Sygyr, gäwmiş, goýun we geçi toparlaryna girýän mallar güýlünip, äňiginiň aşagyndan damagy çalynýar. Şu görnüşde damak çalmaklyga arap dilinde «zebh» diýilýär. Düýäni aýagynyň üstünde durka, çep öň aýagyny daňyp, döşüniň üstünden damagy çalýarlar. Damak çalmagyň bu görnüşine bolsa, arap dilinde «nahr» diýilýär. Damagy çalnandan soň malyň gany doly akyp gutarýança garaşmaly.

**Aýal maşgala başga biriniň ýerine gurbanlyk çalsa bolýarmy?**

Mal-mülk bilen bagly ybadatlary özgäniň ýerine berjaý etmäge rugsat berilýär. Gurbanlyk hem mal-mülk bilen bagly ybadatlara degişli. Şoňa görä, kişi gurbanlygyny islese özem soýup bilýär, islese başga birine-de soýduryp bilýär. Özgäniň gurbanlyk malyny soýýan kişi erkegem bolup bilýär, aýalam. Ýagny aýal özüniň gurbanlyk malyny özi soýup bilýär. Edil şonuň ýaly özgäniň gurbanlyk malyny-da soýup bilýär.

**Aýbaşyly aýal gurbanlyk çalyp bilýärmi?**

Aýbaşy ýagdaýy namaz, oraza, togap ýaly käbir ybadatlara bökdençlik döredýänem bolsa, gurbanlyk çalmaga hiç hili bökdençilik döretmeýär. Şonuň üçin aýal aýbaşyly bolsun bolmasyn gurbanlyk çalyp bilýär.

**Bir maşgalada är-aýalyň ikisem gurbanlyk etmelimi?**

Gurbanlyk etmek baý bolan her bir musulman kişä wajyp. Ýagny Gurban baýramynyň başky üç gününde 85 gram altyna ýa-da şoňa barabar baýlyga eýe bolan her bir musulman kişi gurbanlyk çalmaga borçly. Şol sebäpden bu ýerde gep kişiniň durmuşa çykyp-çykmanynda ýa-da öýlenip öýlenmändiginde däl-de, baý bolmagynda. Ýagny är-aýalyň hersiniň aýratyn baýlygy bar bolsa, onda her ikisi aýratyn gurbanlyk çalmak. Çünki beýle ýagdaýda olaryň ikisine-de gurbanlyk etmek wajyp bolýar.

**Çatynjalaryň nobatlaşyp, her ýyl biriniň gurbanlyk etmegi dogrymy?**

Häzirki döwürde käbir ýerlerde bir ýyl adamsy, soňky ýyl aýaly, şeýdip nobat boýunça gurbanlyk çalmaly diýen ters ýöreläge eýerýänlere duş gelinýär. Şerigatda beýle düzgün ýok. Sebäbi nobat boýunça gurbanlyk edýän çatynjalaryň ýa ikisem gurply bolmaly, ýa ikisem garyp bolmaly ýa-da biri garyp bolup beýlekisi gurply bolmaly. Eger çatynjalaryň ikisem gurbanlyk wajyp boljak derejede baýlyga eýe bolsa, ýagny erkegiň-ä öz baýlygy bar bolsa, aýalyňam diýeli miras galan baýlygy bar bolsa, onda olaryň hersi aýratyn gurbanlyk çalmaly. Muňa garamazdan olar nobat boýunça gurbanlyk etseler, onda her ýyl biri özüniň dini borjuny berjaý etmedigi bolýar. Eger çatynjalaryň biri baý bolup, beýlekisi garyp bolsa, onda her ýyl olaryň haýsy baý bolsa, diňe şol gurbanlyk çalmaly. Gurbanlyk çalmaga borçly bolan kişi gurbanlyk çalmadyk ýagdaýynda ýyl saýyn bergisi üstüne münýär. Şeýlelikde geçen gurbanlyklary puly sadakasy hökmünde bermek wajyp bolýar. Eger çatynjalaryň ikisem garyp bolsa, onda ýokarda agzalýan nobatlaýyn gurbanlyk däbini ýöretmegiň hiç hili zyýany ýok. Sebäbi beýle ýagdaýda çalynan gurbanlyk nepil gurbanlyk bolýar.

## KURANY KERIM

Kurany Kerim bütin älemleriň Perwerdigäri bolan Haktagalanyň öz gullaryna eçilen sansyz nygmatlarynyň iň gymmatlysydyr. Kurany Kerimiň öwüt-ündewleri

adamzady dogry ýola gönükdirýär, hak bilen nähakyň arasyny aýyrmagy öwredýär. Kuran musulmanlaryň ruhuna rehmet we şypadyr, takwa eýelerine ýolgörkezijidir. Pygamberimiz (s.a.w) şeýle diýipdir: «*Kuranyň sözleýiş terzinde sözlän kişi dogry sözledigi bolar. Onuň ýoluna eýeren kişi hökman bagt tapar. Oňa esaslanyp hüküm çykaran kişi adalatly hüküm çykardygy bolar. Kim oňa çagyrylsa, dogry ýola çagyryldygy bolar*»[114]

Kuran düýp-teýkary bilen pähim-parasada ýugrulan kitap. Ol adamlary oýlanmaga iterýär. Ynsanyň hak ýoldan çykman ýaşamagyny üpjün edýär. Kuran iki dünýä bagtynyň girewidir. Emma munuň şeýledigine göz ýetirmek üçin, oňa çyn ýürekden berilmeli. Kalbyň bilen gulaga öwrülip, onuň sözlerine gulak goýmaly.

Şonuň üçin Kuran okamakçy bolýan kişi ilkinji nobatda onuň Hak kelamydygyny bilmeli we ondan ruhy iýmit aljakdygyna ynanmaly. Diňe şondan soňra Kurany okamak üçin eline almaly.

**Kuran okanyňda nämä üns bermeli?**

Kuran Allanyň kelamy bolany üçin, oňa sowuk-sala çemeleşmekden ägä bolmaly. Ony okamak üçin eline alan adam özüni juda agras hem edepli alyp barmaly. Kişiniň Kurana goýýan hormaty onuň hal-hereketlerinde ýüze çykýar. Kuran okamagyň edebi bilen bagly şulary aýtmak bolar:

1. Kuran okanyňda ýüzüňi kybla öwrüp, dyza çöküp oturmaly. Sebäbi şeýdip oturmak Kurana goýulýan hormaty aňladýar.
2. Kurany çyn ýürekden berilmek bilen okamaly. Aýagyňy biri-biriniň üstüne atyp oturmaly däl. Beýdip oturmak Kuranyň ýanynda özüňi ulumsy tutmakdyr. Şägirdiň tagzym bilen halypasynyň öňüne geçip oturşy ýaly, Kuran okaýan kişi hem älem-jahanyň beýik Ýaradyjysynyň öňüne geçip oturýandygyny asla ýatdan çykarmaly däldir. Çünki Allany görmesegem ol biz görýär.
3. Ýüzüňi kybla öwrüp, dyz çöküp okalanda Kurana uly hormat goýuldygy bolýandygyny ýokarda belläp geçipdik. Şeýle-de bolsa sylag-hormatyň çägini saklamak şerti bilen aýak üstünde, ýassanyp ýa-da gyşaryp Kuran okamaga rugsat berilýär. Sebäbi Kurany Kerimde: «*Olar dik durkalar, otyrkalar, gapdala gyşaryp ýatyrkalar hem Allany zikr edýärler*»[115] diýilýär. Aýatda sanalýan tertibe görä, nepil ýa-da parz, tapawudy ýok, namazda aýak üstünde okalanda Kuranyň sogaby iň ýokary derejä eýe bolýar. Sogap derejesi boýunça ikinji orunda bolsa, oturyp okamak, ondan soňam gyşaryp okamaklyk gelýär.
4. Kuran okanyňda üsti-başyň arassa bolmaly. Hatda Kurana goýlan hormatyň nyşany hökmünde kelläňi we egniňi ýapýan lybas geýmek has ýagşydyr. Ulamalaryň käbiri sellesini soranyp, donunam geýenlerinden soň Kuran okapdyrlar.
5. Hoşboý ysly atyr sepinmeli. Ýagdaý tapylsa, Kuran okalýan ýerde buhur ýakmaly.
6. Kuran okaýan kişi göwresini asuda saklamaly we Kuran okamagyň edebine sygmaýan hal-hereketlerden daş durmaly.

[114] Tirmizi, «Fedâilü'l-Kuran», 14
[115] Äli-Ymran süresi, 3/190-191

7. Kuran okap oturan kişiniň pallasy gelse, onda ol okamagy bes etmeli we pallap bolandan soňra okamaga dowam etmeli. Sebäbi pallamak şeýtandan diýlen ynanç bar.
8. Kuran okaýan kişi Kurany döşüne ýakyn tutmaly ýa-da öňünde beýigräk bir zadyň üstünde goýmaly.
9. Kuran okaýan kişi özüni ýeňles alyp barmaly däl. Gülmeli däl we zerur bolmasa gürlemeli däl.

**Ýatan ýeriňden Kurany diňlese bolýarmy?**

Kurany Kerimde şeýle diýilýär: «*Olar dik durkalar, otyrkalar, gapdala gyşaryp ýatyrkalar hem Allany zikir edýärler. Olar asmanlaryň we ýeriň ýaradylyşy barada oýlanyp: «Eý, Perwerdigärimiz! Sen muny boş ýere ýaratmadyň. Biz seni tesbih edýäris! Sen bizi dowzah azabyndan gora!*» *diýerler* »[116] Kuranyň şu aýatyndan görnüşine görä, aýak üstünde durka, oturka we gyşaryp ýatyrka Allany ýatlaýan kişiler mazamlanýar. Kuran okamak iň uly zikir hasaplanýar. Şonuň üçin, adatça, gyşaryp ýatan kişiniň Kuran okamagy ýa-da diňlemägi ýalňyş däldir. Megerem, Allanyň kelamyna äsgermezlik edip, Kurany gyşaryp okaýan ýa diňleýän ýok bolsa gerek. Şeýle-de bolsa, eger başga biri görende muny äsgermezlik diýip düşünjek bolsa, onda gyşaryp Kuran okalmasa ýagşy.

Onsoňam, Allanyň kelamy gulagymda ýaňlansyn dursun diýip pikir edýän kişi, elbetde, gezip ýörkä-de, otyrka-da we ýatyrka-da Kuran diňläp biler. Emma Kurana goýýan hormatyndan ýaňa beýle hereketleri özüçe dogry hasaplamaýan juda seresaply kişilerdenem iki-ýeke tapylmagy ahmal. Olar her gezek Kuran okajak bolanda täret alýarlar, ýüzlerini kybla öwrüp, dyz çöküp oturýarlar. Kuran diňlemek üçinem şeýdýärler. Gepiň keltesi, ýatyp Kuran diňlemek ýalňyş dälem bolsa, muny özleriçe ýalňyş hasaplaýanlar ýatyp Kuran diňlemesin.

**Hemme ýerde Kuran okap bolýarmy?**

Hemme ýerde Kuran okalmaýar. Meselem: mesjitde Kuran okalsa sogaby uludyr. Sebäbi mesjit Allanyň nazar salan ýeri. Emma hammamdyr hajathana ýaly tämiz bolmadyk ýerde Kuran okamak mekruhdyr. Ulamalaryň käbiri Kuran okamaga sowuk-sala çemeleşilmeginiň kişini dinden sowatmagynyň ahmaldygyny aýdýarlar. Şonuň üçin Kuran okap otyrkaň ünsüňi hiç zat bölmez ýaly, asuda ýer bolsa has gowy. Elbetde, munuň bilen bir hatarda ulus-ile görelde bolmak üçin köpçüligiň arasynda hem Kuran okalsa ýa-da diňlense bolar. Meselem: ulagly bolsaň, ýolda wagtyňy boş geçirmän Kuran diňleseň has ýagşy bolar.

**Kuran okamagyň belli bir wagty barmy?**

Kişi şähdiniň açyk hem-de özüni gowy duýýan wagty Kuran okamaly. Pygamberimiz (s.a.w) hadyslarynyň birinde: *«Kimde-kim gije turup Kuran okanda dili çolaşyp näme okaýanyna düşünmän ugrasa, derrew ýerine geçip ýatsyn»*[117] diýip, bu mesele barada aýdyp geçipdir. Sebäbi kişi ýarym ukuda ýa-da ýadaw halda Kurany ýalňyş okap bilýär. Okaýan aýatlaryna ünsüni jemläp bilmeýär.

Galyberse, adamyň gündüz işi-aladasy ýetik bolýar. Şonuň üçin gije, dünýäniň dert-azaryny egniňde sypyryp aýranyňdan soňra Kuran okamak has sogaplydyr.

---

[116] Äli-Ymran süresi, 3/191

[117] Müslim, «Salatu’l-müsafir», 223

Hadyslaryň birinde Allah Resuly (s.a.w): *«Kim her gün gije Kurandan okamaga endik eden bölegini (hizbini) okaman ýatsa, şony ertir namazy bilen öýle namazynyň arasynda tamamlasyn. Şonda ol edil gije hemişeki okaýan wagtynda okan ýaly sogap gazanar»*[118] diýýär. Pygamberimiziň (s.a.w) bu sözlerinden Kuran gije okalanda has sogaply bolýandygy barada hököm gelip çykýar.

**Aýbaşyly zenan Kuran okap bilýärmi?**

zenan Kurany Kerimiň «*Oňa diňe tämiz bolanlar el degrip biler*»[119] aýatynyň talabyna laýyklykda jünüplik ýagdaýyndaky kişi ýa-da aýbaşyly zenan Kurana el degrip bilmeýär, şeýle-de süredir aýatlary ýatdan okap bilmeýär. Çünki Pygamberimizem (s.a.w): «*Aýbaşyly zenan-da, jünüp kimse-de Kurandan zat okap bilmez*»[120] diýipdir. Emma şeýle ýagdaýdaky kişilere Kuran diňlemäge, oňa seretmäge we aýatlaryň manylary dogrusynda pikir ýöretmäge rugsat bardyr.

El degirmezlik ýagdaýy Kuranyň sahypalarynda hatyň ýerleşýän bölegine, hatsyz boş galan ýerlere we onuň daşyna gaplanan sahaba degişli. Bu diňe Kuran üçin şeýle. Emma suratda, pulda, diwarda, tefsir ýa hadys kitaplarynda diňe Kuran aýatlarynyň ýazylan ýerine el degirmek haram, galan ýere el degirmek bolýar.

Kurany Kerimi aýratyn bir zat bilen, meselem, onuň daşyna tutulmadyk gaýyş bilen ýa-da köýnegiň ýeňi bilen ellemäge rugsat bar. Şeýle-de bolsa, köýnegiň ýeňi bilen ellemegi mekruh hasaplaýanlaram bar. Sebäbi olaryň garaýşyna görä, Kuranyň daşyna tutulan gaýyş Kuranyň bir bölegi bolup durýan bolsa, adamyň egnindäki köýnegi hem onuň bir bölegi bolup durýar.

**Aýallar başyny ýapman Kuran okasa bolýarmy?**

Kuran okanyňda hökman başyň ýapyk bolmaly diýen şert ýok. Emma baş açyk Kuran okamak Kuran okamagyň edebine ters gelýär. Şonuň üçinem Kuran okanyňda eger ýagdaýyny tapsaň, başyňy örtjek bolmaly. Eger başyňy örtmäge mümkinçilik ýok bolsa, (diýeli ýaglyk daňynmaga rugsat berilmeýän ýerde işleýän bolsaň) ondan Kuran okaman gezeniňden ony okap, düşünmäge çalyşmak has ibalydyr.

**Kuran öwredýän zenan mugallym aýbaşysy gelse näme etmeli?**

Aýal-gyzlara Kuran öwredýän zenan mugallym bili gelen wagty ýagdaýyny tapsa, öz ýerine okadyp biljek başga birini tapmaly. Eger öz ýerine biri tapylmasa, hanefi ulamalaryndan Ymam Kerhi bilen Ymam Tahawynyň fetwalaryna laýyklykda Kuran okatmagy dowam etmeli. Ymam Kerhi mugallym zenan aýbaşy wagty Kuran öwredende sözlemleri sözme-sözläp, Ymam Tahawy bolsa aýaty ikä bölüp okasaga bolar diýip aýdýar[121]. Şeýle-de bolsa, aýbaşy däl wagty jünüp bolan mugallym zenana bu fetwadan peýdalanyp bilmeýär. Ýagny ol sözlemleri sözme-sözläp okabam, Kuran öwredip bilmeýär.

**Aýallar Kurany daşyndan okasa bolýarmy?**

Ilkibaşda, Kuranyň daşyndan okalmagy barada gysgaça maglumat bereliň. Kuranyň daşyňdanam, içiňdenem okap bolýandygy bilen bagly rowaýatlar bar. Abdullah ibn Ebi Kaýs musulmanlaryň enesi hezreti Äşä (r.a) Allah Resulynyň (s.a.w) Kurany içindenmi ýa daşyndan, nähili okandygyny sorapdyr. Hezreti Äşe: *«Iki hili hem*

---

[118] Nesaýy, «Kyýâmu'l-leýl», 65

[119] Wakyga süresi, 56/79

[120] Tirmizi, «Tahâret», 98

[121] Ibn Nüjeým, «el-Bahru'r-Râik», 2/56

*okardy. Käte içinden, kätede daşyndan okardy»* diýip jogap beripdir. Sowaly soran sahaba bu jogaby eşidip: «*Bize şeýle ýeňillik döreden Allaha hamd bolsun*» diýipdir[122].

Kurany Kerimiň «*Namaz okanyňda sesiňi gataltma-da, peseltme-de! Bu ikisiniň arasynda bir ýoly tut!*»[123] diýen aýatynda Allatagala bize Kuran okalanda orta ýoldan gitmegi buýurýar. Pygamberimiz (s.a.w) mesjitde itikaf edýän mahaly Kuranyň uly ses bilen p okalýandygy eşidip allaniçigsi bolupdyr we itikaf edýän otagynyň serpigini galdyryp şeýle diýipdir: «*Her kimiňem Allaha aýratyn mynajat edip dileg edýänini ýatdan çykarmaň! Sesiňiz bilen birek-biregi biynjalyk etmäň. Okanyňyzda sesiňiz özgäniň sesini basmasyn!*»[124] Diýmek, Kuran okaýan kişi, ilkinji nobatda, sesini aşa gataltmak bilen özgäni biynjalyk etmekden ägä bolmaly.

Galyberse, Ymam Gazaly Kurany Kerimi içiňden ýa daşyňdan okamagyň sogaplary baradaky hadyslary sanap geçenden soňra olara şeýle düşündiriş beripdir: «*Kurany içiňden okasaň adamlara özüňi görkezjek bolmak belasyndan daşrak bolýaň. Şonuň üçin bu belaga mübtela bolmakdan wehim edýän kişiniň Kurany içinden okamagy has sogaplydyr. Eger mundan wehim edilmeýän bolsa we namaz okap duran kişini ýalňyşdyryp biljek ýagdaý ýüze çykmajak bolsa, onda Kurany daşyňdan okamak has sogaplydyr. Sebäbi daşyňdan okamak has hupbatlydyr, onsoňam Kuran okaýan kişiniň özüne-de, diňläp oturanlara-da nepi deger. Kuranyň daşyňdan owaz bilen okalmagy okaýan kişiniň (karynyň) gönüden-göni ruhuna täsir edýär, onuň başga zatlary eşitmeginiň öňüni alýar we diňe okap oturan aýatlary hakda pikir etmegini ýola goýar. Daşyndan okamak bilen kişi ukudan açylýar we onuň okamaga bolan höwesi artdyrar. Birem ýene daşynda okalanda diňläp oturanlarda hem Kuran okamaga bolan höwes döräp bilýär. Ýa bolmasa, ýatan adam Kuran okalýandygyny eşidip, ýerinden turar, belki, namaz okar*»[125] Şeýlelikde daşyndan Kuran okan kişi özgelere görelde bolar.

Bu aýdylanlaryň ählisi erkek adamlar bilen bir hatarda ýanynda ýat erkek adam bolmadyk aýallara hem degişlidir. Eger aýal maşgala Kurany sesli okan ýagdaýynda sesi keseki adamlara eşidiljek bolsa, onda ol Kurany içinden okamaly. Aýalyň sesiniň onuň üçin uýat bolýandygy ýa bolmaýandygy barada her näçe gapma-garşy pikirler baram bolsa, aýal maşgalalara bu meselede ätiýajy elden bermezlik maslahat berilýär.

## ZENANLARA MAHSUS KÄBIR MESELELER

### Aýbaşy («Haýyz»)

«Haýyz» arap dilinde «akym» diýen manyny aňladýar. Fykyh terminologiýasynda bolsa, kämillik ýaşyna ýeten aýallaryň ýatgysyndan gelýän gana «haýyz» diýilýär. Aýalyň ýatgysyndan gan akyp başladygy, ol aýbaşy (haýyz) bolýar.

[122] Tirmizi, «Salât», 330
[123] Isra süresi, 17/110
[124] Ebu Dawut, «Salât», 315
[125] Ymam Gazaly, «Ihýa-u ulûmi'd-din», 3/317

Buhary kitabyna diňe rawylar zynjyry hiç ýerde üzülmeýän hadyslary girizipdir.
Şerigatyň bu mesele baradaky hökümi
hakynda hemme alymlaryň pikiri birmeňzeş
gurban kesmegiň hökümi barada dürli pikirleri orta atypdyrlar.
Aýal maşgalanyň enelik alamatyndan gan gelýär.
Sünnete ters gelýän

Mundan zenanlaryň aýry sapda durmaklarynyň hökmandygyny aňlamak mümkin bolşy ýaly, jemagatyň yzynda zenanlaryň aýratynlykda ymama eýermekleriniň gadagan däldigi barada netije çykaryp bolar.

juma namazynyň parzdygy kitap, sünnet we alymlaryň pikiriniň birligi (ijma) tarapyndan tassyklanypdyr.

Şerigat boýunça beýtmäge ýol berilmeýär.

Şerigatyň ynsanyň üstüne ýüklän borçlary

Alymlaryň gelen umumy pikirine görä

Umuman berlen hökümiň şol umumylyga degişli adamlaryň her biri babatda dogry hasaplanmagy göwnejaý däldir

Namazyň içiňden okalmaly ýerinde içiňden okamak namazyň dogry bolmagynyň şertleriniň arasynda sanalmandyr

Başga bir rowaýatdan görnüşine görä, dört rekagat namazlaryň soňky iki rekagaty hijretden bir ýyl soňra parz edilipdir.

şu hadysdan doly bir süre okamagyň has uzyn süreden şol mukdardaky aýaty-kerime okandan gowudygy aňlanylýar

Bu hadysy-şerifden yhrama gireňde gowy ysly närseleri sepinmegiň sogapdygy we soňra yhramdan şol yslaryň gelip durmagynda zyýan ýokdugy belli bolýar.

Hadysy Delil tutunmak

Bu hadysyň arapça metinindäki «kullelleýli» jümlesi

. Şoňa laýyklykda, juma namazynyň parzdygy kitap, sünnet we alymlaryň pikiriniň birligi (ijma) tarapyndan tassyklanypdyr.

Harurylar Kufe dagynyň golaýyndaky Harura diýilýän ýerde ýaşaýan haryjylaryň bir bölegidir. Bu taýpanyň şol ýerde emele gelendigi üçin, olara harurylar diýlipdir.
Bular din buýruklaryny güýçlendirmek bahanasy bilen örän ýalňyş delillere daýanypdyrlar. Harurylar aýbaşysy gelen aýallaryň terk eden namazlarynyň kazasyny almaklarynyň wajypdygyna ynanypdyrlar we bu meselede tutuş ymmata garşy durupdyrlar.